Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy

**Aşgabatdaky Merkezi**

# Tussaglara seretmegiň halkara hukuk ülňileri

(Halkara hukuk namalarynyň ýygyndysy)

Aşgabat ş. – 2010 ý.

**MAZMUNY**


Adam hukuklary hakyndaky ählumumy jarnama ... 3
Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakynda halkara ylalaşyk ... 8
Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara ylalaşyk ... 16
Umumy tertipli 6-njy bellik (RSHHY-nyň 6-njy maddasy) ... 31
Umumy tertipli 20-nji bellik (RSHHY-nyň 7-nji maddasy) ... 33
Umumy tertipli 8-nji bellik (RSHHY-nyň 9-njy maddasy) ... 36
Umumy tertipli 21-nji bellik (RSHHY-nyň 10-njy maddasy) ... 38
Umumy tertipli 16-njy bellik (RSHHY-nyň 17-nji maddasy) ... 41
Umumy tertipli 22-nji bellik (RSHHY-nyň 18-nji maddasy) ... 44
Gynamalara we garaýşyň hem-de jezalandyrmagyň rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän görnüşlerine garşy konwensiýa ... 48
Umumy tertipli 2-nji bellik (Gynamalara garşy Konwensiýanyň 2-nji maddasy) ... 59
Gynamalara we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýşyň hem-de jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerine garşy Konwensiýasyna Fakultatiw teswirnama ... 68
Tussaglara seretmegiň minimal standart düzgünleri ... 80
Tussag astynda saklanylýanlara çemeleşmegiň esasy ýörelgeleri ... 97
Daşary ýurtly tussaglara bolan garaýşa degişlilikde maslahatlar ... 100
Haýsydyr bir görnüşde tussag astyna almaklyga ýa-da tussag astynda saklamaklyga sezewar edilýän ähli adamlary goramagyň ýörelgeler ýygyndysy ... 101
Tussag astynda saklanylýan we tussag edilen adamlary gynamalardan we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän çemeleşmegiň beýleki görnüşlerinden goramakda saglygy goraýyş işgärleriň, esasan-da lukmanlaryň ornuna degişli Lukmançylyk Etikasynyň ýörelgeleri ... 111
Hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlaryň özüni alyp barmak hakyndaky Kodeksi ... 115
Ähli adamlary zorlukly ýitirim bolmalardan goramak hakynda jarnama ... 120
Hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar tarapyndan güýji we ot açýan ýaragy ulanmagyň esasy ýörelgeleri ... 126
Birleşen Milletler Guramasynyň azatlykdan mahrum edilen kämillik ýaşyna ýetmedikleri goramaga degişli düzgünler ... 132

# Adam hukuklary hakyndaky ählumumy jarnama

**Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň**
**1948-nji ýylyň 10-njy dekabryndaky 217 A(III) rezolýusiýasy bilen**
**kabul edildi we jar edildi**

---

## GIRIŞ

Ynsan maşgalasynyň ähli agzalaryna mahsus mertebäniň hem-de deň we aýrylmaz hukuklarynyň ykrar edilmegi azatlygyň, adalatlylygyň we ählumumy parahatçylygyň esasy bolup durýanlygyny *nazara alyp*; we

adam hukuklarynyň äsgerilmezliginiň we ýigrenilmeginiň adamzat wyždanyny dergazap edýän wagşyçylykly hereketlere eltendigini we adamlaryň söz we ynam azatlygyna eýe boljak hem-de gorkydan we mätäçlikden azat boljak dünýäsiniň döredilmegi adamlaryň belent yhlasy hökmünde jar edilenligini *nazara alyp*; we

adamyň soňky serişdesi hökmünde zuluma we süteme garşy aýaga galmaga mejbur bolmazlygyny üpjün etmek maksady bilen, adam hukuklarynyň kanunyň häkimiýeti bilen goralmagynyň zerurlygyny *nazara alyp*; we

halklaryň arasynda dostlukly gatnaşyklaryň ösmegine ýardam etmegiň zerurlygyny *nazara alyp*; we

Birleşen Milletleriň halklarynyň Tertipnamada adamyň esasy hukuklaryna, ynsan şahsyýetiniň mertebesine we gymmatlygyna hem-de erkekleriň we aýallaryň deňhukuklylygyna öz ynamyny tassyklanlygyny we azatlygyň has köp bolmagynda durmuş ösüşinde ilerlemä hem-de ýaşaýyş şertleriniň gowulanmagyna ýardam etmäge karar edenligini *nazara alyp*; we

agza döwletleriň Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlykda adam hukuklarynyň we esasy azatlyklarynyň ählumumy hormatlanylmagyna we berjaý edilmegine ýardam bermäge borçlananlygyny *nazara alyp*; we

şu hukuklaryň we azatlyklaryň häsiýetine ählumumy düşünmekligiň şu borçnamany ýerine ýetirmek üçin ägirt uly ähmiýete eýedigini *nazara alyp*,

*<u>Baş Assambleýa</u>*

Adam hukuklary hakyndaky şu ählumumy jarnamasyny ýerine ýetirmegi ähli halklaryň we ähli döwletleriň hyjuwynda bolan wezipe hökmünde *yglan edýär*, şunda her bir adam we jemgyýetiň her bir agzasy şu Jarnamany hemişe göz öňünde tutmak bilen, aň-bilim bermek we bilimi ösdürmek ýoly bilen, şol hukuklaryň we azatlyklaryň hormatlanylmagyna ýardam etmäge çalyşmaly hem-de milli we halkara öňdebaryjy çäreler arkaly, olaryň Guramanyň agza döwletleriniň arasynda bolşy ýaly, öz hukuk ygtyýarlarynyň çäklerindäki ýerlerdäki halklaryň arasynda hem ählumumy hem-de netijeli ykrar edilmegini we amala aşyrylmagyny üpjün etmeli.

### 1-nji madda

Ähli adamlar öz mertebesi we hukuklary babatynda azat we deň bolup dogulýar. Olara aň we wyždan berlen we olar bir-biri babatynda doganlyk ruhunda hereket etmeli.

**2-nji madda**

Her bir adam şu Jarnama bilen yglan edilen ähli hukuklara we ähli azatlyklara jynsy, derisiniň reňki, aýal-erkekligi, dili, dini, syýasy ýa beýleki ygtykatlary, milli ýa-da jemgyýetiň belli bir gatlagyna degişliligi, emläk, asyl babatdaky we beýleki ýagdaýlar ýaly haýsydyr bir tapawutlyklara garamazdan eýe bolmaly.

Ondan başga-da, adamyň degişli bolan sebitiniň garaşsyzdygyna, howandarlykdadygyna, öz-özüni dolandyrmaýandygyna ýa bolmasa öz özygtyýarlylygynda başgaça bir görnüşde çäklendirilendigine garamazdan, ýurduň ýa-da sebitiň syýasy, hukuk ýa bolmasa halkara derejesi esasynda hiç hili tapawutlandyrma edilmeli däldir.

**3-nji madda**

Her bir adamyň ýaşamaga, azatlyga we şahsy eldegrilmesizlige hukugy bar.

**4-nji madda**

Hiç kim gulçulykda ýa-da tabynlykda saklanylmaly däldir, gulçulyk we gul söwdasy olaryň ähli görnüşlerinde gadagan edilýändir.

**5-nji madda**

Hiç kim gynamalara ýa-da rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebesini kemsidýän garaýşa we jeza sezewar edilmeli däldir.

**6-njy madda**

Her adamyň nirede bolýandygyna garamazdan, özüniň hukuk gatnaşyklaryna dahyllylygynyň ykrar edilmegine hukugy bar.

**7-nji madda**

Ähli adamlar kanunyň öňünde deňdir we olaryň hiç hili tapawutsyz, kanunyň deň goragyna hukugy bar. Ähli adamlaryň şu Jarnamany bozýan haýsydyr bir kemsitmeden we şeýle kemsitmä haýsydyr bir öjükdirmeden deň goraga hukugy bar.

**8-nji madda**

Her bir adamyň özüne konstitusiýa ýa-da kanun tarapyndan berlen esasy hukuklary bozulan halatda ygtyýarly milli kazyýetler tarapyndan öz hukuklarynda netijeli dikeldilmegine hukugy bar.

**9-njy madda**

Hiç kim esassyz tussag edilmege, saklanmaga ýa-da sürgün edilmege sezewar edilip bilinmez.

**10-njy madda**

Her bir adamyň öz hukuklaryny we borçlaryny kesgitlemek üçin we özüne bildirilýän jenaýat aýyplanyşyň esaslydygyny anyklamak üçin öz işine adalatlylygyň ähli talaplaryny berjaý etmek bilen garaşsyz we tarapgöýsiz kazyýetiň doly deňlik esasynda aýan garamagyna hukugy bar.

**11-nji madda**

Jenaýat etmekde aýyplanylýan her bir adamyň onuň günäkärligi oňa goranmagyň ähli mümkinçilikleri üpjün edilip geçirilýän aýan kazyýet seljerişi arkaly kanun bilen bellenilen tertipde anyklanylýança günäkär däl diýlip hasap edilmäge hukugy bar.

2. Hiç kime edilen wagtynda milli kanunlar ýa-da halkara hukugy boýunça jenaýat bolup durmaýan nähilidir bir etmiş edenligi esasynda jenaýat üçin ýa-da hereketsizlik üçin iş kesilip bilinmez. Şeýle hem jenaýat edilen wagtda ulanylmagy mümkin bolan jezadan has agyr jeza berlip bilinmez.

**12-nji madda**

Hiç kim öz şahsy we maşgala durmuşyna esassyz gatyşmaga, öz ýaşaýyş jaýynyň eldegrilmesizligine, öz hat-habarlarynyň syryna ýa bolmasa öz namysyna we abraýyna esassyz hyýanat edilmegine sezewar edilip bilinmez. Her bir adamyň şeýle gatyşmakdan ýa-da şeýle hyýanatlyklardan kanunyň goramagyna hukugy bar.

**13-nji madda**

1. Her bir adamyň her bir döwletiň çäklerinde bolýan ýerini erkin üýtgetmäge we ýaşalýan ýeri özüne seçip almaga hukugy bar.

2. Her bir adamyň islendik ýurdy, şol sanda öz ýurduny terk etmäge we öz ýurduna gaýdyp barmaga hukugy bar.

**14-nji madda**

1. Her bir adamyň yzarlamalardan beýleki ýurtlarda gaçybatalga gözlemäge we şol gaçybatalgadan peýdalanmaga hukugy bar.

2. Bu hukukdan hakykatda syýasy bolmadyk jenaýat ýa-da Birleşen Milletler Guramasynyň maksatlaryna we ýörelgelerine ters gelýän etmişleri edenligi esasynda yzarlanylan halatda peýdalanyp bolmaz.

**15-nji madda**

1. Her bir adamyň raýatlyga hukugy bar.

2. Hiç bir adam öz raýatlygyndan ýa-da öz raýatlygyny üýtgetmek hukugyndan esassyz mahrum edilip bilinmez.

**16-njy madda**

1. Kämillik ýaşyna ýeten erkekleriň we aýallaryň jyns, millet ýa-da din tapawudy boýunça hiç hili çäklendirmesiz nikalaşmaga we maşgala gurmaga hukugy bar.

2. Nika diňe nikalaşýan taraplaryň ikisiniň-de erkin we doly razylygy bolan mahaly baglaşylyp bilner.

3. Maşgala jemgyýetiň tebigy we esasy düzüm öýjügidir hem-de onuň jemgyýet we döwlet tarapyndan goralmagyna hukugy bar.

**17-nji madda**

1. Her bir adamyň ýekebara, şeýle hem beýlekiler bilen bilelikde emläge eýelik etmäge hukugy bar.

2. Hiç kim öz emläginden esassyz mahrum edilmeli däldir.

**18-nji madda**

Her bir adamyň pikir, wyždan we din azatlygyna hukugy bar; bu hukuk öz diniňi ýa-da ynamlaryňy üýtgetmek azatlygyny we öz diniňe ýa ynamlaryňa ýekebara, şeýle hem beýlekiler bilen bilelikde-de tälimde, ybadatda we dini we dessur tertiplerini jemagat bolup ýa hususy tertipde ýerine ýetirmek arkaly uýmaklygy öz içine alýar.

**19-njy madda**

Her bir adamyň ynamlaryň azatlygyna we olary erkin beýan etmekligine hukugy bar; bu hukuk öz ynamlaryna bökdençsiz eýermek azatlygyny we maglumatlary we pikirleri islendik serişdeler arkaly we döwlet serhetlerine garamazdan gözlemek, almak we ýaýratmak azatlygyny öz içine alýar.

**20-nji madda**

1. Her bir adamyň parahat ýygnaklara we birleşmelere hukugy bar.
2. Hiç kim nähilidir bir birleşmä girmäge mejbur edilip bilinmez.

**21-nji madda**

1. Her bir adamyň öz ýurdunyň dolandyrylyşyna gönüden-göni ýa bolmasa erkin seçilen wekilleriň üsti bilen gatnaşmaga hukugy bar.
2. Her bir adamyň öz ýurdunda döwlet gullugyna deň ygtyýarynyň bolmagyna hukugy bar.
3. Halkyň erk-islegi hökümet häkimiýetiniň esasy bolmalydyr; şol erk-isleg döwürleýin we galplaşdyrylmadyk saýlawlarda öz beýanyny tapmalydyr, olar ählumumy we deň saýlaw hukugynyň bolmagynda, gizlin ses bermek arkaly ýa bolmasa ses bermegiň azatlygyny üpjün edýän beýleki barabar görnüşler arkaly geçirilmeli.

**22-nji madda**

Her bir adamyň jemgyýetiň agzasy hökmünde durmuş üpjünçiligine we ykdysadyýet, durmuş we medeniýet babatlarda milli tagallalar we halkara hyzmatdaşlygy arkaly we her bir döwletiň gurluşyna we serişdelerine laýyklykda öz mertebesiniň saklanylmagy üçin hem-de öz şahsyýetiniň erkin ösmegi üçin zerur hukuklarynyň amala aşyrylmagyna hukugy bar.

**23-nji madda**

1. Her bir adamyň zähmete, işi erkin seçip almaga, adalatly we amatly zähmet şertlerine we işsizlikden goralmaga hukugy bar.
2. Her bir adamyň kemsidilmesiz deň zähmet üçin deň tölege hukugy bar.
3. Her bir işleýäniň onuň özi we onuň maşgalasy üçin adama mynasyp güzerany üpjün edýän we zerur mahaly durmuş üpjünçiliginiň beýleki serişdeleri bilen üsti ýetirilýän adalatly we kanagatlanarly tölege hukugy bar.
4. Her bir adamyň öz bähbitlerini goramak üçin kärdeşler arkalaşyklaryny döretmäge we kärdeşler arkalaşyklaryna girmäge hukugy bar.

**24-nji madda**

Her bir adamyň dynç almaga we iş-aladalardan boş bolmaga, şol sanda iş wagtynyň paýhasa laýyk çäklendirilmegine we hak tölenilýän döwürleýin rugsada hukugy bar.

**25-nji madda**

1. Her bir adamyň özüniň we maşgalasynyň saglygyny we hal-ýagdaýyny saklamak üçin zerur bolan ýaşaýyş derejesine, şol sanda iýmite, egin-eşige, ýaşaýyş jaýyna, lukmançylyk idegine hukugy, we işsizlik, kesel, maýyplyk, dul galmak, garramak halatda ýa-da güzeran çeşmesini özüne bagly bolmadyk ýagdaýlar sebäpli ýitirmegiň beýleki halatlarynda üpjünçilige hukugy bar.
2. Enelik we bäbeklik aýratyn howandarlyga we kömege hukuk berýär. Nikada ýa-da nikasyz doglan ähli çagalar birmeňzeş durmuş goragyndan peýdalanmalydyr.

**26-njy madda**

1. Her bir adamyň bilime hukugy bar. Bilim iň bolmanda başlangyç we umumy bilim babatda mugt bolmalydyr. Başlangyç bilim hökmany bolmalydyr. Tehniki we hünärment bilimi umumylykda elýeter bolmalydyr we ýokary bilim her bir adamyň ukyplary esasynda hemmeler üçin elýeter bolmalydyr.

2. Bilim adamyň şahsyýetiniň doly ösmegine we adam hukuklaryna we esasy azatlyklaryna hormatyň artmagyna gönükdirilen bolmalydyr. Bilim ähli halklaryň, jynsy we dini toparlaryň arasynda özara düşünişmäge, geçirimlilige we dostluga ýardam etmelidir we Birleşen Milletler Guramasynyň parahatçylygy saklamak baradaky işine ýardam bermelidir.

3. Ata-eneleriň öz kiçi ýaşly çagalary üçin bilimiň görnüşini seçip almakda artykmaç hukugy bar.

**27-nji madda**

1. Her bir adamyň jemgyýetiň medeni durmuşyna erkin gatnaşmaga, sungatdan lezzet almaga, ylmy ilerlemä gatnaşmaga we onuň eşretlerinden peýdalanmaga hukugy bar.

2. Her bir adamyň özi döredijisi bolan ylmy, edebi ýa-da çeperçilik eserleriniň netijesi bolup durýan öz ahlak we maddy bähbitleriniň goralmagyna hukugy bar.

**28-nji madda**

Her bir adamyň şu Jarnamada beýan edilen hukuklar we azatlyklar doly amala aşyrylyp bilner ýaly durmuş we halkara ýagdaýyna hukugy bar.

**29-njy madda**

1. Her bir adamyň jemgyýetiň öňünde borçlary bar, onuň şahsyýetiniň erkin we doly ösmegi diňe şol jemgyýetde mümkindir.

2. Öz hukuklaryny we azatlyklaryny amala aşyran mahaly her bir adam kanun arkaly diňe beýlekileriň hukuklarynyň we azatlyklarynyň geregiçe ykrar edilmegini we hormatlanylmagyny hem-de demokratik jemgyýetde ahlagyň, jemgyýetçilik tertibiniň we umumy abadançylygyň adalatly talaplarynyň kanagatlandyrmagyny üpjün etmek maksady bilen bellenilen çäklendirmelere sezewar edilmelidir.

3. Bu hukuklaryň we azatlyklaryň amala aşyrylmagy hiç bir halatda Birleşen Milletler Guramasynyň maksatlaryna we ýörelgelerine ters gelmeli däldir.

**30-njy madda**

Şu Jarnamada hiç bir zat haýsydyr bir döwlete, adam toparyna ýa-da aýry-aýry adamlara şu Jarnamada beýan edilen hukuklary we azatlyklary ýok etmäge gönükdirilen iş bilen meşgullanmaga ýa-da hereketleri amala aşyrmaga hukugyň berilmegi hökmünde düşündirilmeli däldir.

# Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakynda halkara ylalaşyk

*Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1966-njy ýylyň 16-njy dekabryndaky 2200 A (XXI) rezolýusiýasy bilen kabul edildi 1976-njy ýylyň 3-nji ýanwarynda güýje girdi*

---

Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler,

Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasy bilen jar edilen ýörelgelere laýyklykda ynsan maşgalasynyň ähli agzalaryna mahsus mertebäniň hem-de olaryň deň we aýrylmaz hukuklarynyň ykrar edilmegi azatlygyň, adalatlylygyň we ähli umumy parahatçylygyň esasy bolup durýandygyny *nazara alyp*,

bu hukuklaryň adam şahsyýetine mahsus mertebeden gelip çykýandygyny *ykrar edip*,

Adam hukuklary hakyndaky ählumumy jarnamasyna laýyklykda, gorkudan we mätäçlikden azat bolan azat adam şahsyýeti hakyndaky beslenýän arzuwyň diňe her bir adam özüniň ykdysady, durmuş we medeni hukuklaryndan, hut şonuň ýaly-da özüniň raýat we syýasy hukuklaryndan peýdalanar ýaly şertler döredilende hasyl boljakdygyny *ykrar edip*,

Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasy boýunça döwletleriň adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň ählumumy hormatlanylmagyny we berjaý edilmegini höweslendirmäge borçludygyny *nazara alyp*,

her bir aýratyn adamyň beýleki adamlar babatda we özüniň degişli bolan köpçülik babatda borçlary bolmak bilen, şu Ylalaşykda ykrar edilýän hukuklaryň höweslendirilmegini we berjaý edilmegini gazanmalydygyny *nazara alyp*,

şu aşakdaky maddalar hakynda *ylalaşýarlar*:

## I BÖLEK

### *1-nji madda*

1. Ähli halklaryň öz ykbalyny kesgitlemäge hukugy bar. Şu hukugyň esasynda olar öz syýasy derejesini erkin belleýär we öz ykdysady, durmuş we medeni ösüşini erkin üpjün edýär.

2. Ähli halklar öz maksatlaryna ýetmek üçin öz tebigy baýlyklaryna we serişdelerine iki taraplaýyn peýda ýörelgesine esaslanan halkara ykdysady hyzmatdaşlygyndan we halkara hukugyndan gelip çykýan haýsydyr bir borçlaryna zyýan ýetirmezden erkin ygtyýar edip bilýär. Hiç bir halk hiç bir halatda özüne degişli güzeran serişdelerinden mahrum edilip bilinmez.

3. Şu Ylalaşyga gatnaşýan ähli döwletler, şol sanda olaryň öz-özüni dolandyrmaýan we howandarlykdaky ýerleri dolandyrmak üçin jogapkärçilik çekýänleri, Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň düzgünlerine laýyklykda, öz ykbalyny kesgitlemek hukugynyň amala aşyrylmagyny höweslendirmelidir we şol hukuga hormat goýmalydyr.

## II BÖLEK

### *2-nji madda*

1. Şu Ylalaşyga gatnaşýan her bir döwlet ýekelikde hem-de halkara kömegi we hyzmatdaşlygy, hususan-da, ykdysadyýet we tehniki babatlardaky şeýle kömek we hyzmatdaşlyk tertibinde şu Ylalaşykda ykrar edilýän hukuklaryň kem-kemden doly amala aşyrylmagyny üpjün etmek üçin çäreleri ähli degişli usullar arkaly, hususan-da, kanunçylyk çäreleriň kabul edilmegini goşanda, özünde bar bolan serişdeleriň mümkingadar derejesinde amala aşyrmaga borçlanýar.

2. Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler, şu Ylalaşykda jar edilen hukuklaryň jynsy, derisiniň reňki, aýal-erkekligi, dili, dini, syýasy ýa-da beýleki ynamlary, milleti ýa jemgyýetiň belli bir gatlagyna degişliligi, emläk ýagdaýy, dogulmagy we beýleki ýagdaýlar ýaly alamatlar boýunça hiç bir kemsitmesiz amala aşyryljakdygyny kepillendimäge borçlanýar.

3. Ösýän ýurtlar adam hukuklaryny we azatlyklaryny hem-de öz halk hojalygyny geregiçe nazara alyp, şu Ylalaşykda ykrar edilýän ykdysady hukuklary öz raýatlary bolmadyk adamlara nähili derejede kepillenidirp biljekdigini kesgitläp biler.

***3-nji madda***

Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler erkeklere we aýallara şu Ylalaşykda göz öňünde tutulan ähli ykdysady, durmuş we medeni hukuklardan deň peýdalanmak hukugyny üpjün etmäge borçlanýar.

***4-nji madda***

Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler ol ýa-da beýleki döwletiň şu Ylalaşyga laýyklykda üpjün edýän hukuklaryň peýdalanylyşyna degişlilikde, bu döwlet diňe kanun bilen kesgitleniýän çäklendirmeleri hem-de diňe şol görkezilen hukuklaryň asylky manysyna laýyk gelýän derejede we diňe demokratik jemgyýetde umumy abadançylyga ýardam bermek maksady bilen girizip biljekdigini ykrar edýär.

***5-nji madda***

1. Şu Ylalaşykda hiç bir zat haýsydyr bir döwletde, haýsydyr bir toparda ýa-da haýsydyr bir adamda şu Ylalaşykda ykrar edilen islendik hukuklary ýa azatlyklary ýok etmäge, ýa bolmasa olary şu Ylalaşykda göz öňünde tutulanyndan köp derejede çäklendirmäge gönükdirilen haýsydyr bir iş bilen meşgullanmaga ýa haýsydyr bir hereketleri etmäge hukugynyň bardygyny aňladýan hökmünde düşündirilip bilinmez.

2. Haýsydyr bir ýurtda kanunyň, konwensiýalaryň, kadalaryň ýa-da däp-dessurlaryň güýjüne ykrar edilýän ýa bar bolan adamyň esasy hukuklarynyň şu Ylalaşykda şeýle hukuklaryň ykrar edilmeýänligi ýa olaryň onda has az derejede ykrar edilýänligi bahanasy bilen hiç hili çäklendirilmegine ýa-da kemsidilmegine ýol berilmeýär.

## III BÖLEK

***6-njy madda***

1. Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler her bir adamyň özüniň erkin seçip alýan we erkin ylalaşýan zähmeti bilen öz ýaşaýşy üçin gazanmaga mümkinçilik almak hukugyny öz içine alýan zähmet üçin hukugy ykrar edýär hem-de şu hukugy üpjün etmek ugurda gerekli çäreleri görer.

2. Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletleriň şu hukugy doly amala aşyrmak maksady bilen görmeli çäreleri hünär-tehniki okuw we taýýarlyk maksatnamalaryny, adamyň esasy syýasy we ykdysady hukuklaryny kepillenidirýän şertlerde gyşarnyksyz ykdysady, durmuş we medeni ösüşi hem-de önümçilikde iş bilen doly üpjünçiligi gazanmagyň ýollaryny we usullaryny öz içine alýar.

***7-nji madda***

Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler her bir adamyň zähmetiň adalatly we amatly şertlerine bolan hukugyny ykrar edýär, hususan-da, şu aşakdakylary goşanda:

a) iň bolmanda ähli zähmetkeşlere şulary üpjün edýän tölegi:

i) gymmaty deň zähmet üçin adalatly iş hakyny we haýsydyr bir tapawudyň bolmazlygynda deň tölegi, üstesine-de, hususan-da, aýallara deň zähmet üçin

deň töleg bilen, erkekleriň peýdalanýan şertlerinden erbet bolmadyk zähmet şertleri kepillendirilmelidir;

ii) şu Ylalaşygyň kararlaryna laýyklykda olar üçin we olaryň maşgalalary üçin kanagatlanarly güzerany;

b) howpsuzlygyň we gigiýenanyň talaplaryna laýyk gelýän iş şertlerini;

c) işde hemmeler üçin degişli has ýokary basgançaklara diňe zähmet stažy we hünärliligi esasynda ösmäge deň mümkinçiligi;

d) dynç alyş, boş wagty we iş wagtynyň göwnejaý çäklendirilmegini hem-de tölegli döwürleýin rugsady, hut şonuň ýaly-da, baýramçylyk günleri üçin tölegi.

### *8-nji madda*

1. Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler şulary üpjün etmäge borçlanýar:

a) her bir adamyň öz ykdysady we durmuş bähbitlerini amala aşyrmak üçin kärdeşler arkalaşyklaryny döretmek hem-de olara öz seçip almagy boýunça degişli guramanyň kadalaryny berjaý etmek baradaky ýeke-täk şert bilen girmek hukugyny. Bu hukukdan peýdalanmaga kanunda göz öňünde tutulanlardan hem-de demokratik jemgyýetde döwletiň howpsuzlygynyň ýa-da jemgyýetçilik tertibiniň bähbitleri üçin ýa bolmasa beýlekileriň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin zerur bolanlardan başga hiç hili çäklenderimeler degişli däl;

b) kärdeşler arkalaşyklarynyň milli federasiýalary ýa-da konfederasiýalary döretmek hukugyny hem-de soňky aýdylanlaryň halkara kärdeşler guramalaryny döretmek ýa-da şonuň ýalylara goşulmak hukugyny;

c) kärdeşler arkalaşyklarynyň kanunda göz öňünde tutulanlardan hem-de demokratik jemgyýetde döwletiň howpsuzlygynyň ýa-da jemgyýetçilik tertibiniň bähbitleri üçin ýa bolmasa beýlekileriň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin zerur bolanlardan başga hiç hili çäklendermesiz bökdençsiz hereket etmek hukugyny;

d) her bir ýurduň kanunlaryna laýyklykda amala aşyrmak şerti bilen iş taşlaýyş hukugyny.

2. Şu madda bu hukuklary peýdalanmak babatda döwletiň ýaragly güýçleriniň, polisiýasynyň ýa-da dolandyryş edara düzümine girýän adamlar üçin kanuny çäklendirmeleriň girizilmegine päsgel bermeýär.

3. Şu maddada hiç bir zat 1948-nji ýylda kabul edilen Halkara zähmet guramasynyň birleşmeleriň azatlygy we gurama bolan hukugyny goramak hakyndaky konwensiýasyna gatnaşýan döwletlere şol Konwensiýada göz öňünde tutulan kepillendirmelere zyýan ýetirýän kanunçylyk namalaryny kabul etmäge ýa-da kanuny şol kepillendirmelere zyýan ýetiriler ýaly usulda ulanmaga hukuk bermeýär.

### *9-njy madda*

Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler her bir adamyň durmuş üpjünçiligine, şol sanda durmuş ätiýaçlandyrmasyna bolan hukugyny ykrar edýär.

### *10-njy madda*

Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler şulary ykrar edýär:

1. Jemgyýetiň tebigy we esasy öýjügi bolup durýan maşgala, mümkin boldugyça, iň giň göwrümli gorag we kömek, aýratyn-da ol döredilen mahaly we tä özbaşdak bolmadyk çagalar we olary terbiýelemek hakyndaky alada onuň üstünde bolýança şeýle gorag we kömek berilmeli. Nika nikalaşýanlaryň erkin razylygy boýunça baglaşylmalydyr.

2. Enelere çaga dogurmakdan öňki we soňky göwnejaý döwrüň dowamynda aýratyn gorag berilmelidir. Işleýän enelere şol döwrüň dowamynda hak tölenilýän rugsat ýa-da durmuş üpjünçiligi boýunça ýeterlik hemaýatlar bilen rugsat berilmelidir.

3. Aýratyn gorag we kömek çäreleri maşgala gelip çykyşy ýa-da başga bir alamat boýunça hiç hili kemsitmesiz ähli çagalara we ýetginjeklere degişlilikde görülmelidir. Çagalar we ýetginjekler ykdysady we durmuş ulanyşdan goralan bolmalydyr. Olaryň zähmetiniň olaryň ahlagy we saglygy üçin zyýanly ýa-da jany üçin howply, ýa bolmasa olaryň kadaly ösüşine zyýan ýetirip biljek babatda ulanylmagy üçin kanun boýunça jeza berilýän bolmalydyr. Mundan başga-da, döwletler belli bir ýaşa ýetmedik çagalaryň tölegli zähmetiniň peýdalanylmagyny gadagan etmelidir we bu kadanyň bozulmagy üçin kanun boýunça jeza berilmelidir.

### *11-nji madda*

1. Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler her bir adamyň özi we öz maşgalasy üçin ýeterlik iýmiti, egin-eşigi we ýaşaýyş jaýy öz içine alýan ýeterlik durmuş derejesine hem-de durmuş şertleriniň üznüksiz gowulanmagyna bolan hukugyny ykrar edýär. Gatnaşyjy döwletler şu ugurda erkin ylalaşyga esaslanýan halkara hyzmatdaşlygynyň möhüm ähmiýetini ykrar etmek bilen, bu hukugyň amala aşyrylmagy üçin degişli çäreleri görer.

2. Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler her bir adamyň açlykdan azat bolmak esasy hukugyny ykrar etmek bilen, aşakdakylary amala aşyrmak üçin zerur bolan, anyk maksatnamalaryň geçirilmegini öz içine alýan çäreleri ýekelikde we halkara hyzmatdaşlygy tertibinde amala aşyrar:

a) tehniki we ylmy bilimleri giňden peýdalanmak, iýmitlenmegiň ýörelgeleri hakyndaky bilimleri ýaýratmak we oba hojalyk ulgamlarynda tebigy serişdeleri has netijeli özleşdirmegi we peýdalanmagy gazanar ýaly şekilde olary kämilleşdirmek ýa özgertmek arkaly azyk önümlerini öndürmegiň, saklamagyň we paýlamagyň usullaryny gowulandyrmak; we

b) azyk önümlerini import edýän, şonuň ýaly-da eksport edýän ýurtlaryň hem hajatlaryna laýyklykda we çözmeli meselelerini nazara alyp, dünýädäki azyk gorlaryny adalatly paýlamagy üpjün etmek.

### *12-nji madda*

1. Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler her bir adamyň fiziki hem-de ruhy saglygynyň has ýokary derejesine gazanyp boljak hukugyny ykrar edýär.

2. Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler tarapyndan şu hukugyň doly amala aşyrylmagy üçin görülmeli çäreleri aşakda görkezilen maksatlar üçin zerur bolan işleriň ýerine ýetirilmegini öz içine alýar:

a) öli dogulýan we çaga ölüm sanyny azaltmak we bäbegiň sagdyn ösmegini üpjün etmek;

b) daşky gurşawyň gigiýenasynyň we senagatdaky zähmet gigiýenasynyň ähli jähtlerini gowulandyrmak;

c) epidemik, endemic, hünär we beýleki keselleriň öňüni almak we olary bejermek hem-de olara garşy göreşmek;

d) hemmelere kesel halatynda lukmançylyk kömegini hem-de lukmançylyk idegini üpjün edýän şertleri döretmek.

### *13-nji madda*

1. Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler her bir adamyň bilime bolan hukugyny ykrar edýär. Olar bilimiň adam şahsyýetiniň doly ösmegine we onuň mertebesine düşünmäge gönükdirilmelidigi hem-de adam hukuklaryna we esasy azatlyklaryna hormaty pugtalandyrmalydygy bilen ylalaşýar. Olar şeýle hem bilimiň hemmelere azat jemgyýetiň peýdaly gatnaşyjylary bolmaga mümkinçilik bermelidigi, ähli milletleriň we ähli jynsy, etniki we dini toparlaryň arasynda özara düşünişmäge, geçirimlilige we dostluga hemaýat

bermelidigi we Birleşen Milletler Guramasynyň parahatçylygy goldamak baradaky işine ýardam bermelidigi bilen ylalaşýar.

2. Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler şu hukugyň doly amala aşyrylmagy üçin:

a) başlangyç bilimiň hökmany we hemmeler üçin mugt bolmalydygyny;

b) orta bilimiň dürli görnüşleriniň, şol sanda orta hünär-tehniki bilimiň açyk bolmalydygyny we ähli zerur çäreleri görmek we hususan-da, mugt bilimi kem-kemden girizmek arkaly hemmeler üçin elýeterli edilmelidigini;

c) ýokary bilimiň ähli zerur çäreleriň görülmegi we hususan-da, mugt bilimi kem-kemden girizmek arkaly her bir adamyň ukyplary esasynda hemmeler üçin birmeňzeş elýeterli bolmalydygyny;

d) iň ýönekeý bilim başlangyç bilimini almadyklar ýa-da ony doly tamamlamadyklar üçin mümkin boldugyça höweslendirilmelidigini ýa güýçlendirilmelidigini;

e) ähli derejeli mekdepleriň ulgamy işjeň ösdürilmelidigini, stipendiýalaryň kanagatlanarly tertibi ýola goýulmalydygyny we mugallym işgärleriň maddy şertleri hemişe gowulandyrylmalydygyny ykrar edýärler.

3. Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler ata-eneleriň we degişli halatlarda kanuny hossarlaryň öz çagalary üçin diňe bir döwlet häkimiýetleri tarapyndan döredilen mekdepleri däl-de, eýsem bilim babatda talaplaryň döwlet tarapyndan bellenilip ýa-da tassyklanylyp bilinjek aňryçäk az möçberine laýyk gelýän beýleki mekdepleri-de seçip almak we öz çagalaryna özleriniň ynamlaryna laýyk dini we ahlak terbiýesini üpjün etmek azatlygyny hormatlamaga borçlanýar.

4. Şu maddanyň hiç bir bölegi aýry-aýry adamlaryň we edaralaryň şu maddanyň 1-nji bölüminde beýan edilen ýörelgeleri hem-de şeýle okuw jaýlarynda berilýän bilimiň döwlet tarapyndan bellenilip bilinjek talaplaryň aňryçäk az möçberine laýyk gelmegi baradaky talabyň üýtgewsiz berjaý edilmegi şerti bilen okuw jaýlaryny döretmek we olara ýolbaşçylyk etmek azatlygyny kemsidýän manyda düşündirilmeli däldir.

### *14-nji madda*

Şu Ylalaşyga gatnaşýan, özüniň gatnaşyjylaryň sanyna giren wagtyna çenli öz asylky döwletiniň çäklerinde ýa-da özüniň hukuk ygtyýarlarynyň çäklerindäki beýleki ýerlerde hökmany mugt başlangyç bilimi ýola goýup bilmedik her bir döwlet hökmany mugt ählumumy bilim ýörelgesini kem-kemden - göwnejaý ýyllaryň içinde - durmuşa geçirmek üçin çäreleriň jikme-jik meýilnamasyny iki ýylyň dowamynda işläp düzmäge we kabul etmäge borçlanýar, şol ýyllaryň sany şol meýilnamada görkezilen bolmalydyr.

### *15-njy madda*

Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler her bir adamyň:

a) medeni durmuşa gatnaşmak;

b) ylmy ilerlemäniň netijelerini peýdalanmak we olary iş ýüzünde ulanmak;

c) özi döreden islendik ylmy, edebi ýa-da çeper işler bilen baglanyşykly döreýän ahlak we maddy bähbitleriniň goralmagyndan peýdalanmak hukugyny ykrar edýär.

2. Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletleriň şu hukuk doly amala aşyrylýança görmeli çäreleri ylmyň we medeniýetiň gazananlaryny goramak, ösdürmek we ýaýratmak üçin zerur bolanlary öz içine alýar.

3. Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler ylmy barlaglar we döredijilik işi üçin gürrüňsiz zerur bolan azatlygy hormatlamaga borçlanýar.

4. Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler ylym we medeniýet babatdaky halkara gatnaşyklaryny we hyzmatdaşlygyny höweslendirmekden we ösdürmekden alynýan peýdany ykrar edýär.

## IV BÖLEK

### *16-njy madda*

1. Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler şu Ylalaşykda ykrar edilýän hukuklaryň berjaý edilmegi üçin özleriniň görýän çäreleri hakynda we bu ugurdaky ilerleme hakyndaky çykyşlary şu Ylalaşygyň şu bölegine laýyklykda bermäge borçlanýar.

2. a) Ähli çykyşlar Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna berilýär, ol bolsa olaryň nusgalaryny garamak üçin Ykdysadyýet we Durmuş Geňeşine şu Ylalaşygyň duzgünlerine laýyklykda iberýär;

b) Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary şu Ylalaşyga gatnaşýan ýöriteleşdirilen edaralaryň agzalary bolup durýan döwletleriň çykyşlaryny ýa-da olaryň islendik degişli böleklerini şeýle ýöriteleşdirilen edaralara hem iberýär, sebäbi şeýle çykyşlar ýa-da olaryň bölekleri ýokarda görkezilen edaralaryň borçlarynyň çäklerine olaryň konstitusion namalaryna laýyklykda girýän islendik meselelere degişli bolup durýar.

### *17-nji madda*

1. Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler öz çykyşlaryny Ykdysadyýet we Durmuş Geňeşiniň şu Ylalaşyk güýje girenden soň bir ýylyň dowamynda gatnaşyjy döwletler we dahylly ýöriteleşdirilen edaralar bilen geňeşip belleýän maksatnamasyna laýyklykda tapgyrlaýyn berýär.

2. Çykyşlarda şu Ylalaşyk boýunça borçlaryň ýerine ýetirilmeginiň derejesine täsir edýän şertler we kynçylyklar görkezilip bilner.

3. Eger degişli maglumatlar öň Birleşen Milletler Guramasyna ýa-da haýsydyr bir ýöriteleşdirilen edara şu Ylalaşyga gatnaşýan haýsydyr bir döwlet tarapyndan habar berlen bolsa, onda şol maglumatlary gaýtalamagyň zerurlygy ýok we şeýlelikde habar berlen maglumatlara takyk salgylanma ýeterlik bolar.

### *18-nji madda*

Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasy boýunça özüniň adam hukuklary we azatlyklary babatdaky borçlaryny ýerine ýetirmek üçin Ykdysadyýet we Durmuş Geňeşi şu Ylalaşygyň ýöriteleşdirilen edaralaryň işiniň çygryna degişli kararlarynyň berjaý edilmegini gazanmak ýolundaky ilerleme hakyndaky çykyşlaryň özüne berilmegi barada şeýle edaralar bilen ylalaşyk gazanyp biler. Şol çykyşlar olaryň ygtyýarly gurluşlarynyň şeýle amala aşyryş hakynda kabul edýän çözgütleriniň hem-de tekliepleriniň jikme-jikliklerini öz içine alyp biler.

### *19-njy madda*

Ykdysadyýet we Durmuş Geňeşi döwletler tarapyndan 16-njy we 17-nji maddalara laýyklykda berilýän, adam hukuklaryna degişli bolan we ýöriteleşdirilen edaralar tarapyndan 18-nji madda laýyklykda berilýän, adam hukuklaryna degişli bolan çykyşlary Adam hukuklary baradaky komitete garamak we umumy teklipleri orta atmak ýa-da degişli halatlarda maglumat üçin berip biler.

### *20-nji madda*

Şu Ylalaşyga gatnaşýan dahylly döwletler we dahylly ýöriteleşdirilen edaralar 19-njy madda laýyklykdaky islendik umumy teklip boýunça ýa-da Adam hukuklary baradaky komitetiň islendik çykyşdaky ýa-da şonuň ýaly salgylanma bar bolan islendik resmi kagyzdaky şeýle umumy teklip boýunça bellikleri Ykdysadyýet we Durmuş Geňeşine berip biler.

### *21-nji madda*

Ykdysadyýet we Durmuş Geňeşi umumy häsiýetli teklipler bolan we şu Ylalaşykda ykrar edilýän hukuklaryň ählumumy üpjün edilmegini gazanmak babatda görlen çäreler we gazanylan netijeler hakynda şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletlerden we ýöriteleşdirilen edaralardan alynýan maglumatlar gysgaça beýan edilen çykyşlary Baş Assambleýa wagtal-wagtal berip biler.

***22-nji madda***

Ykdysadyýet we Durmuş Geňeşi şu Ylalaşygyň şu böleginde agzalýan çykyşlar bilen baglanyşykly döreýän, Birleşen Milletler Guramasynyň beýleki edaralarynyň, olaryň kömekçi gurluşlarynyň we tehniki kömek bermek bilen meşgullanýan ýöriteleşdirilen edaralarynyň her biri öz ygtyýarlarynyň çäklerinde şu Ylalaşygyň kem-kemden netijeli durmuşa geçirilmegine ýardam edip biljek halkara çäreleriniň maksadalaýyklygy barada çözgütleri çykaran mahaly, şol edaralara peýdaly bolup biljek islendik meselelere şol edaralaryň ünsüni çekip biler.

***23-nji madda***

Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler şu Ylalaşykda ykrar edilýän hukuklaryň amala aşyrylmagyna ýardam edýän halkara çärelerine konwensiýalary baglaşmak, teklipleri kabul etmek, tehniki kömegini bermek hem-de maslahatlar maksady bilen sebitleýin mejlisleri we tehniki mejlisleri geçirmek, şeýle hem gyzyklanma bildiren hökümetler bilen bilelikde guralan barlaglar ýaly serişdeleriň degişlidigi bilen ylalaşýar.

***24-nji madda***

Şu Ylalaşykda hiç bir zat Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň we ýöriteleşdirilen edaralaryň tertipnamalarynyň Birleşen Milletler Guramasynyň dürli edaralarynyň we ýöriteleşdirilen edaralarynyň şu Ylalaşyga degişli meseleler babatdaky degişli borçlaryny kesgitleýän kararlarynyň ähmiýetini kemsidýän hökmünde düşündirilmeli däldir.

***25-nji madda***

Şu Ylalaşykda hiç bir zat ähli halklaryň öz tebigy baýlyklaryna we serişdelerine doly we erkin eýelik etmäge we olardan peýdalanmaga bolan aýrylmaz hukugynyň kemsidilmegi hökmünde düşündirilmeli däldir.

## V BÖLEK

***26-njy madda***

1. Şu Ylalaşyk Birleşen Milletler Guramasynyň agzasy ýa-da onuň islendik ýöriteleşdirilen edaralarynyň agzasy bolan islendik döwletiň, ýa bolmasa Halkara Kazyýetiniň Statutyna gatnaşyjy islendik döwletiň we Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan şu Ylalaşyga gatnaşmaga çagyrylan islendik beýleki döwletiň gol çekmegi üçin açyk.

2. Şu Ylalaşyk tassyklanylmaga degişli. Tassyklaýyş hatlary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna saklamaga berilýär.

3. Şu Ylalaşyk şu maddanyň 1-nji bölüminde görkezilen islendik döwletiň goşulmagy üçin açyk.

4. Goşulmaklyk ol baradaky resminamanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna saklanylmaga berilmegi arkaly amala aşyrylýar.

5. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary her bir tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň saklanylmaga berilmegi hakynda şu Ylalaşyga gol çeken ýa-da oňa goşulan ähli döwletlere habar berýär.

### *27-nji madda*

1. Şu Ylalaşyk tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň otuz bäşinjisi Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna saklanylmaga berlen gününden başlap üç aýdan güýje girýär.

2. Tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň otuz bäşinjisi saklanylmaga berlenden soň, şu Ylalaşygy tassyklan ýa-da oňa goşulan her bir döwlet üçin şu Ylalaşyk onuň öz tassyklaýyş haty ýa-da goşulmagy hakyndaky resminamasy saklanylmaga berlen gününden başlap üç aýdan güýje girýär.

### *28-nji madda*

Şu Ylalaşygyň kararlary federatiw döwletleriň ähli böleklerine hiç hili çäklendirmelersiz ýa-da aýyrmalarsyz ýaýraýandyr.

### *29-njy madda*

1. Şu Ylalaşyga gatnaşýan islendik döwlet düzedişleri teklip edip we olary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna hödürläp biler. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary soňra şol tekliplere garamak we olar boýunça ses bermekligi geçirmek maksady bilen, gatnaşyjy döwletleriň konferensiýasyny çagyrylmagynyň tarapdarydygyny ýa-da däldigini özüne habar bermegini haýyş edip, islendik teklip edilen düzedişleri şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletlere iberýär. Eger döwleileriň juda bolmanda üçden biri şeýle konferensiýa çagyrylmagynyň tarapdary bolup öz pikirini aýtsa, Baş Sekretar şol konferensiýany Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygy astynda çagyrýar. Şol konferensiýada bolýan we ses bermeklige gatnaşýan gatnaşyjy döwletleriň köplügi tarapyndan kabul edilen islendik düzediş tassyklamak üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasyna hödürlenýär.

2. Düzedişler Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy olary tassyklanyndan we şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletleriň üçden iki böleginden ybarat köplügi olary öz konstitusion tertiplerine laýyklykda kabul edeninden soň güýje girýär.

3. Düzedişler güýje girenden soň, olar şol düzedişleri kabul eden döwletler üçin hökmany bolýar, beýleki gatnaşyjy döwletler üçin bolsa şu Ylalaşygyň kararlary we olar tarapyndan öň kabul edilen islendik düzedişler hökmany bolmagynda galýar.

### *30-njy madda*

26-njy maddanyň 5-nji bölegine laýyklykda berilýän habarnamalara garamazdan, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary hut şol maddanyň 1-nji bölüminde beýan edilýän ähli döwletlere:

a) 26-njy madda laýyklykdaky gol çekmeler, tassyklamalar we goşulmalar;

b) 27-nji madda laýyklykda şu Ylalaşygyň güýje girýän senesi we islendik düzedişleriň 29-njy madda laýyklykda güýje girmeginiň senesi hakynda habar berýär.

### 31-nji madda

1. Iňlis, ispan, hytaý, rus we fransuz dillerindäki tekstleri deň güýje eýe bolan şu Ylalaşyk Birleşen Milletler Guramasynyň arhiwine saklanylmaga berilmäge degişlidir.

2. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary şu Ylalaşygyň güwä geçilen nusgalaryny Ylalaşygyň 26-njy maddasynda görkezilen ähli döwletlere iberýär.

# Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara ylalaşyk

***Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1966-njy ýylyň 16-njy dekabryndaky 2200 A (XXI) rezolýusiýasy bilen kabul edildi***

*1976-njy ýylyň 23-nji martynda güýje girdi*

*Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler,*

Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasy bilen jar edilen ýörelgelere laýyklykda, ynsan maşgalasynyň ähli agzalaryna mahsus mertebäniň hem-de olaryň deň we aýrylmaz hukuklarynyň ykrar edilmegi azatlygyň, adalatlylygyň we ählumumy parahatçylygyň esasy bolup durýandyny *nazara alyp*,

bu hukuklaryň adam şahsyýetine mahsus bolan mertebeden gelip çykýandygyny *ykrar edip*,

Adam hukuklary hakyndaky ählumumy jarnama laýyklykda, raýat we syýasy azatlykdan hem-de gorky we mätäçlik babatdaky azatlykdan peýdalanýan erkin adam şahsyýeti hakynda beslenýän arzuwyň diňe her bir adam özüniň ykdysady, durmuş we medeni hukuklaryndan, hut şonuň ýaly-da özüniň raýat we syýasy hukuklaryndan peýdalanar ýaly şertler döredilende hasyl boljakdygyny *ykrar edip*,

Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasy boýunça, döwletleriň adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň ählumumy hormatlanylmagyny we berjaý edilmegini höweslendirmäge borçludygyny *nazara alyp*,

her bir aýratyn adamyň beýleki adamlar babatda we özüniň degişli bolan köpçüligi babatda borçlary bolmak bilen, şu Ylalaşykda ykrar edilýän hukuklaryň höweslendirilmegini we berjaý edilmegini gazanmalydygyny *nazara alyp*,

şu aşakdaky maddalar hakynda *ylalaşýarlar*:

## I BÖLEK

### *1-nji madda*

1. Ähli halklaryň öz ykbalyny özi kesgitlemäge hukugy bar. Şu hukugyň esasynda olar öz syýasy derejesini erkin belleýär we öz ykdysady, durmuş we medeni ösüşini erkin üpjün edýär.

2. Ähli halklar öz maksatlaryna ýetmek üçin öz tebigy baýlyklaryna we serişdelerine ikitaraplaýyn peýda ýörelgesine esaslanan halkara ykdysady hyzmatdaşlygyndan we halkara hukugyndan gelip çykýan haýsydyr bir borçlaryna zyýan ýetirmezden erkin ygtyýar edip bilýär. Hiç bir halk hiç bir halatda özüne degişli güzeran serişdelerinden mahrum edilip bilinmez.

3. Şu Ylalaşyga gatnaşýan ähli döwletler, şol sanda olaryň öz-özüni dolandyrmaýan we howandarlykdaky ýerleri dolandyrmak üçin jogapkärçilik çekýänleri Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň düzgünlerine laýyklykda öz ykbalyny özi kesgitlemek hukugynyň amala aşyrylmagyny höweslendirmelidir we şol hukuga hormat goýmalydyr.

## II BÖLEK

*2-nji madda*

1. Şu Ylalaşyga gatnaşýan her bir döwlet öz ýerleriniň çäklerinde bolýan we öz hukuk ygtyýaryndaky ähli adamlaryň şu Ylalaşykda ykrar edilýän hukuklaryny jynsy, derisiniň reňki, aýal-erkekligi, dili, dini, syýasy ýa-da beýleki ynamlary, milleti ýa-da jemgyýetiň haýsy gatlagyna degişliligi, emläk ýagdaýy, dogulmagy ýa başga bir ýagdaýy babatdaky ýaly haýsydyr bir tapawutlandyrmasyz hormatlamaga we üpjün etmäge borçlanýar.

2. Eger munuň özi bar bolan kanunçylyk we beýleki çäreler bilen eýýäm göz öňünde tutulmadyk bolsa, şu Ylalaşyga gatnaşýan her bir döwlet şu Ylalaşykda ykrar edilýän hukuklary amala aşyrmak üçin zerur bolup biljek şonuň ýaly kanunçykaryjy ýa-da beýleki çäreleri özüniň konstitusion tertiplerine laýyklykda kabul etmäge borçlanýar.

3. Şu Ylalayga gatnaşýan her bir döwlet:

a) şu Ylalaşyk bilen ykrar edilýän hukuklary we azatlyklary bozulan islendik adama hukuk goragynyň netijeli serişdelerini, hatda şol bozulma resmi halatda hereket eden adamlar tarapyndan amala aşyrylanda hem üpjün etmäge;

b) hukuk goragyny talap edýän islendik adam üçin şeýle gorag baradaky hukugy ygtyýarly kazyýet, dolandyryş ýa-da kanunçykaryjy edaranyň ýa-da döwletiň hukuk ulgamynda göz öňünde tutulan islendik beýleki ygtyýarly edaranyň bellemegini üpjün etmäge we kazyýet goragynyň mümkinçiligini ösdürmäge;

c) hukuk goragynyň serişdeleri üpjün edilende ygtyýarly edaralar tarapyndan olaryň ulanylmagyny üpjün etmäge borçlanýar.

*3-nji madda*

Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler şu Ylalaşykda göz öňünde tutulan ähli raýat we syýasy hukuklary peýdalanmaga erkekler we aýallar üçin deň hukuklary üpjün etmäge borçlanýar.

*4-nji madda*

1. Döwletde adatdan daşary ýagdaý bolup, ol mahaly milletiň jany howp astynda bolanda we onuň barlygy hakynda resmi taýdan yglan edilende, şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler özleriniň şu Ylalaşyk boýunça borçnamalaryndan çykmak görnüşde çäreleri diňe munuň özi ýagdaýyň ýitiligi bilen talap edilýän derejede, şeýle çäreler olaryň halkara hukugy boýunça beýleki borçnamalaryna laýyk gelýän hem-de diňe jynsy, derisiniň reňki, aýal-erkekligi, dili, dini ýa-da jemgyýetiň belli bir gatlagyna degişliligi esasynda kemsitmelere eltmeýän şerti bilen amala aşyryp biler.

2. Şu düzgün 6-njy, 7-nji, 8-nji (1-nji we 2-nji bölümleri), 11-nji, 15-nji, 16-njy we 18-nji maddalardan haýsydyr bir çykmalar üçin esas bolup hyzmat edip bilmez.

3. Şu Ylalaşyga gatnaşýan, şeýle düzgünlerden çykmak hukugyndan peýdalanýan islendik döwlet çäklerinden çykylan düzgünler we şeýle çözgüdi kabul etmäge iteren sebäpler hakynda şu Ylalaşyga gatnaşýan beýleki döwletlere Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretarynyň üsti bilen haýal etmän habar bermelidir.

*5-nji madda*

1. Şu Ylalaşykda hiç bir zat haýsydyr bir döwletiň, haýsydyr bir toparyň ýa-da haýsydyr bir adamyň şu Ylalaşykda ykrar edilen islendik hukuklary ýa-da azatlyklary ýok etmäge ýa-da bolmasa olary şu Ylalaşykda göz öňünde tutulanyndan köp derejede çäklendirmäge gönükdirilen haýsydyr bir iş bilen meşgullanmak ýa haýsydyr bir hereketleri etmek hukugynyň bardygyny aňladýan hökmünde düşündirilip bilinmez.

2. Şu Ylalaşyga gatnaşýan haýsydyr bir döwletde kanunyň, konwensiýalaryň, kadalaryň ýa-da däpleriň güýjüne ykrar edilýän ýa bar bolan adamyň haýsydyr bir esasy hukuklarynyň şu Ylalaşykda şeýle hukuklaryň ykrar edilmeýänligi ýa-da olaryň onda az

möçberde ykrar edilýänligi bahanasy bilen hiç hili çäklendirilmegine ýa olara kemsidilmegine ýol berilmeýär.

## III BÖLEK

### *6-njy madda*

1. Ýaşamak hukugy her bir adamyň aýrylmaz hukugy bolup durýar. Bu hukuk kanun tarapyndan goralýar. Hiç kim janyndan esassyz mahrum edilip bilinmez.

2. Ölüm jezasyny ýatyrmadyk ýurtlarda ölüm jezasy baradaky hökümler diňe has agyr jenaýatlar üçin jenaýat edilen wagtynda ulanylan hem-de şu Ylalaşygyň kararlaryna we genosid jenaýatynyň öňüni almak we onuň üçin jezalandyrmak hakyndaky konwensiýanyň kararlaryna ters gelmeýän kanuna laýyklykda çykarylyp bilner. Bu jeza çäresi diňe ygtyýarly kazyýet tarapyndan çykarylan gutarnykly hökümi ýerine ýetirmek üçin amala aşyrylyp bilner.

3. Janyndan mahrum etmek genosid jenaýatyndan ybarat bolan mahaly şu maddada hiç bir zadyň şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletlere genosid jenaýatynyň öňüni almak we onuň üçin jezalandyrmak hakyndaky konwensiýanyň kararlaryna laýyklykda kabul edilen islendik borçnamalardan haýsydyr bir görnüşde çykmak hukugyny bermeýändigini nazara almak gerek.

4. Ölüm jezasyna höküm edilen her bir adamyň rehim edilmegini ýa-da hökümiň ýumşadylmagyny haýyş etmäge hukugy bar.  Günäsini geçmek, rehim etmek ýa-da ölüm jezasy baradaky hökümi çalşyrmak ähli halatlarda ulanylyp bilner.

5. Ölüm jezasy baradaky höküm on sekiz ýaşdan kiçi adamlar tarapyndan edilen jemaýatlar üçin çykarylmaýar we göwreli aýallar barada amala aşyrylmaýar.

6. Şu maddada hiç bir zat şu Ylalaşyga gatnaşýan haýsydyr bir döwletiň ölüm jezasynyň ýatyrylmagyny gaýra goýmagyna ýa-da oňa ýol bermezligine esas bolup hyzmat edip bilmez.

### *7-nji madda*

Hiç kim gynamalara ýa-da rehimsiz, şepagatsyz ýa-da mertebesini kemsidýän garaýşa ýa-da jeza sezewar edilmeli däldir. Hususan-da, hiç bir adam özüniň erkin razylygy bolmasa, lukmançylyk ýa-da ylmy tejribelere sezewar edilmeli däl.

### *8-nji madda*

1. Hiç kim gulçulykda saklanylmaly däldir; gulçulyk we gul söwdasy olaryň ähli görnüşlerinde gadagandyr.

2. Hiç kim tabyn ýagdaýda saklanylmaly däldir.

3. a) Hiç kim mejbury ýa-da hökmany zähmete mejbur edilmeli däldir;

b) jenaýat üçin jeza görnüşinde sürgün işleri bilen baglanyşykly azatlykdan mahrum etmek bellenilip bilinjek ýurtlarda *3 a)* bölüm sürgün işleriniň şeýle jezany bellän ygtyýarly kazyýetiň hökümi boýunça ýerine ýetirilmegi üçin bökdençlik bolup durmaýar;

c) aşakda görkezilenler "mejbury ýa-da hökmany zähmet" diýen adalga bilen gurşalyp alynmaýar:

i) adaty boýunça, kazyýetiň kanuny buýrugy esasynda tussaglykda saklanylýan adam ýa-da şeýle tussaglykdan şertli boşadylan adam tarapyndan ýerine ýetirilmeli bolan, *b)* kiçi bölümde görkezilmedik haýsydyr bir iş ýa-da gulluk;

ii) harby häsiýetli haýsydyr bir gulluk, syýasy ýa-da dini-etniki sebäpler boýunça harby gullukdan boýun gaçyrmak ykrar edilýän ýurtlarda bolsa, harby gullukdan şeýle sebäpler boýunça boýun gaçyrýan adamlar üçin göz öňünde tutulan haýsydyr bir gulluk;

iii) ilatyň janyna ýa-da abadançylygyna howp salýan adatdan daşary ýagdaý ýa-da betbagtçylyk halatlarynda hökmany bolan haýsydyr bir gulluk;

iv) adaty raýat borçlaryna girýän haýsydyr bir iş ýa-da gulluk.

***9-njy madda***

1. Her bir adamyň azatlyga we şahsy eldegrilmesizlige hukugy bar. Hiç kim esassyz tussaga ýa-da gorag astynda saklanylmaga sezewar edilip bilinmez. Hiç kim kanun bilen bellenilenlerden başga esaslar we tertipler boýunça azatlykdan mahrum edilip bilinmez.

2. Her bir tussag edilene tussag edilen mahaly özüniň tussag edilmeginiň sebäpleri habar berilýär we özüne bildirilýän islendik günä hakynda gyssagly tertipde habar berilýär.

3. Jenaýat aýyplamasy boýunça tussag edilen ýa-da saklanylan her bir adam gyssagly tertipde kazynyň ýanyna ýa-da kazyýet häkimiýetini amala aşyrmak hukugy kanun boýunça özüne degişli bolan we göwnejaý möhletiň dowamynda kazyýet seljermesini geçirmäge ýa boşatmaga hukugy bolan başga bir wezipeli adamyň ýanyna eltilýär. Kazyýet seljermesiniň geçirilmegine garaşýan adamlaryň tussag astynda saklanylmagy umumy kada bolmaly däldir, ýöne boşadylmak kazyýete gelmeginiň, kazyýet seljermesine onuň islendik beýleki tapgyrynda gelmeginiň we zerur halatda hökümi ýerine ýetirmek üçin gelmeginiň kepillendirmeleriniň berilmegine bagly edilip bilner.

4. Tussag edilmek ýa-da gorag astynda saklamak netijesinde azatlykdan mahrum edilen her bir adama kazyýetiň onuň saklanylmagynyň kanunylygy barada gaýragoýulmasyz karar çykaryp we saklanylmagy bikanun bolsa, onuň boşadylmagy hakynda görkezme berip bilmegi üçin öz işiniň kazyýetde seljerilmegine bolan hukugy degişlidir.

5. Bikanun tussag edilmegiň ýa-da gorag astynda saklanylmagyň pidasy bolan her bir adamyň hak isleginiň güýjüne eýe bolan öwez dolmasyna hukugy bardyr.

***10-njy madda***

1. Azatlykdan mahrum edilen ähli adamlaryň ynsanperwerçilikli garaýşa we ynsan şahsyýetine mahsus bolan mertebesiniň hormatlanylmagyna hukugy bar.

2. a) Aýyplanýanlar, adatdan daşary ýagdaýlar bolmadyk halatda iş kesilenlerden aýratynlykda ýerleşdirilýär we olara iş kesilmedik adamlaryň hukuk ýagdaýyna laýyk gelýän aýratyn düzgün üpjün edilýär;

b) kämillik ýaşyna ýetmedik aýyplanýanlar kämillik ýaşyna ýetenlerden aýratynlykda saklanylýar we çözgüdiň çykarylmagy üçin kazyýete iň gysga möhletde eltilýär.

3. Penitensiar ulgamy tarapyndan düýpli maksady olaryň düzedilmeginden we jemgyýetçilik taýdan täzeden terbiýelenmeginden ybarat bolan düzgün tussaglar üçin göz öňünde tutulýar. Hukuk tertibini bozan kämillik ýaşyna ýetmedik ýaşlar kämillik ýaşyna ýetenlerden aýratynlykda saklanylýar we olara ýaşyna we hukuk ýagdaýyna laýyk gelýän düzgün üpjün edilýär.

***11-nji madda***

Hiç kim diňe haýsydyr bir şertnamalaýyn borçnamany ýerine ýetirmäge ukypsyz bolandygy esasynda azatlykdan mahrum edilip bilinmez.

***12-nji madda***

1. Haýsydyr bir döwletiň çäklerinde kanuny ýagdaýda bolýan her bir adama şol döwletiň çäklerinde bolýan ýerini erkin üýtgetmek we ýaşaýan ýerini erkin seçip almak hukugy degişlidir.

2. Her bir adamyň islendik ýurdy, şol sanda öz ýurduny terk etmäge hukugy bar.

3. Ýokarda görkezilen hukuklar kanunlar bilen göz öňünde tutulan, döwletiň howpsuzlygyny, jemgyýetçilik tertibini, ilatyň saglygyny ýa-da ahlagyny ýa beýlekileriň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin zerur bolanlardan we şu Ylalaşykda ykrar

edilýän beýleki hukuklara laýyk gelýänlerden başga hiç hili çäklendirmelere sezewar edilip bilinmez.

4. Hiç kim öz ýurduna barmak hukugyndan esassyz mahrum edilip bilinmez.

***13-nji madda***

Şu Ylalaşyga gatnaşýan haýsydyr bir döwletiň çäklerinde kanuna laýyklykda bolýan daşary ýurtly diňe kanuna laýyklykda çykarylan çözgüdi ýerine ýetirmek üçin ýurtdan çykarylyp bilner we döwlet howpsuzlygy baradaky saldamly pikirler başgaça talap etmeýän bolsa, onuň özüniň ýurtdan çykarylmagyna garşy delilleri getirmäge, öz işine ygtyýarly häkimiýetiň ýa-da ygtyýarly häkimiýet tarapyndan ýörite bellenilen adamyň, ýa adamlaryň täzeden garamagyna we şu maksat üçin şol häkimiýeitiň, adamyň ýa-da adamlaryň huzuryna eltilmäge hukugy bar.

***14-nji madda***

1. Ähli adamlar kazyýetleriň we tribunallaryň öňünde deňdir. Her kimiň özüne bildirilýän jenaýat aýyplamasyna garalan mahaly ýa-da haýsydyr bir raýat seljerişinde onuň hukuklary we borçlary kesgitlenilen mahaly işe kanun esasynda döredilen ygtyýarly, garaşsyz we tarapgöýsüz kazyýetiň adalatly we jemagatyň bolmagynda seljermegine hukugy bar. Metbugat we jemagat ähli kazyýet seljermesine ýa-da onuň bir bölegine ahlak, jemgyýetçilik tertibi ýa-da demokratik jemgyýetde döwlet howpsuzlygy hakyndaky bähbitler boýunça ýa-da ony taraplaryň hususy durmuşynyň bähbitleri talap edende ýa bolmasa - kazyýetiň pikirine görä, pugta zerur bolan derejede - aýratyn ýagdaýlarda, jemagata aýanlyk adyl kazyýetiň bähbitlerini bozan mahaly goýberilmän bilner; emma jenaýat ýa-da raýat işi boýunça islendik kazyýetiň karary aýan bolmaly, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň bähbitleri talap edýän halatlar ýa-da iş enelik jedellerine ýa bolmasa çagalara hossarlyk etmäge degişli halatlar muňa girmeýär.

2. Jenaýat etmişini edenliginde aýyplanylýan her bir adamyň tä günälidigi kanuna laýyklykda subut edilýänçä, günäsiz diýlip hasap edilmäge hukugy bar.

3. Her bir adamyň özüne bildirilýän islendik jenaýat aýyplamasyna garalan mahaly iň bolmanda şu kepillendirmelere doly deňlik esasynda hukugy bar:

a) özüne bildirilýän aýyplamanyň häsiýeti we esasy hakynda özüne düşnükli bolan dilden gyssagly tertipde we jikme-jik habar berilmegi;

b) özüniň goragyny taýýarlamak we özi tarapyndan seçilip alnan aklawjy bilen duşuşyp gepleşmäge ýeterlik wagtyň we mümkinçiligiň bolmagy;

c) delillendirilmedik uzaklaşdyrma bolmazdan iş kesmeklik;

d) özi bar mahaly iş kesilmek we özüni özi ýa-da özi tarapyndan seçilip alnan aklawjy arkaly goramak; eger aklawjysy bolmasa, bu hukuk barada habarly edilmek we adyl kazyýetiň kadalary muny talap edýän islendik halatda, özünde şol aklawja hak tölemek üçin ýeterlik serişdeler bolmadyk islendik şeýle halatda özüne bellenilen goraýjyly bolmak;

e) özüne garşy görkezme berýän şaýatlary sorag etmek ýa-da şol şaýatlaryň sorag edilmegine hukugy bolmak we öz şaýatlarynyň oňa garşy görkezme berýän şaýatlar üçin bar bolan hut şol şertlerde çagyrylmagyna we sorag edilmegine hukugy bolmak;

f) eger kazyýetde ulanylýan dile düşünmeýän ýa-da şol dilde geplemeýän bolsa, terjimeçiniň mugt kömeginden peýdalanmak;

g) özüne garşy görkezme bermäge ýa-da özüni günäli diýip boýun almaga mejbur edilmezlik.

4. Kämillik ýaşyna ýetmedikler barada kazyýet hereketleri olaryň ýaşy we olaryň täzeden terbiýelenmegine ýardam bermegiň arzylanýanlygy nazara alynýan şekilde bolmaly.

5. Haýsydyr bir jenaýat üçin iş kesilen her bir adamyň özüne iş kesilmegine we hököme ýokarda durýan kazyýet edarasynyň kanuna laýyklykda täzeden garamagyna hukugy bar.

6. Eger haýsydyr bir adama gutarnykly çözgüt bilen jenaýat etmişi üçin iş kesilen bolsa we oňa çykarylan höküm soňra haýsydyr bir täze ýa täzeden ýüze çykarylan ýagdaýyň kazyýet ýalňyşynyň barlygyny jedelsiz subut edýänligi esasynda ýatyrylan ýa oňa rehim etmek ulanylan bolsa, onda şeýle iş kesmek netijesinde jeza çeken şol adam kanuna laýyk öwez dolmasyny alýar, ýokarda görkezilen nämälim ýagdaýyň diňe ýa-da kem-käsleýin onuň günäsi bilen wagtylnda ýüze çykarylmanlygy subut edilen halatlar muňa girmeýär.

7. Hiç kim eýýäm gutarnykly iş kesilen ýa-da aklanylan jenaýat üçin her bir ýurduň kanunlaryna we jenaýat-iş ýörediş hukugyna laýyklykda ikinji gezek iş kesilmeli däldir ýa-da jezalandyrylmaly däldir.

***15-nji madda.***

1. Hiç kim edilen pursatda ulanylan içerki döwlet kanunlaryna we halkara hukugyna laýyklykda jenaýat bolmadyk haýsydyr bir hereket ýa-da ýalňyşlyk sebäpli haýsydyr bir jenaýaty edenligi üçin günäkär diýlip ykrar edilip bilinmez. Hut şonuň ýaly-da, jenaýat edilen pursatda ulanylmaga degişli bolandan has agyr jeza bellenilip bilinmez. Eger jenaýat edileninden soň kanun bilen has ýeňil jeza bellenilýän bolsa, şol kanunyň hereketi şol jenaýatça degişlidir.

2. Şu maddada hiç bir zat edilen pursatynda hukugyň halkara bileleşigi tarapyndan ykrar edilen umumy ýörelgelerine laýyklykda jenaýat bolan islendik hereket ýa ýalňyşlyk üçin islendik adamyň kazyýete berilmegine we jezalandyrylmagyna päsgel bermeýär.

***16-njy madda***

Her bir adamyň nirededigine garamazdan, özüniň hukuk kadalarynyň gatnaşyjysydygynyň ykrar edilmegine hukugy bar.

***17-nji madda***

Hiç kim öz şahsy ýa-da maşgala durmuşyna esassyz ýa-da bikanun gatyşmaga, öz ýaşaýan ýeriniň eldegrilmesizligine ýa öz hat-habalarynyň syryna esassyz ýa bolmasa bikanun hyýanatlyklara ýa-da öz abraýyna we mertebesine bikanun hyýanatlyklara sezewar edilip bilinmez.

2. Her bir adamyň kanun tarapyndan şeýle gatyşmakdan ýa-da hyýanatlyklardan goralmagyna hukugy bar.

***18-nji madda***

1. Her bir adamyň pikiriň, wyždanyň we diniň azatlygyna hukugy bar. Bu hukuk dine ýa-da ynamlara öz seçip almagy boýunça eýe bolmak ýa-da olary kabul etmek azatlygyndan we öz diniňe we ynamlaryňa ýekelikde bolşy ýaly, şeýle hem beýlekiler bilen bilelikde jemagat bolup ýa-da hususy tertipde uýmak, ybadatlary berjaý etmek, dini we ybadat däplerini we okuwyny ýerine ýetirmek azatlygyny öz içine alýar.

2. Hiç kim öz seçip almagy boýunça dine we ynamlara eýe bolmak ýa-da olary kabul etmek azatlygyny kemsidýän mejburlyga sezewar edilmeli däldir.

3. Dine ýa-da ynamlara uýmak azatlygy barada diňe kanun bilen bellenilen we jemgyýetçilik howpsuzlygyny, tertibini, saglygyny we ahlagyny, hut şonuň ýaly-da beýleki adamlaryň esasy hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin zerur çäklendirmeler ulanylmaly.

4. Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler ata-eneleriň we degişli halatlarda kanuny hossarlaryň öz çagalarynyň dini we ahlaky terbiýesini öz ynamlaryna laýyklykda üpjün etmek azatlygyny hormatlamaga borçlanýar.

***19-njy madda***

1. Her bir adamyň öz pikirlerine bökdençliksiz eýermäge hukugy bar.

2. Her bir adamyň öz pikirini erkin beýan etmäge hukugy bar; bu hukuk her dürli maglumatlary we pikirleri döwlet serhetlerine garamazdan, dilde, ýazmaça ýa-da metbugat ýa bolmasa beýan etmegiň çeper görnüşleri arkaly ýa bolmasa özüniň seçip almagy boýunça beýleki usullar bilen gözlemek, almak we ýaýratmak azatlygyny öz içine alýar.

3. Şu maddanyň 2-nji bölüminde göz öňünde tutulan hukuklardan peýdalanmak aýratyn borçlary we aýratyn jogapkärçiligi ýükleýär. Ol, diýmek, käbir çäklendirmeler bilen baglanyşykly bolup biler, emma olar:

a) beýleki adamlaryň hukuklaryny we mertebesini hormatlamak üçin;

b) döwletiň howpsuzlygyny, jemgyýetçilik tertibini, ilatyň saglygyny ýa-da ahlagyny goramak üçin kanun bilen bellenilen we zerur bolmaly.

***20-nji madda***

1. Urşuň her hili wagyz edilmegi kanun bilen gadagan edilen bolmalydyr.

2. Milli, jynsy ýa-da dini ýigrenjiň peýdasyna edilýän, kemsitmäge, duşmançylyga ýa-da zorluga öjükdirme bolup durýan her bir çykyş kanun bilen gadagan edilen bolmalydyr.

***21-nji madda***

Parahat ýygnaklara bolan hukuk ykrar edilýär. Şol hukukdan peýdalanmak barada kanuna laýyklykda bellenilýän we demokratik jemgyýetde döwlet ýa-da jemgyýetçilik howpsuzlygy, jemgyýetçilik tertibi, ilatyň saglygyny ýa-da ahlagyny goramak ýa-da beýleki adamlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin zerur bolan çäklendirmelerden başga hiç hili çäklendirmeler ulanylmaly däl.

***22-nji madda***

1. Her bir adamyň beýlekiler bilen birleşmek azatlygyna hukugy, şol sanda öz bähbitleriňi goramak üçin kärdeşler arkalaşyklaryny döretmek we şeýle arkalaşyklara girmek hukugy bar.

2. Şu hukukdan peýdalanmak babatda kanun bilen göz öňünde tutulan we demokratik jemgyýetde döwlet ýa-da jemgyýetçilik howpsuzlygyny, jemgyýetçilik tertibini, ilatyň saglygyny ýa-da ahlagyny goramak ýa-da beýleki adamlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin zerur bolan çäklendirmelerden başga hiç hili çäklendirmeler ulanlmaly däl.

3. Şu maddada hiç bir zat Halkara zähmet guramasynyň birleşmeleriň azatlygy we gurama üçin hukugy goramak baradaky 1948-nji ýyldaky Konwensiýasyna gatnaşyjy döwletlere şol Konwensiýada göz öňünde tutulan kepillendirmelere zyýan ýetirýän kanunçylyk namalaryny kabul etmäge ýa-da kanuny şol kepillendirmelere zyýan ýetiriler ýaly görnüşde ulanmaga hukuk bermeýär.

***23-nji madda***

1. Maşgala jemgyýetiň tebigy we esasy öýjügi bolup durýar we onuň jemgyýet we döwlet tarapyndan goralmaga hukugy bar.

2. Nika ýaşyna ýeten erkekleriň we aýallaryň nikalaşmak hukugy we maşgala gurmak hukugy ykrar edilýär.

3. Hiç bir nika nikalaşýan adamlaryň erkin we doly razylygy bolmasa, baglaşylyp bilinmez.

4. Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler nikalaşmak babatda, nikada bolnan wagtda we ol bozulan mahaly är-aýalyň hukuklarynyň we borçlarynyň deňligini üpjün etmek üçin degişli çäreleri görmeli. Nika bozulan halatda ähli çagalaryň zerur derejede goralmagy göz öňünde tutulmaly.

***24-nji madda***

1. Her bir çaganyň jynsy, derisiniň reňki, aýal-erkekligi, dili, dini, milleti ýa-da jemgyýetiň belli bir gatlagyna degişliligi, emläk ýagdaýy ýa-da dogulmagy boýunça hiç hili kemsitmesiz onuň kiçi ýaşlylyk ýagdaýynyň talap edişi ýaly goramak çäreleriniň onuň maşgalasy, jemgyýet we döwlet tarapyndan görülmegine hukugy bar.

2. Her bir çaga doglanyndan soň derrew hasaba alynmaly we onuň ady bolmaly.

3. Her bir çaganyň raýatlygy almaga hukugy bar.

***25-nji madda***

Her bir raýatyň 2-nji maddada görkezilen haýsydyr bir kemsidilmä sezewar edilmesiz we esaslandyrylmadyk çäklendirmelersiz şulara hukugy we mümkinçiligi bolmaly:

a) döwlet işlerini ýöretmäge gös-göni, şeýle hem erkin seçilip alnan wekilleriň üsti bilen gatnaşmaga;

b) gizlin ses bermek arkaly ählumumy deň saýlaw hukugy esasynda geçirilýän we saýlawçylarayň erk-isleginiň azat beýan edilmegini üpjün edýän hakyky döwürleýin saýlawlarda saýlamaga we saýlanylmaga;

c) öz ýurdunda deňligiň umumy şertlerinde döwlet gullugynyň elýeter bolmagyna.

***26-njy madda***

Ähli adamlar kanunyň öňünde deňdir we olaryň hiç hili kemsitmesiz kanunyň deň goragyna hukugy bar. Şu babatda ähli görnüşdäki kemsitmeler kanun bilen gadagan edilmelidir we kanun ähli adamlara jynsy, derisiniň reňki, aýal-erkekligi, dili, dini, syýasy we beýleki ynamlary, milleti ýa-da jemgyýetçiligiň belli bir gatlagyna degişliligi, emläk ýagdaýy, dogulmagy ýa-da haýsydyr bir başga ýagdaý boýunça kemsidilmegine garşy deň we netijeli goragy kepillendirmelidir.

***27-nji madda***

Etniki, dini we dil azlyklary bolan ýurtlarda şeýle azlyklara degişli adamlaryň hut şol toparyň agzalary bilen bilelikde öz medeniýetinden peýdalanmak, öz dinine uýmak we onuň dessurlaryny berjaý etmek, şeýle hem ene dilinden peýdalanmak hukugy ret edilip bilinmez.

**IV BÖLEK**

***28-nji madda***

1. Adam hukuklary baradaky komitet döredilýär (şu Ylalaşykda aşakda Komitet diýlip atlandyrylýar). Ol on sekiz agzadan ybarat bolýar we aşakda göz öňünde tutulan wezipeleri ýerine ýetirýär.

2. Komitetiň düzümine şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletleriň raýatlary bolup durýan we ýokary ahlak sypatlaryna hem-de adam hukuklary babatda ykrar edilen işe beletlige eýe bolan adamlar girýär, özi-de hukuk işi babatda tejribesi bolan birnäçe adamyň gatnaşmagynyň peýdalydygy nazara alynýar.

3. Komitetiň agzalary şahs hökmünde saýlanylýar we işleýär.

***29-njy madda***

1. Komietiň agzalary 28-nji maddada göz öňünde tutulan talaplary kanagatlandyrýan we bu maksat üçin şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler tarapyndan hödürlenilen adamlaryň sanawyndan gizlin ses bermek arkaly saýlanylýar.

2. Şu Ylalaşyga gatnaşýan her bir döwlet ikiden köp bolmadyk adamy hödürläp bilýär. Şol adamlar olary hödürleýän döwletleriň raýatlary bolmaly.

3. Islendik adamyň ikinji gezek hödürlenilmäge hukugy bar.

***30-njy madda***

1. Ilkibaşdaky saýlawlar şu Ylalaşyk güýje giren gününden başlap alty aýdan gijä galynman geçirilýär.

2. Komitete her saýlawlaryň geçiriljek gününe azyndan dört aý galanda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary Komitetiň agzalygyna hödürlenýän adamlaryny üç aýyň dowamynda görkezmek barada ýazmaça çakylyk bilen şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletlere ýüzlenýär, bu ýagdaý 34-nji madda laýyklykda döränligi yglan edilýän boş orunlary doldurmak üçin geçirilýän saýlawlara degişli däl.

3. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary şeýlelikde hödürlenilen adamlaryň elipbiý tertibindäki sanawyny şu Ylalaşyga gatnaşýan, şol adamlary hödürlän döwletleri görkezip düzýär we şol sanawy şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletlere saýlawlaryň geçirilýän senesine çenli azyndan bir aý galanda hödürleýär.

4. Komitetiň agzalaryny saýlamak şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletleriň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretarynyň Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi edaralarynda çagyrylýan mejlisinde amala aşyrylýar. Hukuk ygtyýarly bolmagy üçin şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletleriň wekilleriniň üçden ikisiniň bolmagy hökmany bolan şol mejlisde gatnaşyjy döwletleriň onda bolýan we ses berýän wekilleriniň sesleriniň has köp sanyny we aglaba köplügini alan hödürlenilen adamlar Komitete saýlanylan bolýar.

***31-nji madda***

1. Komitetiň düzümine şol bir döwletiň diňe bir raýaty girip biler.

2. Komitete saýlawlar geçirilen mahaly agzalaryň geografik paýlanyşynyň we medeniýetleriň dürli görnüşleriniň we esasy hukuk ulgamlarynyň wekilçiliginiň adalatly bolmagy nazara alynýar.

***32-nji madda***

1. Komitetiň agzalary dört ýyllyk möhlete saýlanylýar. Olaryň ikinji gezek hödürlenilen mahaly täzeden saýlanylmaga hukugy bar. Emma ilkinji saýlawlarda saýlanylan agzalaryň dokuzysynyň ygtyýarlarynyň möhleti iki ýyllyk döwrüň ahyrynda tamamlanýar; şol dokuz agzanyň atlary ilkinji saýlawlardan soň haýal etmän 30-njy maddanyň 4-nji bölüminde görkezilen mejlisinde Başlyk tarapyndan bije boýunça kesgitlenilýär.

2. Ygtyýarlaryň möhleti tamamlanandan soň saýlawlar şu Ylalaşygyň şu böleginiň ýokardaky maddalaryna laýyklykda geçirilýär.

***33-nji madda***

1. Eger beýleki agzalaryň birsesli pikirine görä, Komitetiň haýsydyr bir agzasy öz wezipelerini ýerine ýetirmegi wagtlaýyn bolmazlykdan başga sebäp boýunça bes eden bolsa, Komitetiň Başlygy Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna habar berýär, ol bolsa soňra şol agzanyň ornuny boş diýip yglan edýär.

2. Komitetiň haýsydyr bir agzasy ölen ýa-da işi goýup giden halatynda Başlyk Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna haýal etmän habar berýär, ol bolsa şol orny ölen gününden başlap ýa-da işi goýup gitmeklik hakykata öwrülen günden başlap boş diýip yglan edýär.

***34-nji madda***

1. Ornuň boşanlygy 33-nji madda laýyklykda yglan edilende we çalşyrylmaly agzanyň ygtyýarlarynyň möhleti şeýle yglandan soň alty aýyň dowamynda tamamlanmaýan bolsa, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary şu Ylalaşyga gatnaşýan, şol boş ýeri doldurmak üçin 29-njy madda laýyklykda adam hödürläp biljek her bir döwlete habar berýär.

2. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary şeýlelikde hödürlenilen adamlaryň elipbiý tertibindäki sanawyny düzýär we şol sanawy şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletlere berýär. Boş orunlary doldurmak üçin saýlawlar soňra şu Ylalaşygyň şu böleginiň degişli düzgünlerine laýyklykda geçirilýär.

3. Komitetiň 33-nji madda laýyklykda yglan edilen boş orny eýelemek üçin saýlanylan agzasy şol wezipäni Komitetdäki orny şol maddanyň düzgünlerine laýyklykda boşadan agzanyň ygtyýarlarynyň möhletiniň galan böleginiň dowamynda eýeleýär.

***35-nji madda***

Komitetiň agzalary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary tarapyndan bellenilen haky Birleşen Milletler Guramasynyň serişdelerinden Baş Assambleýa tarapyndan Komitetiň wezipeleriniň möhümligi nazara alnyp bellenilýän tertipde we şertlerde alýar.

***36-njy madda***

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary Komitetiň wezipeleriniň netijeli amala aşyrylmagy üçin zerur işgärleri we maddy serişdeleri şu Ylalaşyga laýyklykda berýär.

***37-nji madda***

1. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary Komitetiň birinji mejlisini Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi edaralarynda çagyrýar.

2. Özüniň birinji mejlisinden soň Komitet öz tertip kadalarynda göz öňünde tutulan wagtda ýygnanýar.

3. Komitet adatça Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi edaralarynda ýa-da Birleşen Milletler Guramasynyň Ženewadaky Bölüminde ýygnanýar.

***38-nji madda***

Komitetiň her bir agzasy öz wezipelerini ýerine ýetirmäge girişmezden öň Komitetiň açyk mejlisinde öz wezipelerini tarapgöýsüzliksiz we ak ýürekli ýerine ýetirjekdigini dabaraly beýannama bilen çykyş edýär.

***39-njy madda***

1. Komitet öz wezipeli adamlaryny iki ýyllyk möhlete saýlaýar. Olar täzeden saýlanylyp bilner.

2. Komitet öz tertip kadalaryny belleýär, emma şol kadalarda, husasan-da:

a) Komitetiň hukuk ygtyýarly bolmagy üçin onuň on iki agzasynyň gatnaşmalydygy;

b) Komitetiň kararlarynyň gatnaşýan agzalaryn sanynyň köplügi bilen kabul edilýändigi göz öňünde tutulmalydyr.

***40-njy madda***

1. Şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletler şu Ylalaşykda ykrar edilýän hukuklary durmuşa geçirmek boýunça özüniň gören çäreleri hakynda we şol hukuklardan peýdalanmakda gazanylan ilerleme hakynda çykyşlary şu möhletlerde bermäge borçlanýar:

a) şu Ylalaşyk güýje gireninden soň bir ýylyň dowamynda - degişli gatnaşyjy döwletler hakynda;

b) şondan soň Komitet talap eden ähli halatlarda.

2. Ähli çykyşlar Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna berilýär, ol bolsa olary garamak üçin Komitete iberýär. Çykyşlarda şu Ylalaşygyň durmuşa geçirilmegine täsir edýän şertler we kynçylyklar görkezilýär.

3. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary Komitet bilen maslahatlardan soň çykyşlaryň dahylly ýöriteleşdirilen edaralaryň ygtyýarlaryna degişli bolup biljek bölekleriniň nusgalaryny şeýle edaralara iberip biler.

4. Komitet şu Ylalaşyga gatnaşýan Döwletleriň berýän çykyşlaryny öwrenýär. Ol öz çykyşlaryny we maksadalaýyk diýip hasap eden umumy häsiýetdäki belliklerini gatnaşyjy döwletlere iberýär. Komitet şol bellikleri şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletlerden alnan çykyşlaryň nusgalary bilen bilelikde Ykdysady we Durmuş Geňeşine hem iberip biler.

5. Şu Ylalaşyga gatnaşýan Döwletler şu maddanyň 4-nji bölümine laýyklykda edilmegi mümkin bolan islendik bellikler boýunça öz pikirlerini Komitete hödürläp biler.

***41-nji madda***

Şu madda laýyklykda, şu Ylalaşyga gatnaşýan döwlet haýsydyr bir gatnaşyjy Döwletiň başga bir gatnaşyjy Döwletiň şu Ylalaşyk boýunça öz borçlaryny ýerine ýetirmeýänligini tekrarlamak hakyndaky habarlary almaga we olara garamaga Komitetiň ygtyýarlaryny ykrar edýändigini islendik wagtda beýan edip biler. Şu maddada göz öňünde tutulan habarnamalar diňe olar Komitetiň ygtyýarlarynyň özi üçin ykrar edýändigini beýan eden gatnaşyjy Döwlet tarapyndan berlende kabul edilip we olara garalyp bilner. Komitet şeýle beýannama bilen çykyş etmedik gatnaşyjy Döwlete degişli bolan hiç hili habarlary kabul etmeýär. Şu madda laýyklykda alnan habarlara indiki tertibe laýyklykda garalýar:

a) Eger şu Ylalaşyga gatnaşýan haýsydyr bir Döwlet başga bir gatnaşyjy döwlet şu Ylalaşygyň düzgünlerini durmuşa geçirmeýär diýip pikir edýän bolsa, onda ol şu meseläni şol gatnaşyjy Döwletiň dykgatyna ýazmaça habar arkaly ýetirip biler. Şeýle habarnamany alan Döwlet ony alanyndan soň üç aýyň dowamynda şu mesele boýunça düşündirişi ýa-da düşündirişler bolan başga bir beýannamany şeýle habary iberen Döwlete iberýär, şol düşündirişde şu mesele boýunça amala aşyrylan, amala aşyryljak ýa-da amala aşyrylmagy mümkin bolan içerki tertip kadalary we çäreler mümkinçilige we maksadalaýyklyga görä görkezilmeli.

b) Eger mesele alyjy döwlet ilki başdaky habarnamany alanyndan soň alty aýyň dowamynda dahylly gatnaşyjy Döwletleriň ikisine-de kanagatlandyrýan derejede çözülmese, şol Döwletleriň islendigininiň bu barada Komitete we beýleki Döwlete habar berip, şol meseläni Komitete bermäge hukugy bar.

c) Komitet özüne berlen meselä diňe elýeter bolan içerki serişdeleriň ähliside ähliside

d) Şu maddada göz öňünde tutulan habarnamalara garalan mahaly Komitet ýapyk mejlisleri geçirýär.

e) *c)* kiçi bölümiň kararlaryny berjaý etmek bilen, Komitet meseläni şu Ylalaşykda ykrar edilen adam hukuklaryny we azatlyklaryny hormatlamak esasynda dostlukly çözmek maksady bilen, dahylly gatnaşyjy Döwletlere öz hoşniýetli hyzmatlaryny edýär.

f) Komitet özüniň garamagyna berlen islendik mesele boýunça işe degişli islendik maglumatlary bermek haýyşy bilen *b)* kiçi bölümde görkezilen dahylly gatnaşyjy Döwletlere ýüz tutup biler.

g) *b)* kiçi bölümde görkezilen dahylly gatnaşyjy Döwletleriň meselä Komitetde garalan mahaly wekilleriniň bolmagyna we dilden we/ýa-da ýazmaça beýannamalar bermäge hukugy bar.

h) Komitet habarnamany alan gününden başlap on iki aýyň dowamynda aşakda görkezilen halatlarda *b)* kiçi bölüme laýyklykda çykyş edýär:

i) eger *e)* kiçi bölümiň çäklerinde çözgüt gazanylsa, onda Komitet öz çykyşynda bolan wakalary we gazanylan çözgüdi gysgaça beýan etmek bilen çäklenýär;

ii) eger *e)* kiçi bölümiň çäklerinde çözgüt gazanylmasa, onda Komitet öz çykyşynda bolan wakalary gysgaça beýan etmek bilen çäklenýär; dahylly gatnaşyjy Döwletler tarapyndan berlen ýazmaça beýannamalar we dilden beýannamalaryň ýazgysy çykyşyň ýanyna goşulýar.

Her mesele boýunça çykyş dahylly gatnaşyjy Döwletlere iberilýär.

2. Şu maddanyň kararlary şu Ylalaşyga gatnaşýan on Döwlet şu maddanyň 1-nji bölümine laýyklykda beýannama berende güýje girýär. Şeýle beýannama Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretarynda saklanylýar, ol şol beýannamalaryň nusgalaryny beýleki gatnaşyjy Döwletlere iberýär. Beýannama Baş Sekretary habarly etmek arkaly islendik wagtda yzyna alnyp bilner. Şeýle hereket şu madda laýyklykda eýýäm berlen habaryň mazmuny bolan islendik meselä garamaga päsgel bermeýär; Baş Sekretar beýannamanyň yzyna alynmagy hakyndaky habarnamany alanyndan soň islendik gatnaşyjy Döwletiň hiç hili soňraky habarnamalary kabul edilmeýär, dahylly gatnaşyjy Döwletiň täze beýannama beren halaty muňa girmeýär.

***42-nji madda***

1. a) Eger 41-nji madda laýyklykda Komiete berlen haýsydyr bir mesele dahylly gatnaşyjy Döwletleri kanagatlandyrýan derejede çözülmedik bolsa, Komitet dahylly gatnaşyjy Döwletleriň deslapky razylygyny almak bilen, ýörite Ylalaşdyryjy topary (mundan beýläk Topar diýlip atlandyrylýar) belläp biler. Toparyň hoşniýetli hyzmatlary dahylly gatnaşyjy Döwletlere şol meseläni şu Ylalaşygyň düzgünlerini berjaý etmek esasynda dostlukly çözmek maksady bilen edilýär;

b) Topar dahylly gatnaşyjy Döwletler üçin kabul ederlikli bolan bäş adamdan ybarat bolýar. Eger dahylly gatnaşyjy Döwletler Toparyň ähli düzümi ýa-da onuň düzüminiň bir bölegi barada ylalaşygy üç aýyň dowamynda gazanmasa, onda Toparyň bellenilmegi barada ylalaşyk gazanylmadyk agzalary gizlin ses bermek arkaly Komitetiň agzalarynyň arasyndan onuň agzalarynyň sesleriniň üçden iki bölegine barabar köplügi bilen saýlanylýar.

2. Toparyň agzalary öz wezipelerini şahsyýet hökmünde ýerine ýetirýär. Olar dahylly gatnaşyjy Döwletleriň ýa-da şu Ylalaşyga gatnaşmaýan Döwletiň ýa bolmasa 41-nji madda laýyklykda beýannama bermedik gatnaşyjy Döwletiň raýatlary bolmaly däl.

3. Topar öz Başlygyny saýlaýar we öz tertip kadalaryny belleýär.

4. Toparyň mejlisleri adatça Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi edaralarynda ýa-da Birleşen Milletler Guramasynyň Ženewadaky Bölüminde geçirilýär. Emma olar beýleki amatly ýerlerde hem geçirilip bilner, şeýle ýerleri Topar Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary we degişli gatnaşyjy Döwletler bilen geňeşmek arkaly kesgitläp biler.

5. 36-njy madda laýyklykda üpjün edilýän Müdiriýet şu madda esasynda bellenilýän Toparlara hem hyzmat edýär.

6. Komitet tarapyndan alnan we öwrenilen maglumatlar Toparyň ygtyýaryna berilýär we Topar işe degişli islendik maglumatlaryň berilmegi hakyndaky haýyş bilen dahylly gatnaşyjy Döwletlere ýüz tutup biler.

7. Topar meselä doly garanyndan soň, emma ähli halatlarda şol mesele özüne berlenden soň 12 aýdan gijä galman, ony dahylly gatnaşyjy Döwletlere iberilmegi üçin Komitetiň Başlygyna berýär:

a) Eger Topar şol meselä garamagy on iki aýyň çäklerinde tamamlap bilmeýän bolsa, ol öz çykyşyny özüne berlen meselä garamagyň ýagdaýynyň gysgaça beýany bilen çäklendirýär.

b) Eger şol meseläniň şu Ylalaşykda ykrar edilen adam hukuklary esasynda dostlukly çözülmegi gazanylýan bolsa, Topar öz çykyşyny bolan wakalaryň we gazanylan çözgüdiň gysgaça beýany bilen çäklendirýär.

c) Eger *b)* kiçi bölümde görkezilen çözgüt gazanylmasa, Toparyň çykyşy dahylly gatnaşyjy Döwletleriň arasyndaky jedele degişli hakykat häsiýetli ähli meseleler boýunça onuň netijenamasyndan we şol meseläni dostlukly düzgünleşdirmegiň mümkinçilikleri hakynda onuň pikirlerinden ybarat bolýar. Şol çykyş gatnaşyjy Döwletler tarapyndan edilen ýazmaça beýannamalary we dilden beýannamalaryň ýazgysyny öz içine alýar.

d) Eger Toparyň çykyşy *c)* kiçi bölüme laýyklykda berilýän bolsa, dahylly gatnaşyjy Döwletler şol çykyşy alanyndan soň üç aýyň dowamynda Toparyň çykyşynyň mazmuny bilen ylalaşýandygy ýa-da däldigi hakynda Komitetiň Başlygyna habar edýär.

8. Şu maddanyň düzgünleri Komitetiň 41-nji maddada göz öňünde tutulan borçlaryny kemsitmeýär.

9. Dahylly gatnaşyjy Döwletler Toparyň agzalarynyň ähli çykdajylaryny Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary tarapyndan berilýän sanawa laýyklykda deň derejede çekýär.

10. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretarynyň zerur bolanda Toparyň agzalarynyň çykdajylaryny olaryň dahylly gatnaşyjy Döwletler tarapyndan şu maddanyň 9-njy bölümine laýyklykda öwezi dolunýança tölemäge hukugy bar.

***43-nji madda***

Komitetiň we 42-nji madda laýyklykda bellenilip bilinjek ýörite ylalaşdyryjy toparlaryň agzalarynyň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan iş saparlaryna iberilýän bilermenleriň ýeňillikler ine, artykmaçlyklaryna we goraglylygyna Birleşen Milletler Guramasynyň Artykmaçlyklar we goraglylyklar hakyndaky Konwensiýasynyň degişli bölümlerinde göz öňünde tutulşy ýaly hukugy bar.

***44-nji madda***

Şu Ylalaşygy amala aşyrmak hakyndaky düzgünler Birleşen Milletler Guramasynyň we ýöriteleşdirilen edaralaryň esaslandyryjy namalarynda we konwensiýalarynda göz öňünde tutulan adam hukuklary babatdaky tertip kadalaryna zyýan ýetirmezden ýa-da olara laýyklykda ulanylýar we şu Ylalaşyga gatnaşýan Döwletleriň öz aralarynda ulanylýan umumy ýa-da ýörite halkara ylalaşyklary esasynda jedeli çözmegiň beýleki tertip kadalaryny ulanmagyna päsgel bermeýär.

***45-nji madda***

Komitet öz işi hakyndaky her ýyllyk hasabaty Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasyna Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň üsti bilen berýär.

**V BÖLEK**

***46-njy madda***

Şu Ylalaşykda hiç bir zat Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň we ýöriteleşdirilen edaralaryň tertipnamalarynyň şu Ylalaşyga degişli bolan meseleler boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň dürli edaralarynyň we ýöriteleşdirilen edaralarynyň degişli borçlaryny kesgitleýän düzgünleriniň ähmietini kemsidýän hökmünde düşündirilmeli däldir.

***47-nji madda***

Şu Ylalaşykda hiç bir zat ähli halklaryň öz tebigy baýlyklaryna we serişdelerine doly derejede we erkin eýelik etmäge we olardan peýdalanmaga aýrylmaz hukugynyň kemsidilmegi hökmünde düşündirilmeli däldir.

## VI BÖLEK

### *48-nji madda*

1. Şu Ylalaşyk Birleşen Milletler Guramasynyň agzasy ýa-da onuň islendik ýöriteleşdirilen edaralarynyň agzasy bolan istlendik döwletiň, ýa bolmasa Halkara Kazyýetiň Statutyna gatnaşyjy islendik döwletiň we Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan şu Ylalaşyga gatnaşmaga çagyrylan islendik beýleki döwletiň gol çekmegi üçin açyk.

2. Şu Ylalaşyk tassyklanylmaga degişlidir. Tassyklaýyş hatlary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretarynda saklanylýar.

3. Şu Ylalaşyk şu maddanyň 1-njy bölüminde görkezilen islendik döwletiň goşulmagy üçin açyk.

4. Goşulşmaklyk ol baradaky resminamanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna saklanylmaga berilmegi arkaly amala aşyrylýajr.

5. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary her bir tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň saklanylmaga berilmegi hakynda şu Ylalaşyga gol çeken ýa-da oňa goşulan ähli döwletlere habar berýär.

### *49-njy madda*

1. Şu Ylalaşyk tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň otuz bäşinjisi Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna saklanylmaga berlen gününden başlap üç aýdan güýje girýär.

2. Tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň otuz bäşinjisi saklanylmaga berlenden soň, şu Ylalaşygy tassyklan ýa-da oňa goşulan her bir döwlet üçin şu Ylalaşyk onuň öz tassyklaýyş haty ýa-da goşulmagy hakyndaky resminamasy saklanylmaga berlen gününden başlap üç aýdan güýje girýär.

### *50-nji madda*

Şu Ylalaşygyň kararlary federatiw döwletleriň ähli böleklerine hiç hili çäklendirmesiz ýa-da şertlendirmesiz ýaýraýandyr.

### *51-nji madda*

1. Şu Ylalaşyga gatnaşýan islendik döwlet düzedişleri teklip edip we olary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna berip biler. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary soňra şol tekliplere garamak we olar boýunça ses bermekligi geçirmek maksady bilen, gatnaşyjy döwletleriň konferensiýasynyň çagyrylmagynyň tarapdarydygyny ýa-da däldigini özüne habar bermegini haýyş edip, islendik teklip edilen düzedişleri şu Ylalaşyga gatnaşýan döwletlere iberýär. Eger döwleileriň juda bolmanda üçden biri şeýle konferensiýanyň çagyrylmagynyň tarapdary bolup öz pikirini aýtsa, Baş Sekretar şol konferensiýany Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygy astynda çagyrýar. Şol konferensiýada bolýan we ses bermeklige gatnaşýan gatnaşyjy döwleitleriň köplügi tarapyndan kabul edilen islendik düzediş tassyklamak üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasyna berilýär.

2. Düzedişler Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy olary tassyklanyndan we şu Ylalaşylga gatnaşýan döwletleriň üçden iki böleginden ybarat köplügi olary öz konstitusion tertip kadalaryna laýyklykda kabul edeninden soň güýje girýär.

3. Düzedişler güýje gireniden soň olar şol düzedişleri kabul eden döwletler üçin hökmany bolýar, beýleki gatnaşyjy döwletler üçin bolsa şu Ylalaşygyň kararlary we olar tarapyndan öň kabul edilen islendik düzedişler hökmany bolmagynda galýar.

***52-nji madda***

48-nji maddanyň 5-nji bölümine laýyklykda berilýän habarnamalara garamazdan, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary hut şol maddanyň 1-nji bölüminde gürrüňi edilýän ähli döwletlere:

a) 48-nji madda laýyklykdaky gol çekmeler, tassyklamalar we goşulmalar;

b) 49-njy madda laýyklykda şu Ylalaşygyň güýje girýän senesi we islendik düzedişleriň 51-nji madda laýyklykda güýje girmeginiň senesi hakynda habar berýär.

***53-nji madda***

1. Iňlis, ispan, hytaý, rus we fransuz dillerindäki tekstleri deň güýje eýe bolan şu Ylalaşyk Birleşen Milletler Guramasynyň arhiwinde saklanmak üçin berilmelidir.

2. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary şu Ylalaşygyň güwä geçilen nusgalaryny Ylalaşygyň 48-nji maddasynda görkezilen ähli döwletlere iberýär.

# Umumy tertipli 6-njy bellik (RSHHY-nyň 6-njy maddasy)

*Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky Halkara Ylalaşygyň 40-njy maddasynyň 4-nji bölümine laýyklykda Adam hukuklar boýunça Komitet tarapyndan kabul edildi (On altynjy sessiýa, 1982-nji ýyl)*

---

1. Ylalaşygyň 6-njy maddasynda ykrar edilen ýaşamak hukugy hakyndaky mesele ähli döwletleriň çykyşlarynda seredilip geçilýär. Bu esasgoýujy hukukdyr, döwletde adatdan daşary ýagdaý bolup ol mahaly milletiň jany howp astynda bolsa-da ondan hiç hili çykmalara ýol berilmeýär (4-nji madda). Emma, Komitet 6-njy madda bilen baglylykda berlen maglumat örän ýygy-ýygydan bu hukugyň ol ýa-da beýleki jähti bilen çäklenýändigini belleýär. Ýaşamak hukugy belli bir ugur boýunça düşündirilip bolmajak hukukdyr.

2. Komitet uruş we köpçülikleýin zorluklaryň beýleki hadysalary adamzadyň belasy bolup galýandygyny we ýylda müňlerçe bigünä adamlaryň janyny alyp gidýändigini belleýär. Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň düzgünlerine laýyklykda, haýsydyr bir döwlet beýleki döwletiň garşysyna güýç haýbatyny atmak ýa-da ony ulanmak, öz-özüňi goramaga bolan aýrylmaz hukugy amala aşyrmaklygy goşmanda, eýýäm gadagan edilendir. Komitet esassyz adamlaryň öldürilmegine eltýän uruşlaryň, genosid hadysalaryň we köpçülikleýin zorlugyň beýleki hadysalarynyň öňüni almak işi döwletleriň iň ýokary borjy bolup durýar diýip hasaplaýar. Uruş howpdan, aýratyn-da termoýader urşundan gutulmak maksatlarynda we halkara parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmek üçin olaryň edýän islendik tagallalary ýaşamak hukugynyň has möhüm şerti we üpjünçiliginiň kepillendirmesi bolup durar. Muňa degişlilikde, Komitet, hususan-da, 6-njy maddanyň we 20-nji maddanyň arasyndaky baglanşygy belläp geçýär, olarda bu maddada beýan edilşi ýaly urşy wagyz etmeklik (1-nji bölüm) ýa-da zorluga öjükdirmeklik (2-nji bölüm) kanun tarapyndan gadagan edilmelidigi görkezilýär.

3. 6-njy maddanyň 1-nji böleminiň üçünji sözleminde gös-göni bellenilýän esassyz jandan mahrum etmeklikden goramagyň örän möhüm ähmiýeti bardyr. Komitet gatnaşyjy döwletler tarapyndan diňe bir jandan mahrum etmeklige eltýän jenaýat hereketleriň öňüni almak we olary jezalandyrmak däl-de, eýsem olaryň öz howpsuzlyk güýçleri tarapyndan edilýän esassyz öldürmeleriň öňüni almak boýunça çäreleri görmelidirler diýip hasap edýär. Döwlet häkimiýetleri tarapyndan adamlaryň janyndan mahrum etmeklik örän çylşyrymly mesele bolup durýar. Şonuň üçin, kanun bilen şeýle häkimiýet edaralary tarapyndan adam janyndan mahrum edilip bilinjek ýagdaýlar pugta kadalaşdyrylmalydyr we çäklendirilmelidir.

4. Şeýle hem gatnaşyjy döwletler aýratyn adamlaryň ýitirim bolýan ýagdaýlarynyň öňüni almak boýunça anyk we netijeli çäreleri görmelidir, sebäbi şeýle ýagdaýlar, gynansak-da, has giňden ýaýrady we örän ýygy-ýygydan esassyz jandan mahrum edilmegine eltýär. Ondan başga-da, döwletler ýaşamak hukugynyň bozulmagy bilen bagly bolup biljek ýagdaýlarda ýiten hem-de dereksiz ýiten adamlar baradaky işleriň jikme-jik derňewiniň netijeli serişdelerini we tertiplerini işläp taýýarlamalydyr.

5. Ondan başga-da, Komitet ýaşamak hukugyna köplenç çäkli düşündirme berilýändigi barada belläp geçýär. "Ýaşamaga bolan aýrylmaz hukugy" aňlatmasyna dogry düşünip bolmaz, eger ony çäkli düşündirseň, we bu hukugyň goragy döwletlerden konstruktiw çäreleri kabul

etmekligi talap edýär. Munuň bilen baglylykda Komitet çaga ölüm sanyny peseltmek we durmuşyň dowamlylygyny köpeltmek üçin ähli mümkin bolan çäreler, aýratyn-da, açlyk bilen we epidemiýalara garşy göreş boýunça çäreler gatnaşyjy döwletler tarapyndan görülse has gowy bolardy diýip hasap edýär.

6. 6-njy maddanyň 2-6-njy bölümleriniň düzgünlerinden gatnaşyjy döwletler ölüm jezasyny doly ýatyrmaga borçly bolmazlygy gelip çyksa-da, onda-da olar bu jezanyň ulanylşyny çäklendirmäge borçludyrlar we, hususan-da, "has agyr jenaýatlardan" başga ähli halatlarda ony ýatyrmalydyrlar. Şonuň üçin olar bu nukdaýnazardan öz jenaýat kanunçylygyny gaýtadan seretmek baradaky meseläni hökman öwrenmelidirler, we islendik ýagdaýlarda "has agyr jenaýatlara" ölüm hökümini çykarmaklygy çäklendirmäge borçludyrlar. Umuman, şu maddada şeýle ýatyrmaklyk islege laýyk bolup durýandygyny (6-njy we 22-nji bölümler) takyk göz öňünde tutýan aňlatmalardaky ölüm jezasyny ýatyrmaklyk barada hem aýdylýar. Komitet ölüm jezasyny ýatyrmaga gönükdirilen ähli çäreler 40-njy maddanyň manysy boýunça ýaşamak hukugynyň amala aşyrylmagynda ösüş hökmünde garalmalydyr we olar barada Komitete ýetirmek gerek diýip netijä geldi. Komitet käbir döwletlerde ölüm jezasy eýýäm ýatyrylandygy ýa-da ölüm hökümleriň çykarylyşy wagtlaýyn togtadylandygy barada belläp geçýär. Oňa garamazdan, döwletleriň çykyşlaryndan ölüm hökümlerini ýatyrmak ýa-da çykarylyşyny çäklendirmek ugrundaky ösüş has ujypsyzdygy görünýär.

7. Komitet "has agyr jenaýatlar" aňlatmasyny ölüm hökümi aýratyn çäre bolup durýandygyny aňladýan ýaly çäkli düşündirmek zerur diýen pikiriň tarapdary bolup durýar. 6-njy maddanyň dogry kesgitlenen pikirlerinden ölüm hökümi şeýle jenaýat edilen pursatynda Ylalaşygyň düzgünlerine garşy bolmadyk diňe hereket edýän kanuna laýyklykda çykarylyp bilner. Onda göz öňünde tutulan iş tertip häsiýetli kepillendirmeler, garaşsyz kazyýet tarapyndan adalatly kazyýet seljerişine bolan hukugy, günäsizlik prezumpsiýasy, goragyň minimal kepillendirmeleri we iň ýokary basgançakly kazyýet bilen gaýtadan seretmeklige bolan hukugy goşanda, berjaý edilmelidir. Bu hukuklar günä geçmek ýa-da hökümi ýeňletmek barada soramak takyk hukuga goşmaça hökmünde amala aşyrylmalydyr.

# Umumy tertipli 20-nji bellik (RSHHY-nyň 7-nji maddasy)

*Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky Halkara Ylalaşygyň 40-njy maddasynyň 4-nji bölümine laýyklykda Adam hukuklar boýunça Komitet tarapyndan kabul edildi*
*(Kyrk dördünji sessiýa, 1992-nji ýyl)*

---

1. Umumy tertipli şu bellik umumy tertipli 7-nji belligiň mazmunyny görkezip we kämilleşdirip onuň ornuny tutýar (on altynjy sessiýa, 1982-nji ýyl).

2. Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky Halkara ylalaşygyň 7-nji maddasynyň düzgünleriniň maksady şahsyýetiň mertebesini goramakdan, şeýle hem fiziki hem-de ruhy eldegrilmesizligini üpjün etmekden ybaratdyr. Gatnaşyjy döwlet kanun çykaryjy we beýleki zerur çäreleri kabul etmek arkaly, öz resmi ygtyýarlyklarynyň çäklerinde, bu ygtyýarlyklaryň çäklerinden daşarda ýa-da hususy hökmünde hereket edýän adamlar bu hereketleri amala aşyrýandygyna garamazdan, 7-nji maddada gadagan edilen hereketlerden islendik adamyň goragyny üpjün etmäge borçludyr. 7-nji maddada bar bolan gadagan etme Ylalaşygyň 10-njy maddasynyň 1-nji bölüminiň pozitiw talaplary bilen dolýar; bu bölümde “azatlykdan mahrum bolan ähli adamlaryň adam şahsyýetine mahsus bolan ynsanperwerlikli garaýşa we mertebesine hormat goýmaklyga hukugynyň bardygy” göz öňünde tutulýar.

3. 7-nji maddanyň teksti hiç hili çäklendirmelere ýol bermeýär. Komitet hem Ylalaşygyň 4-nji maddasynda aýdylyp geçilýän adatdan daşary ýgdaýlarda 7-nji maddanyň düzgünlerinden hiç hili çykmalara ýol berilmeýändigini tassyklaýar, we bu maddanyň düzgünleri hemişe güýçde galmalydyrlar. Şoňa meňzeş usul bilen Komitet hiç hili deliller ýa-da ýeňledýän ýagdaýlar islendik sebäpler boýunça, ýokarda duran wezipeli adamyň ýa-da döwlet häkimiýet edarasynyň buýrugyny goşanda, 7-nji maddany bozmak üçin esaslar hökmünde getirilip bilinmejegini nygtaýar.

4. Ylalaşykda 7-nji madda bilen gurşap alnan düşünjeleriň haýsydyr kesgitlemesi ýokdyr, we Komitet gadagan edilen hereketleriň sanawyny işläp taýýarlamak ýa-da jezanyň ýa garaýşyň dürli görnüşleriniň arasynda anyk çäklendirmeleri bellemek zerur diýip hasaplamaýar; bu çäklendirmeler ulanylýan garaýşyň häsiýetine, maksadyna we rehimsizligine baglydyr.

5. 7-nji madda bilen göz öňünde tutulan gadagan etmeler diňe bir pida fiziki agyryny ýetirýän hereketlere däl-de, eýsem ruhy ejirlere eltýän hereketlere hem degişlidir. Onmdan başga-da, Komitetiň pikiri boýunça, bu gadagan etmeler, jenaýat üçin jeza hökmünde ýa-da terbiýeçilik we düzgün-tertip çäresi hökmünde bellenilýän hetdenaşa gamçylamany goşanda, beden jezalaryna hem ýaýramalydyr. Muňa degişlilikde, 7-nji madda, hususan-da, okuw edaralarynda okaýan we lukmançylyk edaralarynyň pasiýentleri bolan çagalary goraýandygyny nygtamak gerek.

6. Komitet tussag astynda saklanylýanyň ýa-da azatlykdan mahrum bolan adamyň uzak wagtlap ýekelikde saklanmagyny 7-nji maddada gadagan edilen hereketlere deňleşdirip boljakdygyny belleýär. Komitetiň umumy tertipli öz 6 (16)-njy belliginde görkezilişi ýaly, umuman Ylalaşygyň 6-njy maddasynda şeýle ýatyrmaklyk islege laýyk bolup durýandygyny takyk göz öňünde tutýan aňlatmalardaky ölüm jezasyny ýatyrmaklyk barada hem aýdylýar. Ondan başga-da, haçanda haýsydyr bir gatnaşyjy döwlet iň agyr jenaýatlar üçin ölüm jezasyny ulanýan bolsa, ol diňe bir 6-njy madda laýyklykda pugta çäklendirilmeli däl-de, eýsem boldugyça az fiziki hem-de ruhy ejirleri ýetirýän şeýle usul bilen ölüm jezasyny ýerine ýetirilmelidir.

7-nji maddada degişli adamyň erkin razylygy bolmazdan lukmançylyk ýa-da ylmy synaglaryň geçirilmeginiň anyk gadagan etmesi bardyr. Komitet gatnaşyjy döwletleriň çykyşlarynda bu mesele barada adaty az maglumatlaryň bardygyny belleýär. Şu düzgüniň berjaý edilişiniň zerurlygyna we üpjün ediliş ýollaryna köp üns bermek gerek. Şeýle hem Komitet şeýle synaglary geçirmek bilen baglylykda aýratyn goragy kanun tarapyndan göz öňünde tutulan razylygy bermäge ukypsyz adamlara, hususan-da, tussag astynda saklanylmagyň haýsydyr bir görnüşune ýa-da azatlykdan mahrum edilmegine sezewar edilýän adamlara üpjün etmegiň gerekdigini belleýär. Bu adamlar olaryň saglygyna zyýan ýetirip biljek lukmançylyk ýa-da ylmy synaglaryň obýekti bolmaly däldir.

8. Komitet 7-nji maddany amala aşyrmak üçin şeýle garaýşy ýa jezany gadagan etmek ýa-da olary jenaýat hökmünde kesgitlemek ýeterlikli däldigini nygtaýar. Gatnaşyjy döwletler olaryň garamagynda ýerleşýän islendik çäklerde gynama hereketleriň we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebesini kemsidýän garaýşyň görnüşleriniň öňüni almak maksady bilen olar tarapyndan kabul edilýän kanunçykaryjy, dolandyryş, kazyýet we beýleki çäreler barada Komiteti habarly etmek gerek.

9. Komitetiň pikiri boýunça, gatnaşyjy döwletler bermek, ýurtdan çykarmak ýa-da gaýtaryp bermek (refoulement) arkaly adamlaryň beýleki ýurda gaýdyp barmagy bilen, olara gynamalary ýa-da rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebesini kemsidýän garaýşyň görnüşlerini ulanmak ýa-da jezalandyrmak howpuna sezewar etmeli däldir. Gatnaşyjy döwletler öz çykyşlarynda bu maksat bilen haýsy çäreler görülendigini görkezmek gerek.

10. Gatnaşyjy döwletler 7-nji madda laýyklykda gynamalary we garaýşyň kesgitli görnüşlerini gadagan etmek barada degişli maglumaty ilatyň giň gatlaklarynyň arasynda nähili ýaýradýandygy barada Komiteti habarly etmek gerek. Tussag etmekligiň, saklanmagyň ýa-da azatlykdan mahrum etmekligiň haýsy-da bolsa bir görnüşine sezewar edilen islendik adamyň tussag astynda saklanmagyna ýa-da oňa bolan garaýşa degişlilikde hukuk goraýjy edaralaryň işgärleri, lukmançylyk işgärleri, polisiýanyň işgärleri we islendik beýleki adamlar degişli görkezme we zerur bolan taýýarlygy almalydyrlar. Gatnaşyjy döwletler berlen görkezme we geçirilen taýýarlyk barada we şeýle adamlaryň wezipe borçlary we olaryň saklanmaly etiki kadalary baradaky düzgünleri 7-nji maddada bar bolan gadagan etmeleriň düzümleýin bölegi bolýandygy ýa bolmaýandygy barada Komiteti habarly etmek gerek.

11. 7-nji madda bilen gadagan edilen hereketlerden hersiniň etmäge hukugy bar bolan umumy goragy üpjün edýän çäreleriň beýanyndan daşary, gatnaşyjy döwletler has gowşak adamlar üçin ýörite goramagyň kepillendirmeleri barada jikme-jik maglumaty bermek gerek. Sorag geçirmegiň düzgünleriniň, görkezmeleriniň, usullarynyň we tejribesiniň, şeýle hem tussag etmekligiň, saklanmagyň ýa-da azatlykdan mahrum etmekligiň haýsy-da bolsa bir görnüşine sezewar edilen adamlaryň tussag astynda saklanmagyna ýa-da oňa bolan garaýşa degişli düzgünleriň berjaý edilişine bolan yzygiderli gözegçilik gynamalara we erbet garaýşa ýol bermezligiň netijeli serişdesi bolup durýandygyny bellemek gerek. Tussag astynda saklanylýan adamlaryň netijeli goragyny üpjün etmek üçin olar resmi taýdan tussag astynda saklanylýan ýerler hökmünde ykrar edilen ýerlerde saklanmak üçin, we olaryň familiýalary hem-de tussag astynda saklanylýan ýerleri we olaryň tussag astynda saklanyşy üçin jogapkär adamlaryň familiýalary bilen bir deňlikde gyzyklanma bildiren adamlar üçin, şol sanda garyndaşlar hem-de dostlary üçin elýeter bolan sanawda görkezmek üçin çäreler görmek zerurdyr. Bu maksatlarda ähli soraglaryň wagty hem-de geçirilen ýeri, şeýle hem olara gatnaşan ähli adamlaryň familiýalary bellenmelidir, we bu maglumat hem kazyýet we edara ediş seljermeleriň maksatlary üçin elýeter bolmalydyr. Şeýle hem hat alyşmak hem-de gatnaşyk saklamak hukuksyz tussag astynda saklamaklygy gadagan etmek maksatlarynda

çäreleri görmek gerek. Munuň bilen baglylykda, gatnaşyjy döwletler saklanmagyň ähli ýerlerinde gynamalar ýa-da erbet garamak üçin ulanylyp boljak haýsydyr bir enjamyň gurnalmazlygyny üpjün etmelidirler. Tussag astynda saklanylýan adamyň goragy, eger ony derňewiň bähbitleri talap edýän bolsa, degişli gözegçilik astynda lukmanlara öz wagtynda we yzygiderli barmaga we aklawçylary, maşgala agzalaryny görmäge rugsat bilen üpjün edilişi hem göz öňünde tutýar.

12. 7-nji madda boýunça bozulmalara garşy hereket etmek üçin, kanun tarapyndan gynamalary ýa-da garaýşyň beýleki gadagan edilen görnüşlerini ulanmak arkaly kazyýet seljermelerinde ýerlikli hökmünde alnan arzalary ýa-da boýun almalary ulanmagyň ýa-da kabul etmegiň gadagan edilmegi möhümdir.

13. Öz çykyşlaryny hödürläp, gatnaşyjy döwletler gynamalary we rehimsiz, adamkärçiliksiz we mertebesini kemsidýän garaýşy ýa-da jezany gadagan edýän öz jenaýat hukugynyň düzgünleri barada habar bermelidir, we döwletiň adyndan çykyş edýän resmi ýa beýleki adamlar ýa-da hususy şahslar tarapyndan edilen şeýle hereketlere degişlilikde haýsy jeza çäreleri ulanylýandygyny görkezmelidir. Gadagan hereketleri etmäge ýa-da olary etmek barada buýruk bermäge, ýa-da olaryň edilişine dözümlilik etmäge, ýa-da şeýle hereketleri aslyýetinde etmäge gönükdirme görnüşinde 7-nji maddany bozýan adamlar jogapkärçilik çekmelidirler. Şonuň üçin, buýruklary etmekden boýun gaçyran adamlar jezalandyrmaly däldir ýa-da haýsydyr ýaramaz garaýşa sezewar edilmeli däldir.

14. 7-nji maddany Ylalaşygyň 2-nji maddasynyň 3-nji bölüminiň sazlaşmagynda garamak gerek. Gatnaşyjy döwletler öz çykyşlarynda olaryň hukuk ulgamy tejribede haýsy usul bilen 7-nji maddada gadagan edilen ähli herketleriň derrew bes edilmegini, şeýle hem oňa deňlikde zyýanyň degişli öwez dolmasynyň mümkinçiligini kepillendirýändigini görkezmelidir. Içerki kanunçylykda 7-nji madda bilen gadagan edilen nädogry garaýşa degişlilikde şikaýat etmek hukugy ykrar edilmelidir. Şikaýatlar hukuk goragynyň şu serişdesini netijeli ulanmaklygy üpjün etmek maksady bilen ygtyýarly edaralar bilen gaýra goýulmasyz we tarapgöýsiz derňelmelidir. Gatnaşyjy döwletleriň çykyşlary nädogry garaýşyň pidalarynyň ygtyýarynda bar bolan hukuk goragynyň serişdeleri barada, we şikaýat berijileriň saklanmaly tertipleri barada takyk maglumatlary, şeýle hem şikaýatlaryň sany we olara seretmekligiň netijeleri barada statistiki maglumatlary öz içine almalydyr.

15. Komitet käbir döwletleriň gynama hereketlerine degişlilikde günä geçme yglan edendikleri barada belledi. Günä geçmeler döwletleriň şeýle etmişleriň derňewini geçirmek, öz garaşlylygynyň çäklerinde şeýle hereketlerden erkinligini kepillendirmek, we gelejekde olaryň gaýtalanmazlygyny üpjün etmek borjy bilen adaty boýunca utgaşyksyzdyr. Döwletler öwez dolmasyny we mümkin bolup biläýjek şeýle doly dikeldilmesini goşanda, adamlary goragyň haýsydyr bir serişdesini netijeli ulanmak hukugyndan mahrum edip bilmez.

# Umumy tertipli 8-nji bellik (RSHHY-nyň 9-njy maddasy)

*Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky Halkara Ylalaşygyň 40-njy maddasynyň 4-nji bölümine laýyklykda Adam hukuklar boýunça Komitet tarapyndan kabul edildi*
*(On altynjy sessiýa, 1982-nji ýyl)*

1. Gatnaşyjy döwletleriň çykyşlarynda azatlyga we şahsy eldegrilmesizlige bolan hukuga degişli 9-njy madda köplenç örän çäkli düşündirmesine eýe bolýar, we şonuň üçin olar doly bolmadyk maglumaty berýärler. Komitet 1-nji bölüm azatlykdan mahrum etmek ýagdaýlaryň ählisine: jenaýat işler ýagdaýlarynda ýa-da beýleki ýagdaýlarda, mysal üçin, ruhy keselleme, sergezdanlyk, neşekeşlik, terbiýeçilik maksatlary, immigrasiýa gözegçiligi ýaly we ş.m. ýagdaýlarda ulanylýandygyny görkezýär. Hakykatdan hem, 9-njy maddanyň käbir düzgünleri (2-nji bölümiň bölegi we ähli 3-nji bölüm) diňe jenaýat etmişleri etmekde günä bildirilen adamlara degişlilikde ulanylýar. Emma, galan düzgünler, hususan-da, 4-nji bölümde göz öňünde tutulan möhüm kepillendirme, ýagny tussag edilşiniň kanunylygyny kazyýet tarapyndan kesgitlenmesine bolan hukuk, tussag edilmegiň ýa-da tussag astyna almagyň netijesinde azatlykdan mahrum bolan ähli adamlara degişlilikde ulanylýar. Ondan başga-da, gatnaşyjy döwletler 2-nji maddanyň 3-nji bölüminiň düzgünlerine laýyklykda, islendik adamyň azatlykdan mahrum edilmegi Ylalaşygyň düzgünlerine garşy bolýanlygyny tassyklaýan beýleki halatlarda oňa hukuk goragynyň netijeli serişdelerini üpjün etmäge borçludyrlar.

2. 9-njy maddanyň 3-nji bölüminde jenaýat etmişde aýyplanýan her tussag edilen ýa-da tutulan adam “gyssagly tertipde” kazynyň ýa-da kazyýet häkimiýetini amala aşyrmaga kanun boýunça hukugy bolan beýleki wezipeli adamyň ýanyna eltilmegi göz öňünde tutulýar. Gatnaşyjy döwletleriň köpüsinde kanun tarapyndan has takyk aňryçäk möhletleri bellenilýär, we, Komitetiň pikirine görä, saklanma birnäçe günden artyk bolmaly däldir. Köp döwletler muňa degişlilikde ulanylýan tejribe barada ýeterliksiz maglumaty berdiler.

3. Beýleki mesele kazyýet seljermesine çenli tussag astynda saklamagyň umumy dowamlylygydyr. Birnäçe ýurtlarda jenaýat işleriň käbir toparlary bilen baglylykda bu mesele Komitetiň agzalarynda belli bir ynjalyksyzlygy ýüze çykardy, we olarda bu döwletlerde ulanylýan tejribe 3-nji bölüme laýyklykda “göwnejaý möhletiň dowamynda kazyýet seljermesine ýa-da boşadylmagyna” bolan hukuk baradaky düzgüne laýyk gelýän ýa-da gelmeýänligi barada şübhe döretdi. Kazyýet seljermesine çenli tussag astynda saklamaklyga aýratyn çäre hökmünde garalmalydyr, we onuň möhleti mümkin boldugyça gysga bolmalydyr. Komitet bar bolan mehanizmlere, we tussag astynda şeýle saklanmagyň möhletini kemeltmek maksady bilen görülýän çärelere degişlilikde maglumat almaklygy makullar.

4. Edil şonuň ýaly hem, eger jemgyýetçilik howpsuzlyk düşünjeleri bilen höküm edýän deslapky tussag astynda saklamak diýlip atlandyrylýan ýagdaý ulanylsa, onda ol hem şu düzgünler bilen kadalaşdyrylmalydyr, ýagny esassyz bolmaly däldir we kanun bilen (1-nji bölüm) bellenilen şeýle esaslarda we şeýle tertiplere laýyklykda amala aşyrylmalydyr; tussag edilene tussagyň sebäpleri habar berilmelidir (2-nji bölüm); kazyýet tussag edilmegiň kanunylygy barada karar çykarmalydyr (4-nji bölüm), we bikanun tussag edilende ýa-da

tussag astynda saklananda degişli öwez dolmasy berilmelidir (5-nji bölüm). We eger-de ondan başga-da şeýle ýagdaýlarda belli bir adama jenaýat etmişi edenlikde günä bildirilýän bolsa, onda oňa hem 9-njy maddanyň 2-nji we 3-nji bölümlerinde, şeýle hem 14-nji maddada göz öňünde tutulan doly gorag berilmelidir.

# Umumy tertipli 21-nji bellik (RSHHY-nyň 10-njy maddasy)

*Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky Halkara Ylalaşygyň 40-njy maddasynyň 4-nji bölümine laýyklykda Adam hukuklar boýunça Komitet tarapyndan kabul edildi*
*(Kyrk dördünji sessiýa, 1992-nji ýyl).*

---

1. Umumy tertipli şu bellik umumy tertipli 9-njy belligi görkezip we kämilleşdirip onuň ornuny tutýar (on altynjy sessiýa, 1982-nji ýyl).

2. Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky Halkara ylalaşygyň 10-njy maddasynyň 1-nji bölümi týurmelerde, keselhanalarda, hususan-da, ruhy keselhanalarda, bendiwan edilen admalr üçin lagerlerde ýa-da düzediş edaralarynda ýa-da başga ýerlerde saklanylyp döwletiň kanunlaryna we häkimiýetine laýyklykda azatlykdan mahrum edilen islendik adamlara degişlilikde ulanylýar. Gatnaşyjy döwletler öz garaşlylygynyň çäklerinde agzalan adamlaryň saklanylýan ähli edaralarynda we guramalarynda görkezilen maddadaky berkidilen ýörelgäniň berjaý edilişini üpjün etmelidir.

3. 10-njy maddanyň 1-nji bölümi azatlykdan mahrum bolandygy sebäpli aýratyn gowşak ýagdaýda bolan adamlara degişliligi boýunça pozitiw borçnamany gatnaşyjy döwletlere salýar, we olar üçin Ylalaşygyň 7-nji maddasyndaky gynamalary ýa-da rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa mertebesini kemsidýän garaýşy ýa-da jezany gadagan edýän düzgünler bilen ony dolýar. Şunuň bilen, azatlykdan mahrum edilen adamlar lukmançylyk ýa-da ylmy synaglary goşanda, diňe 7-nji madda garşy bolýan garaýşa sezewar bolmagy däl-de, eýsem azatlykdan mahrum etmekligiň netijesi bolup durýan beýleki horluklary ýa-da agyrlyklary çekmeli däldirler: bu adamlaryň mertebesi edil azatlykdaky adamlaryň mertebesiniň derejesinde hormatlanmalydyr. Azatlykdan mahrum edilen adamlar bendilikdäki durmuş üçin gutulgysyz çäklendirmeleri nazara alyp, Ylalaşykda ykrar edilen ähli hukuklardan peýdalanýarlar.

4. Azatlykdan mahrum edilen ähli adamlaryň mertebesine hormat goýup, olara bolan ynsanperwerlikli garaýyş köptaraply ulanylşyň esasgoýujy düzgüni bolup durýar. Şonuň üçin onuň ulanylşy gatnaşyjy döwletde bar bolan maddy gorlardan, iň az derejede, garaşly bolmaly däldir. Bu düzgün jynsyna, teniň reňkine, aýal-erkekligine, diline, dinine, syýasy ýa-da beýleki ygtykatlaryna, milli ýa-da durmuş taýdan gelip çykyşyna, emläk, gatlak ýa-da başga ýagdaýyna degişlilikde hiç hili tapawutsyz ulanylmalydyr.

5. Gatnaşyjy döwletlere öz çykyşlarynda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan bellenilen tussaglara bolan garaýşa degişli kadalary: Tussaglara bolan garaýşyň minimal standart düzgünleri (1957-nji ýyl), Haýsydyr bir görnüşde tussag edilmäge ýa-da tussag astynda saklanmaga sezewar edilýän ähli adamlaryň gorag ýörelgeleriniň ýygyndysy (1988-nji ýyl), Hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlaryň özüni alyp baryş kodeksi (1978-nji ýyl) we Tussaglary ýa-da tussag edilenleri gynamalardan we beýleki rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebesini kemsidýän garaýşyň we jezanyň görnüşlerinden goramakda saglygy goraýyş işgärleriň, aýratyn-da lukmanlaryň, ornuna degişli bolan lukmançylyk etikasynyň ýörelgeleri (1982-nji ýyl), haýsy derejede ulanylýandygyny görkezmek teklip edilýär.

6. Komitet çykyşlarda 10-njy maddanyň 1-nji bölüminde göz öňünde tutulan hukuk bilen bagly milli kanunçykaryjy we dolandyryş düzgünleri barada jikme-jik maglumatlaryň

bolmalydygyny ýatladýar. Şeýle hem Komitet azatlykdan mahrum edilen adamlara bolan garaýşa degişliligi bar bolan düzgünleriň durmuşda ulanylşyna gözegçiligi amala aşyrmak üçin ygtyýarly edaralar bilen kabul edilen anyk çäreleri çykyşlarda takyk görkezmek zerur diýip hasaplaýar. Gatnaşyjy döwletler öz çykyşlaryna penitensiar edaralara bolan gözegçilik ulgamyna, gynamalara we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebesini kemsidýän garaýşa ýol bermezlik boýunça anyk çärelere, şeýle hem tarapgöýsiz gözegçiligi üpjün etmek serişdelerine degişli bolan maglumatlary goşmak gerek.

7. Ondan başga-da, Komitet çykyşlarda dürli ulanylýan düzgünler azatlykdan mahrum edilen adamlaryň üstünden höküm sürýän wezipeli adamlaryň okuwynyň we hünär taýýarlygynyň düzüm bölegini düzýänligini ýa-da düzmeýänligini, we bu wezipeli adamlar öz borçlaryny amala aşyranda görkezilen düzgünleri gyşarnyksyz berjaý edýändigini ýa-da etmeýändigini görkezmek gerek diýip ýatladýar. Şeýle hem, bu maglumat tussag edilenler ýa-da tussag astynda saklanylýanlar üçin elýeter ýa-da elýetmezligini we olarda bu düzgünleri berjaý etmekligi üpjün etmäge, eger olar berjaý edilmeýän bolsa, şikaýatlar bilen ýüz tutmaga we bozulan halatynda barabar öwez dolmasyny almaga ygtyýar berýän hukuk goragynyň netijeli serişdeleriniň bardygyny ýa-da ýoklugyny anyklmak maksada laýyk bolardy.

8. Komitet 10-njy maddanyň 1-nji bölüminde beýan edilen ýörelge 10-njy maddanyň 2-nji we 3-nji bölümlerinde berkidilen jenaýat adalatlylygyna degişlilikde gatnaşyjy döwletleriň has belli borçnamalary üçin esas boljakdygyny ýatladýar.

9. 10-njy maddanyň 2-nji bölüminiň a) kiçi bölüminde aýratyn ýagdaýlar bolmadyk halatlarda günäliler ýyl kesilenlerden aýratynlykda ýerleşdirmekligi göz öňünde tutulýar. Şeýle aýyrma, 14-nji maddanyň 2-nji bölüminde aýdylyp geçilişi ýaly, şol bir wagtda günäsiz hasaplanmak hukugynyň bardygy bilen ýyl kesilmedik adamlaryň derejesine eýe bolýandygyny nygtamak üçin talap edilýär. Gatnaşyjy döwletleriň çykyşlarynda haýsy usul bilen günäliler ýyl kesilenlerden aýrylýandygyny görkezmek, we günäliler üçin düzgüniň ýyl kesilenleriň düzgüninden nämede tapawudynyň bardygyny kesgitlemek gerek.

10. Ýyl kesilen adamlara degişliligi bar bolan 10-njy maddanyň 3-nji bölümine degişlilikde, Komitet gatnaşyjy döwletiň penitensiar ulgamynyň işleýşi barada jikme-jik maglumaty almaklyga isleg bildirýär. Penitensiar ulgamy diňe bir jeza beriji häsiýete eýe bolman, eýsem ol uly derejede tussagyň düzedilişine we sosial dikeldilişine çalyşmalydyr. Gatnaşyjy döwletlere tussaglykdan boşadylandan soň ýardam bermek ulgamynyň bardygyny anyk görkezmekligi we onuň nähili derejede üstünlikli işleýşi barada maglumat bermekligi teklip edilýär.

11. Birnäçe ýagdaýlarda, gatnaşyjy döwlet tarapyndan berilýän maglumatlar nä kanunçykaryjy ýa-da dolandyryş düzgünlere bolan, nä ýyl kesilenleri gaýtadan terbiýelemekligi üpjün etmeklige gönükdirilen tejribe çärelerine bolan anyk salgylanmasyny öz içine almaýar. Komitet penitensiar edarasynda, şeýle hem onuň çäginden daşda saklanylýan adamlar üçin niýetlenilen okuwy, bilimi, gaýtadan terbiýelemegi, hünär gözükmekligi we taýýarlygy üpjün etmek maksatlarynda, şeýle hem zähmet terbiýeleniş maksatnamalarynda kabul edilýän çäreler barada anyk maglumatlary bermekligi soraýar.

12. 10-njy maddanyň 3-nji bölüminde berkidilen ýörelge doly derejede berjaý edilýändigini anyklamak üçin, Komitet, şeýle hem, saklanylýan döwründe ulanylýan çäreler hakynda, mysal üçin, her takyk ýagdaýda ýyl kesilen bilen garaýşyň usullaryna we ýyl kesilenleriň toparlara bölünilişine, düzgün-nyzam ulgamyna, bir adamlyk kamerada aýra saklamaklyga we güýçlendirilen gözegçilik şertlerinde tussag astynda saklamaklyga, şeýle hem ýyl kesilene daşky dünýä bilen (maşgalasy, aklawçysy, durmuş we lukmançylyk gulluklary, hökümete

dahylsyz gurmalar bilen) gatnaşyklaryň üpjün edilişiniň şertlerine degişli çäreler hakynda maglumaty oňa bermekligi soraýar.

13. Ondan başga-da, Komitet käbir gatnaşyjy döwletleriň çykyşlarynda günäkärlenýän kämillik ýaşyna ýetmediklere we kämillik ýaşyna ýetmedik hukuk bozujylara bolan garaýşa degişli maglumatyň ýoklugyny belläp geçýär. 10-njy maddanyň 2-nji bölüminiň b) kiçi bölüminde günäkärlenýän kämillik ýaşyna ýetmedikler kämillik ýaşyna ýetenlerden aýrylýandygy barada aýdylýar. Çykyşlarda berlen maglumatlar käbir döwletler tarapyndan şu halatda Ylalaşygyň hökmany düzgüni barada gürrüň edilýändigine geregiçe üns berilmeýändigini görkezýär. Şeýle hem bu kiçi bölümiň tekstinde kämillik ýaşyna ýetmediklere degişli işler iň gysga wagtyň içinde seredilmelidigi göz öňünde tutulýar. Çykyşlarda bu düzgüniň ýerine ýetirilişi üçin gatnaşyjy döwletler tarapyndan kabul edilýän çäreler anyk görkezilmelidir. Iň ahyrynda, 10-njy maddanyň 3-nji bölümine laýyklykda, bu hukuk bozujylaryň düzelişine we sosial gaýtadan terbiýelenişine ýardam etmek maksatlarynda, olar kämillik ýaşyna ýetenlerden aýrylmalydyrlar we olara olaryň ýaşyna laýyk düzgün, şeýle hem tussag astynda saklamagyň şertlerine, mysal üçin, gysgaldylan iş gününe we garyndaşlar bilen gatnaşyklara degişli hukuk derejesi berilmelidir. 10-njy maddada kämillik ýaşyna ýetmedik hukuk bozujylaryň ýaşynyň haýsydyr çäkleri görkezilmändir. Şeýle-de bolsa, ol degişli durmuş, medeni we beýleki şertler hasaba alnyp her gatnaşyjy döwlet bilen özbaşdak kesgitlenýär, Komitet 6-njy maddanyň 5-nji bölümi 18 ýaşdan ýaş adamlaryň ählisi, iň bolmanda, jenaýat adalatlylygyna degişli bolan işlerde kämillik ýaşyna ýetmedikler diýip çen edýär diýip hasap edýär. Döwletler kämillik ýaşyna ýetmedikler diýlip hasap edilýän adamlaryň ýaş toparlary barada degişli maglumatlary bermek gerek. Munuň bilen baglylykda, gatnaşyjylara “Pekin düzgünleri” (1987-nji ýyl) hökmünde belli bolan kämillik ýaşyna ýetmediklere degişlilikde adalatlylygy berjaý etmeklige degişli bolan Birleşen Milletler Guramasynyň Minimal standart düzgünlerini ulanýandygy ýa-da ulanmaýandygyny görkezmeklik teklip edilýär.

# Umumy tertipli 16-njy bellik (RSHHY-nyň 17-nji maddasy)

*Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky Halkara Ylalaşygyň 40-njy maddasynyň 4-nji bölümine laýyklykda Adam hukuklar boýunça Komitet tarapyndan kabul edildi*
*(Otuz ikinji sessiýa, 1988-nji ýyl)*

---

1. 17-nji madda her adamyň onuň şahsy we maşgala durmuşyna esassyz ýa-da bikanun gatyşmaklykdan, onuň eldegrilmesizligine ýa-da jaýynyň, hatlarynyň gizlinligine esassyz ýa-da bikanun kast etmeklikden, şeýle hem onuň mertebesine we abraýyna bikanun kast etmeklikden goraga bolan hukugyny göz öňünde tutýar. Komitetiň pikirine görä, bu hukuk döwlet edaralary, fiziki ýa-da edara görnüşindäki taraplar tarapyndan amala aşyrylýandygyna garamazdan islendik şeýle gatyşmaklykdan we şeýle kast etmeklikden kepillendirmeler bilen güýçlendirmelidir. Bu maddadan gelip çykýan borçnamalar döwletden şeýle gatyşmaklygy we şeýle kast etmekligi degerli gadagan etmek üçin, şeýle hem bu hukugy goramak üçin kanunçylyk we beýleki çäreleri kabul etmekligi talap edýär.

2. Munuň bilen baglylykda, Komitet Ylalaşyga gatnaşyjy döwletleriň çykyşlarynda kanunçykaryjy, dolandyryş we kazyýet häkimiýetleri ýa-da döwletde döredilen islendik beýleki ygtyýarly edaralary bilen bu hukugyň berjaý edilişi haýsy usul bilen kepillendirilýändigi baradaky maglumata degerli üns berilmeýändigini nygtamagy isleýär. Hususan-da, Ylalaşygyň 17-nji maddasynda bikanun, şeýle hem esassyz gatyşmaklykdan gorag hakynda gürrüň edilýändigine ýeterliksiz üns berilýär. Bu bolsa şu maddada berkidilen hukugyň goragy ilki bilen döwletiň kanunçylygynda göz öňünde tutulmalydygyny aňladýar. Muňa garamazdan, häzirki wagtda çykyşlarda şeýle kanunçylyk barada düýbünden gürrüň edilmeýär, ýa-da ol barada ýeterliksiz maglumat berilýär.

3. “Bikanun” adalgasy kanun tarapyndan göz öňünde tutulan halatlardan başga ýagdaýlarda gatyşmaklygyň asla ornunyň ýoklugyny aňladýar. Döwletler tarapyndan rugsat berilýän gatyşmaklyk öz nobatynda diňe Ylalaşygyň düzgünlerine, maksatlaryna we wezipelerine laýyk gelýän kanunyň esasynda amala aşyrylyp bilner.

4. “Esassyz gatyşmaklyk” aňlatmasy hem 17-nji maddada göz öňünde tutulan hukugyň goragy bilen baglydyr. Komitetiň pikirine görä, “esassyz gatyşmaklyk” aňlatmasy kanun tarapyndan rugsat berilýän gatyşmaklyga hem ýaýrap biler. Esassyzlyk düşünjesiniň girizmekligi kanun tarapyndan rugsat berilýän gatyşmaklyk hem Ylalaşygyň düzgünlerine, maksatlaryna we wezipelerine laýyk bolmagy üpjün etmekligi we islendik ýagdaýda anyk ýagdaýlarda esasly bolmaklygy talap edýär.

5. “Maşgala” adalgasyna seredilende, Ylalaşygyň kesgitlemesi 17-nji maddanyň maksatlary üçin bu düşünje giňden düşündirilmegini we degişli gatnaşyjy döwletiň jemgyýetinde düşünilişi ýaly maşgala düzümine girýänleriň ählisini gurşap almaklygyny talap edýär. Ylalaşygyň 17-nji maddasynda ulanylan iňlis dilindäki “home”, arap dilindäki “manzel”, hytaý dilindäki “zhuzhai”, fransuz dilindäki “domicile”, rus dilindäki "жилище" we ispan dilindäki "domicilio" sözleri adamyň ýaşaýan ýa-da öz adaty işleri bilen meşgullanýan ýerini görkezýän adalgalar hökmünde düşünilmelidir. Munuň bilen baglylykda, Komitet döwletlere olaryň jemgyýeti tarapyndan “maşgala” we “jaý” düşünjelerine goýan manysyny öz çykyşlarynda açmaklygy teklip edýär.

6. Çykyşlara döwletiň hukuk ulgamynyň çäklerinde bar bolan haýsy häkimiýetler we edaralar kanun tarapyndan rugsat berilýän gatyşmaklygy tassyklamaklyga ygtyýarlydygy barada maglumat goşulmalydyr diýip Komitet hasap edýär. Şeýle gatyşmaklyga kanuna pugta laýyklykda gözegçilik amala aşyrmaga häkimiýetiň haýsy edaralary ygtyýarlydygy barada we gyzyklanma bildiren adamlar haýsy tertipde we haýsy edaralarda Ylalaşygyň 17-nji maddasynda berkidilen hukugyň bozulmasyna şikaýat edip bijekdigi barada maglumatlar hem zerurdyr. Döwletler öz çykyşlarynda tejribe haýsy derejede hakykatdan hem kanuna laýyk gelýändigini anyk görkezmelidirler. Döwletleriň çykyşlary esassyz ýa-da bikanun gatyşmaklyk bilen baglylykda berlen şikaýatlar baradaky, şeýle hem muňa bolan ol ýa-da beýleki netijenamalaryň sany baradaky maglumaty, şeýle hem islendik şeýle ýagdaýlarda goragyň serişdeleri baradaky maglumaty öz içine almalydyr.

7. Ähli adamlar jemgyýetde ýaşaýandygyna görä, şahsy durmuşyň goragy doly bolup bilmez. Şonuň bilen birlikde, ygtyýarlandyrylan döwlet edaralary Ylalaşykda düşünilişi ýaly jemgyýetiň bähbitlerinde almaklygy zerur bolan aýratyn şahsyň diňe şahsy durmuşyna degişli bolan maglumaty talap etmäge mümkinçiligi bolmalydyr. Şonuň üçin, Komitet döwletlere öz çykyşlarynda şahsy durmuşa tassyklanylan gatyşmaklygy kadalaşdyrýan kanunlary we düzgünleri görkezmekligi teklip edýär.

8. Ylalaşyga laýyk gelýän gatyşmaklyga degişlilikde hem, degişli kanunçylykda şeýle gatyşmaklyga ýol berlip bilinjek anyk ýagdaýlar jikme-jik kesgitlenmelidir. Şeýle gatyşmaklygyň tassyklanylmagy hakyndaky karar diňe kanun bilen göz öňünde tutulan takyk edara bilen we pugta aýrybaşgalykda kabul edilmelidir. 17-nji madda hat alyşmalaryň eldegrilmesizligi we gizlinligi de-ýure hem-de de-fakto ýagdaýlarynda kepillendirilmegini talap edýär. Hatlar saklanmasyz, açylmasyz we okalmasyz ýagdaýynda adresata gowuşmalydyr. Elektron ýa-da başgaça gözegçilik, telefon, telegraf we beýleki habarlaryň tutulyp alynmasy, telefon gepleşikleri diňlemek we ýazgy etmek gadagan edilmelidir. Öý dökmeklik diňe zerur subutnamalaryň gözlegi bilen çäklenmelidir we bu öýde ýaşaýan adamlara artykmaç ynjalyksyzlyk ýetirmeli däldir. Şahsy barlaga degişlilikde barlanýan adamyň mertebesini kemsitmeýän ýagdaýda barlagy geçirmek üçin netijeli çäreleri görmek zerurdyr. Döwletiň tabşyrygy boýunça hereket edýän döwlet wezipeli adamlary ýa-da lukmançylyk işgärleri bilen şahsy gözden geçirilişe sezewar edilýän adamlar diňe şol jynsdaky adamlar bilen barlanmalydyrlar.

9. Gatnaşyjy döwletler Ylalaşygyň 17-nji maddasyna gabat gelmeýän gatyşmaklary amala aşyrmaklyga özleriniň gatnaşmazlygyna borçludyrlar, we fiziki ýa-da edara görnüşindäki taralar tarapyndan şeýle hereketleri gadagan edýän hukuk esasyny üpjün etmelidirler.

10. Hususy häsiýetli maglumatlaryň döwlet häkimiýetleri ýa-da hususy adamlar ýa-da edaralar tarapyndan kompýuterlerde, maglumatlar bazasynda ýa-da başgaça ýagdaýda ýygnalmagy we saklanylmagy kanun tarapyndan kadalaşdyrylmalydyr. Döwletler haýsydyr bir adamyň şahsy durmuşyna degişli bolan maglumaty almaga, gaýtadan işlemäge we ulanmaga rugsady bolmadyk adamlaryň ellerine düşmezlik üçin, we şeýle maglumat Ylalaşygyň maksatlaryna gabat gelmeýän maksatlarda hiç haçan ulanmazlyk üçin netijeli çäreleri görmelidir. Öz şahsy durmuşyny has netijeli goramak üçin her adamyň awtomatizirlenen maglumat faýllarynda şahsy häsiýetli maglumatyň barlygyna ýa-da ýoklugyna, we eger bar bolsa, onda haýsy maglumat we haýsy maksat bilen barlygyna anyk görnüşde göz ýetirmeklige hukugy bardyr. Her adamyň haýsy döwlet edaralary ýa-da hususy adamlar ýa-da edaralar tarapyndan olaryň faýllaryna gözegçilik edilýändigine ýa-da gözegçilik edip biljekdigine göz ýetirmek mümkinçiligi bolmalydyr. Eger şeýle faýllarda şahsy häsiýetli nädogry maglumat ýerleşdirilen bolsa ýa-da eger ol kanunyň düzgünlerini

bozup ýygnalan ýa gaýtadan işlenen bolsa, onda her adamyň bu maglumatyň düzedilişini ýa-da aýrylmasyny talap etmäge hukugy bolmalydyr.

11. 17-nji madda şahsy mertebäniň we abraýyň goragyny üpjün edýär, we döwletler bu maksatlarda zerur kanunçylygy kabul etmekligi üpjün etmäge borçludyrlar. Her adama bar bolan islendik bikanun kast etmekliklerden netijeli gorag we şeýle kast etmeklikleri edýänlerden hukuk goragynyň netijeli serişdeleri hem üpjün edilmelidir. Gatnaşyjy döwletler öz çykyşlarynda şahsy mertebäniň we abraýyň goragynyň kanun bilen üpjün edilýän derejesini we özleriniň hukuk ulgamlarynda şeýle goragyň amala aşyrylyş tertibini görkezmelidirler.

# Umumy tertipli 22-nji bellik (RSHHY-nyň 18-nji maddasy)

*Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky Halkara Ylalaşygyň 40-njy maddasynyň 4-nji bölümine laýyklykda Adam hukuklar boýunça Komitet tarapyndan kabul edildi*
*(Kyrk sekizinji sessiýa, 1993-nji ýyl)*

---

1. 18-nji maddanyň 1-nji bölüminde göz öňünde tutulan pikir, wyždan we din azatlygyna (ynam azatlygyny goşanda) bolan hukuk has giň we çuňňurdyr; ol ähli meseleler boýunça pikiriň azatlygyny, şeýle hem adamyň garaýyşlaryny we ýekebara, şeýle hem başgalalar bilen bilelikde uýýan dinine ýa-da ynamlaryna bolan ygtykatyny gurşap alýar. Komitet pikir azatlygyň hem-de wyždan azatlygyň edil din hem-de ynamlar azatlygy ýaly deň derejede goralýandygyna gatnaşyjy döwletleriň ünsüni çekýär. Bu azatlyklaryň esasgoýujy häsiýeti barada indiki fakt hem güwä geçýär, Ylalaşygyň 4-nji maddasynyň 2-nji bölümine laýyklykda adatdan daşary ýagdaý ýüze çykan döwründe hem bu kadadan hiç hili çykmalara ýol berilmeýär.

2. 18-nji madda teistiki, teistiki däl we ateistik ynamlary, şeýle hem hiç hili dine ýa-da ynamlara uýmasyzlyk hukugyny goraýar. “Ynamlar” we “din” düşünjelere giň düşünmek gerek. 18-nji maddanyň düzgünleriniň ulanylyşy adaty dinler ýa-da öz guramaçylyk görnüşleri ýa-da tejribesi boýunça adaty dinlere meňzeş bolan dinler hem-de ynamlar bilen çäklenmeýär. Munuň bilen baglylykda, Komiteti islendik esaslarda, şol sanda olar täze döredilende ýa-da olara agdyklyk edýän din obşinasy duşmançylyk bilen garap biljek din azlyklary ygtykat edenlerinde, islendik dinleri ýa-da ygtykatlary kemsitmäge getirýän islendik meýil ynjalyksyzdyrýar.

3. 18-nji maddada pikir, wyždan, din ýa-da ynamlar azatlygynyň hem-de dine ýa-da ynamlara uýmak azatlygynyň arasynda tapawut geçirilýär. Bu madda pikir we wyždan azatlygyna ýa-da özüniň seçip almasy boýunça dini ýa-da ynamlary bolmak ýa-da kabul etmek azatlygyna haýsydyr çäklendirmeleri salmaga ýol bermeýär. Bu azatlyklar, edil her adamyň 19-njy maddanyň 1-nji bölümine zyýan ýetirmesiz öz pikiriniň tarapyny tutmak hukugy ýaly hiç hili çäklendirilmesiz goralýandyr. 18-nji maddanyň 2-nji bölümine we 17-nji madda laýyklykda hiç kim öz pikirlerini ýa-da ol ýa başga dine ýa-da ynamlara öz wepalylygyny aýan etmäge mejbur edilip bilinmez.

4. Dine ýa-da ynamlara uýmak azatlygy “ýekebara, şeýle hem beýlekiler bilen bilelikde, jemagat ýa-da hususy tertipde” amala aşyrylyp bilner. Ybadat edilende, din ýa-da däp dessurlar hem-de taglymatlar ýerine ýetirilende dine ýa-da ynamlara uýmak azatlygy hereketleriň has giň toparyny gurşap alýar. “Ybadat etmek” düşünjesi däp-dessurlary we ynamyň özüni gös-göni ýüze çykarýan däpleri, şeýle hem ybadat ýerleriň gurluşygyny, däp-dessur formulalaryny hem-de zatlaryny, nyşanlaryň görkezmesini we dynç alynýan baýramçylyklaryň hem-de dynç alyş günleriň berjaý edilişini goşanda, dürli olara mahsus bolan herketleri öz içine alýar. Dini ýa-da ynamlary berjaý etmeklik we olara uýmaklyk diňe bir däpleri amala aşyrmaklygy öz içine alman, eýsem iýmitleniş tertibinde bellenilen çäklendirmeleri berjaý etmek, tapawutlandyryjy egin-eşigi ýa-da baş gaplary geýmek, durmuşyň bellenilen döwürleri bilen baglylykda däp-dessurlara gatnaşmak, we degişli obşina degişli bolan adamlaryň adaty boýunça gatnaşýan aýratyn dilini ulanmak ýaly şeýle däplere eýermekligi hem alyp biler. Ondan başga-da, ol ýa başga din ýa-da ynamlar bilen bagly tejribe we taglymat din toparlaryň öz esasy işini alyp barmak bilen üznüksiz baglylykda indiki, mysal üçin, din ýolbaşçylaryny, ruhanylary we wagyz edijileri erkin bellemek,

seminariýalary ýa-da din mekdeplerini erkin döretmek we din tekstlerini ýa-da eserleri erkin düzmek hem-de ýaýratmak ýaly çäreleriň amala aşyrylyşyny öz içine alýandyr.

5. Komitet, dini ýa-da ynamlary “bolmak ýa-da olary kabul etmek” azatlygy öz dinini ýa-da ynamlaryny çalşmak ýa-da ateistik garaýyşlaryň tarapyny tutmak hukugyny, şeýle hem öz dinine ýa-da ynamlaryna uýmaklygy dowam etmek hukugyny goşmak bilen, dini ýa-da ynamlary saýlamak azatlygyny hökman çak edyändigini belleýär. 18-nji maddanyň 2-nji bölüminde dindarlary ýa-da dinsizleri öz din ynamlaryny ýa-da garaýyşlaryny saklamaga, öz dinini ýa-da ynamlaryny ret etmäge ýa-da olary başgalara çalşmaga mejbur etmek maksady bilen fiziki güýjüň ýa-da jenaýat sanksiýalarynyň ulanmaklygyny ýa-da ulanmaklyk howpuny goşanda, dini ýa-da ynamlary bolmak ýa-da olary kabul etmek hukugyny peseldýän mejbur etmeklik gadagan edilýär. Şu maksatlary yzarlaýan syýasat ýa-da tejribe, mysal üçin bilimiň, lukmançylyk hyzmatyň, işe ýerleşmegiň ýa-da 25-nji maddada we Ylalaşygyň beýleki düzgünlerinde kepillendirilen hukuklaryň elýeterliligini çäklendirýän syýasat ýa-da tejribe hem 18-nji maddanyň 2-nji bölümine gabat gelmeýärler. Şonuň ýaly gorag islendik dine dahylsyz ynamlaryň tarapyny tutýan adamlara hem kepillendirilendir.

6. Komitet, 18-nji maddanyň 4-nji bölüminiň düzgünleri, eger şeýle okuw tarapgöýsiz we ýüz görmän geçirilýän bolsa, döwlet mekdeplerinde dinleriň we ahlagyň umumy taryh okuwynyň okadylyşyna rugsat berýär diýip hasap edýär. 18-nji maddanyň 4-nji bölüminde aýdylyp geçilýän ata-eneleriň ýa-da kanuny hossarlaryň öz şahsy ynamlaryna laýyklykda öz çagalarynyň din hem-de ahlak terbiýelenişini üpjün etmek azatlygy 18-nji maddanyň 1-nji bölüminde aýdylyp geçilýän dine ýa-da ynamlara uýmak azatlygynyň kepillendirmeleri bilen baglydyr. Komitet, eger ata-eneleriň ýa-da hossarlaryň ýagdaýlaryny nazara alýan kemsidýän häsiýeti bolmadyk kadadan çykmalar we alternatiw görnüşler göz öňünde tutulmadyk bolsa, haýsydyr anyk din ýa-da ygtykat babatynda okuwy öz içine alýan döwlet bilimi 18-nji maddanyň 4-nji bölüminiň düzgünlerine gabat gelmez diýip belleýär.

7. 20-nji madda laýyklykda, hiç bir dine ýa-da ynamlara uýmaklyk urşy wagyz etmeklige ýa-da kemsitmeklige, duşmançylyga ýa-da zorluga öjükdirijiligi göz öňünde tutýan milli, jyns ýa-da din ýigrençligiň bähbidine çykyş etmeklige öwrülmeli däldir. Komitetiň özüniň umumy tertipli 11-nji [19] belliginde belleýşi ýaly, gatnaşyjy döwletler şeýle etmişleri gadagan edýän kanunlary kabul etmäge borçludyrlar.

8. 18-nji maddanyň 3-nji bölümine görä, dine ýa-da ynamlara uýmak azatlygy diňe kanun tarapyndan bellenilen we jemgyýetçilik howpsuzlygyny, tertibi, saglygy we ahlagy, beýleki adamlaryň esasy hukuklaryny we azatlyklaryny ýaly deň derejede goramak üçin zerur bolan çäklendirmelere sezewar edilýär. Diniň ýa-da ynamlaryň bolmaklyga ýa-da olary kabul etmeklige mejbur etmekden bolan azatlygy we ata-eneleriň hem-de hossarlaryň din we ahlak bilimini üpjün etmek azatlygy çäklendirmelere sezewar edilmeli däldir. Ýol berilýän çäklendirmelere degişlilikde düzgünleriň hereket ediş çygry düşündirilende, gatnaşyjy döwletler 2-nji, 3-nji we 26-njy maddalarda berkidilen deňlige we haýsydyr bir görnüşdäki kemsitmeden azatlyga bolan hukugy goşanda, Ylalaşykda kepillendirilen hukuklaryň goragynyň zerurlygyndan çykmalydyrlar. Çäklendirmeler kanun tarapyndan bellenilmelidirler we 18-nji maddada kepillendirilen hukuklara zyýan ýetirmejek usul bilen ulanylmalydyrlar. Komitet, 18-nji maddanyň 3-nji bölüminiň düzgünleri pugta düşündirilmelidigini belleýär: hatda eger şeýle çäklendirmeler Ylalaşyk tarapyndan goralýan beýleki hukuklara degişlilikde rugsat berilýan bolsa, hususan-da, döwlet howpsuzlygynyň düşünjeleri boýunça anyk göz öňünde tutulanlardan başga, çäklendirmeleri bellemek üçin hiç hili esaslar ykrar edilmeýär. Çäklendirmeler diňe olaryň niýetlenen maksatlary üçin bellenilip bilner, we olaryň maksada ýetmekligini yzarlaýan we oňa deň bolan takyk maksat bilen gös-göni bagly bolmalydyr.

Çäklendirmeler kemsitme maksatlarynda bellenilip bilmez ýa-da kemsitme usul bilen ulanylyp bilmez. Komitet, ahlaklylyk düşünjesi köp jemgyýetçilik, pelsepe we din däpleriniň esasynda düzülýär, we şonuň üçin, ahlaklylygy goramak maksatlarynda dine ýa-da ynamlara uýmaklyk azatlygyna çäklendirmeleri bellemeklik diňe bir ýeke-täk däpden gelip çykýan ýörelgelere esaslanmaly däldir. Kanun bilen bellenilen käbir çäklendirmeler adamlara degişlilikde ulanylan halatynda, mysal üçin, tussaglara ulanylanda, olar özleriniň dine ýa-da ynamlara uýmak hukuklaryndan çäklendirmäniň takyk häsiýeti bilen gabat gelýän iň doly usul bilen ulanmagy dowam edýärler. Gatnaşyjy döwletleriň çykyşlarynda kanunyň nukdaýnazaryndan, şeýle hem olary takyk şertlerde ulanmagyň nukdaýnazaryndan 18-nji maddanyň 3-nji bölümine laýyklykda bellenilýän çäklendirmeleriň doly göwrümine we netijelerine degişli bolan maglumatlar bolmalydyr.

9. Ol ýa-da beýleki din döwlet dini hökmünde ykrar edilendigi ýa-da resmi ýa-da adaty din hökmünde yglan edilendigi, ýa-da onuň tarapdarlary ilatyň köpçüligini düzýändigi baradaky hakykat 18-nji we 27-nji maddalary goşanda, Ylalaşykda berkidilen hukuklaryň islendiginiň amala aşyrylyşyna zyýan ýetirmeli däldir, beýleki dinleriň tarapdarlaryna ýa-da hiç hili dine uýmaýan adamlara degişlilikde kemsitmelere ýol bermeli däldir. Hususan-da, soňkylara degişliligi boýunça kemsidiji bolup durýan, agdyklyk edýän diniň tarapdarlary bilen döwlet gullugyna rugsady bolan adamlaryň toparynyň çäklendirmesi, ýa-da olara ykdysady artykmaçlyklaryň berilmegi, ýa-da başga ynamlara uýmaklyga bolan ýörite çäklendirmeleriň bellenilmegi ýaly käbir çäreler 26-njy maddada göz öňünde tutulan diniň ýa-da ynamlaryň esasynda kemsitmeleri we deň goragyň kepilliklerini gadagan edýän düzgünlere garşy bolýarlar. 18-nji we 27-nji maddalar bilen göz öňünde tutulan din azlyklaryň we beýleki din toparlaryň azatlyklarynyň bozulmagyndan, şeýle hem bu toparlara degişlilikde zorluk ýa-da yzarlanyş hereketlerinden möhüm kepillendirme hökmünde Ylalaşygyň 20-nji maddasynyň 2-nji bölüminde aýdylyp geçilýän çäreler bolup durýar. Komitet ähli dinleriň ýa-da ynamlaryň azatlyklaryny çäklendirmekden, we olaryň tarapdarlaryny kemsitmekden goramak maksatlarynda degişli gatnaşyjy döwletleriň Kabul eden çäreleri baradaky maglumaty almaklyga isleg bildirýär. Komitete 27-nji madda laýyklykda din azlyklaryň hukuklary baradaky maglumat hem zerurdyr, onuň esasynda ol gatnaşyjy döwletleriň pikir, wyždan, din hem-de ynamlar azatlygynyň berjaý ediliş derejesine baha berip biler. Degişli gatnaşyjy döwletler öz çykyşlaryna olaryň kanunçylygynyň we kazyýet tejribesiniň çäklerinde hudaýa şek ýetirme ýaly häsiýetlendirilýän we şonuň üçin jezalandyrma sezewar edilýän hereketlere degişli maglumaty goşmalydyrlar.

10. Eger ol ýa-da başga ynamlaryň toplumy häkimlik edýän partiýalaryň we ş.m. tertipnamalarynda, düzgünnamalarynda, ýüzlenmelerinde ýa-da hakyky durmuşda resmi aňyýet hökmünde garalýan bolsa, onda bu 18-nji maddada yglan edilen azatlyklara, ýa-da Ylalaşykda ykrar edilen beýleki hukuklara haýsydyr zyýany ýetirmeklige, resmi aňyýeti kabul etmeýän ýa-da oňa garşy çykyş edýän adamlara degişlilikde kemsitmelere eltmeli däldir.

11. Harby gullukdan boýun gaçyrmak hukugyň çeşmesi 18-nji maddada kepillendirilen azatlyklar bolýandygy esasynda, köp adamlar harby gullukdan boýun gaçyrmak hukugy barada (wyždan düşünjeleri boýunça boýun gaçyrma) mälim edýärler. Şeýle boýun gaçyrmalar bilen baglylykda, harby gullugy gulluk etmekligi gadagan edýän dini ýa-da başga ynamlara hakykatdan hem uýýan raýatlary kanun boýunça hökmany harby gullukdan boşadýan, we şeýle gullugy alternatiw milli gullugy bilen çalşýan döwletleriň sany ösýär. Ylalaşykda wyždan düşünjeleri boýunça harby gullukdan boýun gaçyrmak hukugy barada takyk hiç zat aýdylmaýar, emma Komitet ýaragy ulanmaklyga degişli borçlar wyždan azatlygy we dine ýa-da ynamlara uýmak hukugy bilen düýpli gapma-garşylykly ýgdaýda bolup biljekdigine görä, şeýle hukuk 28-nji maddadan gelip çykýar diýip hasap edýär.

Haçanda şeýle hukuk kanun ýa-da tejribe tarapyndan ykrar edilen halatlarynda, olaryň takyk ynamlarynyň häsiýetiniň esasynda wyždan düşünjeleri boýunça harby gullukdan boýun gaçyrýan adamlaryň arasynda hiç hili tapawutlyklar geçirilmeli däldir, edil şonuň ýaly hem harby gullugy etmekden olaryň boýun gaçyrmasy üçin şeýle adamlara degişlilikde hiç hili kemsitmelere ýol berilmeli däldir. Komitet gatnaşyjy döwletlere 18-nji maddada berkidilen hukuklaryň esasynda harby gullukdan adamlary boşatmaklygyň şertleri, we alternatiw milli gullugyň häsiýeti hem-de dowamlylygy baradaky maglumaty bermekligi teklip edýär.

# Gynamalara we garaýşyň hem-de jezalandyrmagyň rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän görnüşlerine garşy konwensiýa

***Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy bilen 1984-nji ýylyň 10-njy dekabrynda kabul edildi***

*Şu Konwensiýa gatnaşyjy döwletler,*

Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynda jar edilen ýörelgelere laýyklykda ynsan maşgalasynyň ähli agzalarynyň deň we aýrylmaz hukuklarynyň ykrar edilmeginiň azatlygyň, adalatlylygyň we ählumumy parahatçylygyň esasy bolup durýandygyny *nazara alyp*,

şu hukuklaryň ynsan şahsyýestine mahsus bolan mertebeden gelip çykýandygyny *ykrar edip*,

Tertipnama laýyklykda, hususan-da, 55-nji madda laýyklykda döwletleriň adam hukuklarynyň we esasy azatlyklarynyň ählumumy hormatlanylmagyna we berjaý edilmegine ýardam bermek borjuny *nazara alyp*,

Adam hukuklary hakyndaky ählumumy jarnamasynyň 5-nji maddasyny hem-de Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara ylalaşygynyň 7-nji maddasyny *hasaba alyp*, olaryň ikisinde-de hiç kimiň gynamalara ýa-da rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da onuň mertebesini kemsidýän garaýşa we jezalandyrma sezewar edilmeli däldigi göz öňünde tutulýar;

Baş Assambleýa tarapyndan 1975-nji ýylyň 9-njy dekabrynda kabul edilen Ähli adamlary gynamalardan we garaýşyň hem-de jezalandyrmagyň beýleki rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän görnüşlerinden goramak hakyndaky jarnamany hem *nazara alyp,*

gynamalara we garaýşyň hem-de jezalandyrmagyň beýleki rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän görnüşlerine garşy göreşiň bütin dünýäde netijeliligini ýokarlandyrmagy *isläp*,
*şular barada ylalaşdy*:

**I BÖLEK**
***1-nji madda***

1. Şu Konwensiýanyň maksatlary üçin "gynama" adalgasy haýsydyr bir adamdan ýa-da üçünji bir adamdan maglumatlary ýa boýun almany almak, ony özüniň ýa-da üçünji bir adamyň eden hereketi ýa bolmasa edenligi barada şübhelenilýän hereketi üçin jezalandyrmak, şeýle hem ony ýa üçünji bir adamy gorkuzmak ýa-da mejbur etmek, ýa islendik häsiýetli kemsitmä esaslanan islendik sebäp boýunça şol adamyň bilkastlaýyn güýçli agyra ýa-da ejire sezewar edilmeginine eltýän, döwlet wezipeli adamy ýa-da resmi işgär hökmünde çykyş edýän başga bir adam tarapyndan ýa bolmasa olaryň öjükdirmegi, ýa olaryň habarly bolmagy ýa sessiz ylalaşmagy bilen edilýän islendik hereketi aňladýar. Şu aňlatma diňe kanuny çäreler

netijesinde döreýän, şol çäreler bilen aýrylmaz baglanyşykly bolan ýa-da olar sebäpli tötän ýüze çykýan agyryny ýa-da ejiri öz içine almaýar.

2. Bu madda has giňişleýin ulanmagy göz öňünde tutýan ýa-da tutmagy mümkin bolan haýsydyr bir halkara şertnamasyna ýa-da haýsydyr bir milli kanunçylyga zyýan ýetirmeýär.

***2-nji madda***

1. Her bir gatnaşyjy Döwlet öz hukuk ygtyýaryndaky islendik sebitde gynama hereketleriniň öňüni almak üçin netijeli kanunçykaryjylyk, dolandyryş, kazyýet we beýleki çäreleri görýär.

2. Hiç hili adatdan daşary ýagdaýlar, nähili bolandygyna garamazdan, uruş bolsun ýa-da uruş howpy, içerki syýasy durnuksyzlyk ýa islendik beýleki adatdan daşary ýagdaý gynamalaryň aklamasy bolup hyzmat edip bilmez.

3. Ýokarda durýan başlygyň ýa döwlet häkimiýetiniň buýrugy gynamalaryň aklamasy bolup hyzmat edip bilmez.

***3-nji mada***

1. Hiç bir gatnaşyjy Döwlet haýsydyr bir adama başga döwletde gynamalaryň ulanylmagy howp salyp biler diýip çak etmäge düýpli esaslar bar mahaly şol adamy beýleki döwlete ibermez, gaýtarmaz ("refoulder") ýa onuň ygtyýaryna bermez.

2. Şeýle esaslaryň bardygyny kesgitlemek üçin ygtyýarly häkimiýetler işe degişli bolan ähli ýagdaýlary, şol sanda degişli halatlarda şol döwletde hemişe adam hukuklarynyň gödek, göz-görtele we köpçülikleýin bozulmalarynyň bardygyny nazara alýar.

***4-nji madda***

1. Her bir gatnaşyjy Döwlet ähli gynama hereketlerine öz jenaýat kanunlaryna laýyklykda garalmagyny üpjün edýär. Hut şu kada gynama sezewar etmek synanşygyna we islendik adamyň gynama şärik bolmakdan ýa gatnaşmakdan ybarat hereketlerine hem degişli.

2. Her bir gatnaşyjy Döwlet şeýle jenaýatlaryň agyrlygyny nazara almak bilen, olar üçin degişli jezalary belleýär.

***5-nji madda***

1. Her bir gatnaşyjy Döwlet aşakda görkezilen halatlarda 4-nji maddada göz öňünde tutulan jenaýatlar babatda öz hukuk ygtyýarlyklarynyň ýola goýulmagy üçin zerur bolup biljek çäreleri görýär:

a) jenaýatlar onuň hukuk ygtyýaryndaky islendik sebitinde, ýa bolmasa şu döwletde bellige alnan deňiz ýa howa gämisiniň üstünde edilende;

b) çak edilýän jenaýatçy şu Döwletiň raýaty bolanda;

c) pida bolan adam şu Döwletiň raýaty bolanda we döwlet muny maksadalaýyk hasap edende.

2. Her bir gatanaşyjy Döwlet çak edilýän jenaýatçy onuň hukuk ygtyýaryndaky islendik sebitinde bolanda we ol şol jenaýatçyny şu maddanyň 1-nji bölüminde görkezilen islendik döwletiň ygtyýaryna 8-nji madda laýyklykda bermedik halatda şeýle jenaýatlar barada özüniň hukuk ygtyýarlyklaryny ýola goýmak üçin zerur bolup biljek çäreleri hut şonuň ýaly görnüşde görýär.

3. Şu Konwensiýa içerki kanunçylyga laýyklykda islendik jenaýat hukuk ygtyýarlyklarynyň amala aşyrylmagyny ret etmeýär.

***6-njy madda***

1. Öz ygtyýarynda bolan maglumatlara garanyndan soň ýagdaýlaryň muny talap edýändigine göz ýetiren, 4-nji maddada görkezilen islendik jenaýaty etmekde aýyplanylýan

adam onuň çäklerinde bolýan islendik gatnaşyjy Döwlet ony tussag astyna alýar ýa-da onuň gitmezligini üpjün etmek üçin beýleki hukuk çärelerini görýär. Tussag astyna almak we beýleki hukuk çäreleri şu Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar, ýöne diňe jenaýat-iş ýörediş hereketlerini geçirmek ýa-da ony başga bir döwletiň ygtyýaryna bermek boýunça hereketleri etmek üçin zerur bolan wagtyň içinde dowam edip biler.

2. Şeýle Döwlet derrew wakalaryň deslapky derňewini geçirýär.

3. Şu maddanyň 1-nji bölümi esasynda tussag astynda saklanylýan isendik adama ol öz raýaty bolan Döwletiň iň ýakyndaky degişli wekili bilen ýa-da ol raýatlygy bolmadyk adam bolsa, onuň hemişelik ýaşaýan Döwletiniň iň ýakyndaky degişli wekili bilen gatnaşygy haýal etmän ýola goýmakda ýardam berilýär.

4. Şu madda laýyklykda haýsydyr bir adamy tussag astyna alan döwlet şeýle adamyň tussag astynda bolýandygy we onuň saklanylmagyna esas bolan ýagdaýlar hakynda 5-nji maddanyň 1-nji bölüminde görkezilen Döwletlere haýal etmän habar berýär. Şu maddanyň 2-nji bölüminde göz öňünde tutulan deslapky derňewi geçirýän Döwlet öz alan maglumatlary hakynda ýokarda görkezilen döwletlere haýal etmän habar berýär we öz hukuk ygtyýarlyklaryny amala aşyrjak ýa-da amala aşyrmajakdygyny mälim edýär.

***7-nji madda***

1. 4-nji maddada görkezilen islendik jenaýaty etmekde şübhelenilýän adam öz hukuk ygtyýaryndaky sebitde bolýan gatnaşyjy Döwlet 5-nji maddada göz öňünde tutulan halatlarda jenaýatçyny başga biriniň hukuk ygtyýaryna bermeýän bolsa, şol işi kazyýet arkaly yzarlamak üçin öz ygtyýarly häkimiýetlerine geçirýär.

2. Şol häkimiýetler çözgüdi islendik adaty düýpli häsiýetli jenaýt halatynda şol Döwletiň kanunçylygyna laýyklykda kabul edilýän usulda kabul edýär. 5-nji maddanyň 2-nji bölüminde görkezilen halatlarda kazyýet arkaly yzarlamak we iş kesmek üçin zerur bolan subutnamalara bildirilýän talaplaryň berkligi hiç bir halatda 5-nji maddanyň 1-nji bölüminde görkezilen halatlarda ulanylýan talaplardan pes bolmaly däl.

3. Özi barada 4-nji maddada görkezilen islendik jenaýat bilen baglanyşykly seljeriş amala aşyrylýan islendik adama seljerişiň ähli tapgyrlarynda adalatly garaýyş kepillendirilýär.

***8-nji madda***

1. 4-nji maddada görkezilen jenaýatlar başga biriniň hukuk ygtyýaryna bermäge eltýän jenaýatlar hökmünde gatnaşyjy Döwletleriň arasynda bar bolan hukuk ygtyýaryna bermek hakyndaky islendik şertnama goşulmaga degişli diýlip hasap edilýär. Gantaşyjy Döwletler şeýle jenaýatlary başga biriniň hukuk ygtyýaryna bermäge eltýän jenaýatlar hökmünde öz aralarynda baglaşylýan hukuk ygtyýaryna bermek hakyndaky islendik şertnama goşmaga borçlanýar.

2. Eger hukuk ygtyýaryna bermegi şertnamanyň bolmagy bilen şertlendirýän gatnaşyjy Döwlet özi bilen hukuk ygtyýaryna bermek hakynda şertnama baglaşmadyk döwletden jenaýatçynyň öz hukuk ygtyýaryna berilmegi hakyndaky haýyşy alsa, ol şeýle jenaýatlar babatda şu Konwensiýa hukuk ygtyýaryna bermek üçin hukuk esasy hökmünde garap biler. Hukuk ygtyýaryna bermek hereketi ol baradaky haýyş bilen özüne ýüz tutulan Döwletiň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki şertlere laýyklykda amala aşyrylýar.

3. Hukuk ygtyýaryna bermegi şertnamanyň bolmagy bilen şertlendirmeýän gatnaşyjy Döwletler öz aralaryndaky gepleşiklerde şeýle jenaýatlara hukuk ygtyýaryna bermek hakyndaky haýyş bilen ýüz tutulan Döwletiň kanunçylygynda göz öňünde tutulan şertlere laýyklykda başga biriniň hukuk ygtyýaryna bermäge eltýän jenaýatlar hökmünde garaýar.

4. Şeýle jenaýatlara hukuk ygtyýaryna bermek maksady bilen, gatnaşyjy Döwletleriň arasynda hamala olar diňe bir edilen ýerinde däl-de, eýsem 5-nji maddanyň 1-nji bölümine

laýyklykda öz hukuk ygtyýaryny ýola goýmaga borçly döwletleriň hem ýerlerinde edilen hökmünde garalýar.

***9-njy madda***

1. Gatnaşyjy Döwletler 4-nji maddada görkezilen islendik jenaýat barada edilen jenaýat-iş ýörediş hereketleri bilen baglanyşykly bir-birine has doly kömek berýär, şol sanda kazyýet seljerişi üçin zerur bolan, öz ygtyýarynda bar bolan ähli subutnamalary berýär.

2. Gantnaşyjy Döwletler özleriniň şu maddanyň 1-nji bölümine laýyklykdaky borçlaryny öz aralarynda baglaşylmagy mümkin bolan özara hukuk kömegi hakyndaky islendik şertnamalara laýyklykda ýerine ýetirýär.

***10-njy madda***

1. Her bir gatnaşyjy Döwlet gynamalary gadagan etmek hakyndaky okuw serişdeleriniň we maglumatlarynyň tussag astyna almagyň, saklamagyň ýa-da türme tussaglygynyň islendik görnüşine sezewar edilen adamlary tussag astynda saklamaga we sorag etmäge ýa-da olar bilen iş salyşmaga dahylly bolup biljek hukuk ulanyjy edaralaryň işgärlerini, raýat ýa-da harby, lukmançylyk işgärlerini, wezipeli döwlet adamlaryny we beýleki adamlary taýýarlamagyň maksatnamalaryna doly derejede goşulmagyny üpjün edýär.

2. Her bir gatnaşyjy Döwlet şu gadaganlygy islendik şeýle adamlaryň borçlaryna we wezipelerine degişli kadalara ýa-da gollanmalara goşýar.

***11-nji madda***

Her bir gatnaşyjy Döwlet gynamalaryň haýsydyr bir halatlaryna ýol bermezlik üçin, öz hukuk ygtyýaryndaky islendik sebitde sorag etmäge degişli kadalara, gollanmalara, usullara we tejribä, şeýle hem tussag etmegiň, saklamagyň ýa-da türme tussaglygynyň islendik görnüşine sezewar edilen adamlary tussag astynda saklamagyň we olara garaýşyň şertlerine yzygiderli garaýar.

***12-nji madda***

Her bir gatnaşyjy Döwlet öz ygtyýaryndaky islendik sebitde gynamanyň ulanylandygyny çak etmäge ýeterlik esaslar bolan mahaly öz ygtyýarly edaralarynyň çalt we tarapgöýsüzliksiz derňewi geçirmegini üpjün edýär.

***13-nji madda***

Her bir gatnaşyjy Döwlet öz hukuk ygtyýaryndaky islendik sebitde gynamalara sezewar bolandygyny tekrarlaýan islendik adama şol döwletiň ygtyýarly edaralaryna şikaýat etmäge we olaryň şol şikaýata çalt hem-de tarapgöýsüzliksiz garamagyna hukugy üpjün edýär. Hak isleýjini we şaýatlary şikaýat ýa-da şaýatlyk görkezmeleri bilen baglanşykly erbet garaýşyň ýa-da haýbat atmagyň islendik görnüşlerinden goramagy üpjün etmek üçin çäreleri görýär.

***14-nji madda***

1. Her bir gatnaşyjy Döwlet özüniň hukuk ulgamynda gynamalaryň pidasynyň öwez dolmasyny almagyny hem-de onda adalatly we barabar ýerini dolmasyny, şol sanda mümkin boldugyça tiz öňki durkuna dikelmek üçin serişdeleriň berilmegi üçin hukuk çäresi bilen berkidilen hukugyň bolmagyny üpjün edýär. Gynamalara sezewar edilen adam olar netijesinde ölen halatda öwez dolma hukugy onuň eklemeginde bolanlara üpjün edilýär.

2. Şu maddada hiç bir zat pidanyň ýa-da beýleki adamlaryň öwez dolmasy üçin milli kanunçylyga laýyklykda bolmagy mümkin bolan islendik hukugyna täsir etmeýär.

***15-nji madda***

Her bir gatnaşyjy Döwlet gynama netijesinde edilendigi anyklanylan islendik beýannamanyň islendik kazyýet seljerişiniň barşynda subutnama hökmünde ulanylmazlygyny üpjün edýär, şeýle beýannamanyň edilendiginiň subutnamasy hökmünde we gynamalary amala aşyrmakda aýyplanylaýan adama garşy ulanylýan halatlary muňa girmeýär.

***16-njy madda***

1. Her bir gatnaşyjy Döwlet öz hukuk ygtyýarynda bolan islendik sebitde rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýşyň we jezalandyrmagyň 1-nji maddada berlen gynama aňlatmasyna laýyk gelmeýän beýleki hereketler wezipeli döwlet adamy ýa-da resmi işgär hökmünde çykyş edýän başga bir adam tarapyndan, ýa bolmasa olaryň öjükdirmegi boýunça, ýa olaryň habarly bolmagynda ýa-da sessiz razylygy bilen edilende, olaryň öňüni almaga borçlanýar. Hususan-da, 10-njy, 11-nji, 12-nji we 13-nji maddalardaky borçnamalar gynama hakyndaky salgylanma rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýyş we jeza hakyndaky salgylanmalar bilen çalşyrylyp ulanylýar.

2. Şu Konwensiýanyň düzgünleri rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýşy we jezalandyrmany gadagan edýän ýa-da hukuk ygtyýaryna bermäge ýa ibermäge degişli bolan islendik beýleki halkara şertnamalarynyň ýa milli kanunçylygyň düzgünlerine zyýan ýetirmeýär.

**II BÖLEK**

***17-nji madda***

1. Gynamalara garşy komitet (mundan beýläk Komitet diýlip atlandyrylýar) döredilýär, ol aşakda göz öňünde tutulan wezipeleri ýerine ýetirýär. Komitet ýokary ahlak sypatlaryna eýe bolan we adam hukuklary babatdaky işden başy çykýandygy ykrar edilen hem-de şahsyýet hökmünde hereket edýän dokuz bilermenden ybarat bolýar. Bilermenleri gatnaşyjy Döwletler saýlaýar, şundan geografik taýdan adalatly paýlanylyşy hem-de hukuk işinde tejribesi bolan birnäçe adamyň gatnaşmagynyň maksadalaýyklygy nazara alynýar.

2. Komitetiň agzalary gatnaşyjy Döwletler tarapyndan görkezilen adamlaryň sanawyna girizilenleriň arasyndan gizlin ses bermeklik esasynda saýlanylýar. Her bir gatnaşyjy Döwlet öz raýatlaryndan bir dalaşgäri hödürläp bilýär. Gantaşyjy Döwletler şol bir wagtda Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara ylalaşygyna laýyklykda döredilen Adam hukuklary boýunça komitetiň hem agzalary bolup durýan we Gynamalara garşy komitetde işlemäge isleg bildirýän adamlaryň hödürlenilmeginiň maksadalaýyklygyny nazara alýar.

3. Komitetiň agzalary gatnaşyjy Döwletleriň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary tarapyndan iki ýylda bir gezek çagyrylýan maslahatlarynda saýlanylýar. Hukuk ygtyýarly bolmagy üçin gatnaşyjy Döwletleriň üçden ikisiniň wekilleriniň bolmalgy talap edilýän şol maslahatlarda Konwensiýa gatnaşyjy döwletleriň ses bermekde bolan we ses bermäge gatnaşan wekilleriniň sesleriniň has köp sanyny we aglaba sanyny alan dalaşgärler Komitetiň agzalygyna saýlanylan bolup durýar.

4. Ilkibaşdaky saýlawlar şu Konwensiýa güýje gireninden soň alty aýdan gijä galynman geçirilýär. Nobatdaky saýlawlaryň senesine azyndan dört aý galanda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary öz hödürleýän dalaşgärlerini üç aý möhletde görkezmek teklip edilýän haty gatnaşyjy Döwletlere iberýär. Baş Sekretar şeýlelikde görkezilen ähli adamlaryň olary hödürlän gatnaşyjy döwletler görkezilen elipbiý tertibindäki sanawyny taýýarlaýar we şol sanawy gatnaşyjy Döwletlere berýär.

5. Komitetiň agzalary bäş ýyl möhlete saýlanylýar. Olaryň ikinji gezek hödürlenilen mahally täzeden saýlanylmaga hukugy bar. Emma birinji saýlawlarda saýlanylan bäş agzanyň ygtyýarlyklarynyň möhleti iki ýyllyk döwrüň ahyrynda tamamlanýar, şol bäş agzanyň

atlaryny birinji saýlawlardan soň dessine şu maddanyň 3-nji bölüminde gürrüňi edilýän mejlisiň başlygy bije boýunça kesgitleýär.

6. Komitetiň agzasy ölen ýa-da işden çykyp giden halatda ýa onuň Komitetdäki wezipelerini ýerine ýetirmegi haýsydyr bir sebäp boýunça mümkin bolmadyk halatda şol agzany hödürlän gatnaşyjy Döwlet öz raýtlaryndan başga bir bilermeni galan möhlete gatnaşyjy döwletleriň köpüsiniň makullamagy bilen belleýär. Eger gatnaşyjy döwletleriň ýarysy ýa has köp sanlysy Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretarynyň teklip edilýän bellemek hakyndaky habaryny alanyndan soň alty hepdäniň domamynda ret ediji jogap bermese, hödürlenilen dalaşgär makullanyldy diýlip hasap edilýär.

7. Gantaşyjy Döwletler Komitetiň agzalarynyň Komitetde wezipelerini ýerine ýetiren döwründe olaryň çykdajylarynyň öwez dolmasyny öz üstüne alýar.

***18-nji madda***

1. Komitet öz wezipeli adamlaryny iki ýyl möhlete saýlaýar. Olar täzeden saýlanylyp bilner.

2. Komitet öz tertip kadalaryny belleýär, ýöne olarda, hususan-da, şular göz öňünde tutulmaly:

a) hukuk ygtyýarly bolmak üçin alty agzasynyň gatnaşmagynyň zerurdygy;

b) Komitetiň çözgütleriniň gatnaşýan agzalaryň sesleriniň köplügi bilen kabul edilýändigi.

3. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary Komitetiň wezipeleriniň netijeli amala aşyrylmagy üçin zerur işgärleri we şertleri şu Konwensiýa laýyklykda üpjün edýär.

4. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary Komitetiň birinji mejlisini çagyrýar. Öz birinji mejlisinden soň Komitet öz tertip kadalaryndan göz öňünde tutulýan wagt aralyklaryndan ýygnanýar.

5. Gantaşyjy Döwletler gatnaşyjy döwletleriň we Komitetiň mejlislerini geçirmek bilen baglanyşykly ýüze çykýan çykdajylaryň öwez dolmasyny, şol sanda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan şu maddanyň 3-nji bölümine laýyklykda üpjün edilýän işgärler we şertler üçin töleg ýaly islendik çykdajylaryň Birleşen Milletler Guramasyna ýerini dolmagy öz üstüne alýar.

***19-njy madda***

1. Gatnaşyjy Döwletler şu Konwensiýa laýyklykda öz borçlaryny amala aşyrmak boýunça öz gören çäreleri hakynda çykyşlary şu Konwensiýa degişli gatnaşyjy üçin güýje gireninden soň bir ýyl geçende Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretarynyň üsti bilen Komitete berýär. Şondan soň gatnaşyjy Döwletler islendik täze görlen çäreler hakyndaky goşmaça çykyşlary dört ýylda bir gezek, şeýle hem Komitetiň soramagy mümkin bolan beýleki çykyşlary berýär.

2. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary şol çykyşlary ähli gatnaşyjy Döwletlere iberýär.

3. Komitet her bir çykyşa garaýar, ol çykyş boýunça maksadalaýyk hasap eden umumy häsiýetli bellikleri edip biler we olary degişli gatnaşyjy Döwlete iberýär. Şol gatnaşyjy Döwlet jogap hökmünde Komitete özüniň ýerlikli hasap edýän islendik belliklerini berip biler.

4. Komitet şu maddanyň 3-nji bölümine laýyykyklykda öz eden islendik belliklerini olar boýunça degişli gatnaşyjy Döwletden alnan bellikler bilen bilelikde öz islegi boýunça özüniň 24-nji madda laýyklykda taýýarlanylýan ýyllyk çykyşyna goşmagy karar edip biler. Degişli gatnaşyjy Döwletiň haýyşy boýunça Komitet şu maddanyň 1-nji bölümine laýyklykda berlen çykyşyň nusgasyny hem goşup biler.

***20-nji madda***

1. Eger Komitet onuň pikirine görä, haýsydyr bir gatnaşyjy Döwletiň ýerlerinde gynamalaryň yzygiderli ulanylmagy hakynda doly esaslandyrylan deliller bolan ygtybarly maglumaty alsa, ol şol maglumata garamakda hyzmatdaşlyk etmegi we şu maksat bilen şol maglumat barada öz belliklerini bermegi şol gatnaşyjy Döwlete teklip edýär.

2. Degişli gatnaşyjy Döwlet tarapyndan berlen islendik bellikleri, şeýle hem işe degişli bolan islendik beýleki maglumatlary nazara almak bilen, Komitet muny maksadalaýyk hasap etse, ýaşyryn derňewi geçirmek we Komitete degişli çykyşy gyssagly bermek üçin öz agzalarynyň birini ýa birnäçesini belläp biler.

3. Eger şu maddanyň 2-nji bölümine laýyklykda derňew geçirilýän bolsa, Komitet degişli gatnaşyjy Döwlet bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmaga çalyşýar. Şol gatnaşyjy Döwletiň razylygy bilen şeýle derňew onuň ýerlerine baryp görmegi öz içine alyp biler.

4. Şol agzanyň ýa-da agzalaryň geçiren derňewiniň şu maddanyň 2-nji bölümine laýyklykda berlen netijelerine garalandan soň, Komitet şol netijeleri şu ýagdaýda maksadalaýyk bolup durýan islendik bellikler we teklipler bilen bilelikde degişli gatnaşyjy Döwlete iberýär.

5. Komitetiň şu maddanyň 1-4-nji bölümlerinde gürrüňi edilen ähli işi ýaşyryn häsiýetli bolup, şol işiň ähli tapgyrlarynda gatnaşyjy Döwlet bilen hyzmatdaşlyk etmäge çalşylmaly. 2-nji bölüme laýyklykda geçirilen derňew babatdaky şeýle iş tamamlanandan soň, Komitet şol işiň netijeleri hakyndaky gysgaça hasabaty degişli gatnaşyjy Döwlet bilen maslahat etmekden soň özüniň 24-nji madda laýyklykda taýýarlanylýan çykyşyna goşmak hakynda karar kabul edip biler.

***21-nji madda***

1. Şu madda laýyklykda, şu Konwensiýa gatnaşyjy islendik Döwlet Komitetiň bir gatnaşyjy Döwletiň beýleki gatnaşyjy Döwletiň şu Konwensiýa boýunça öz borçnamalaryny ýerine ýetirmeýändigi hakyndaky beýannamalaryna degişli habarlary almak we olara garamak ygtyýarlyklaryny ykrar edýändigini islendik wagtda mälim edip biler. Şeýle habarnamalary kabul etmek we olara garamak diňe Komitetiň ygtyýarlyklaryny özi barada ykrar edýändigi hakynda beýannama beren gatnaşyjy Döwlet tarapyndan berlen halatda şu maddada beýan edilen tertip kadalaryna laýyklykda amala aşyrylyp bilner. Eger şu madda laýyklykdaky habarnamalar şeýle beýannama bilen çykyş etmedik gatnaşyjy Döwlete degişli bolsa, Komitet olara garamaýar. Şu madda laýyklykda alnan habarnamalara aşakda görkezilen tertip hereketlere laýyklykda garalýar:

a) eger haýsydyr bir Döwlet beýleki gatnaşyjy Döwlet şu Konwensiýanyň düzgünlerini ýerine ýetirmeýär diýip hasap edýän bolsa, ol bu meseläni şol gatnaşyjy Döwletiň dykgatyna ýazmaça habar arkaly ýetirip biler. Şeýle habarnama alnandan soň üç aýyň dowamynda ony alan döwlet şu mesele aýdyňlaşdyrylýan düşündirişi ýa-da başga bir islendik beýannamany şeýle habarnamany iberen döwlete ýazmaça görnüşde berýär, şol düşündirişde ýa-da beýannamada mümkinçilige we maksadalaýyklyga görä, şu mesele boýunça görlen, görüljek ýa-da görülmegi mümkin bolan içerki tertip hereketleri we çäreler görkezilmeli;

b) eger mesele alyjy Döwlet ilkibaşdaky habarnamany alandan soň alty aýyň dowamynda degişli gatnaşyjy Döwletleriň ikisini-de kanagatlandyrýan derejede çözülmese, şol döwletleriň islendiginiň bu barada Komitete we beýleki Döwlete habar edip, bu meseläni Komitete bermäge hukugy bar;

c) Komitet şu madda laýyklykda özüne berlen meselä diňe halkara hukugynyň umumylykda ykrar edilen ýörelgelerine laýyklykda ähli elýeterli içerki çäreleriň şu halatda görlendigine we başgalarynyň ýokdugyna göz ýetirenden soň garaýar. Şol çäreleriň görülmegi

delilsiz uzaklaşdyrylan we şu Konwensiýanyň bozulmagynyň pidasy bolan adama netijeli kömek etmegi gümana bolan halatlarda bu kada hereket etmeýär.

d) Komitet şu madda boýunça habarnamalara sereden mahaly ýapyk mejlisleri geçirýär;

e) Komitet c) kiçi bölümiň düzgünlerini berjaý etmek bilen, şu meseläniň şu Konwensiýada göz öňünde tutulan borçnamalara laýyklykda dostlukly çözülmegi maksady bilen, degişli gatnaşyjy Döwletlere hoşniýetli hyzmatlary edýär. Munuň üçin Komitet zerur bolan mahaly ýörite ylalaşdyryjy topary döredip biler;

f) şu madda laýyklykda özüne berlen islendik mesele boýunça Komitet işe degişli islendik maglumatlary bermäge b) kiçi bölümde görkezilen degişli gatnaşyjy Döwletleri çagyryp biler;

g) şu bölümiň b) kiçi bölüminde görkezilen degişli gatnaşyjy Döwletleriň meselä Komitetde garalan mahaly dilden we/ýa-da ýazmaça beýannamalary bermäge hukugy bar;

h) Komitet b) kiçi bölüme laýyklykda habarnamany alan gününden başlap on iki aýyň dowamynda şu habarnamany berýär:

i) eger e) kiçi bölümiň düzgünleriniň çäklerinde çözgüt gazanylsa, onda Komitet öz habarnamasynda wakalary we gazanylan çözgüdi gysgaça beýan etmek bilen çäklenýär;

ii) eger e) kiçi bölümiň çäklerinde çözgüt gazanylmasa, onda Komitet öz habarnamasynda wakalary gysgaça beýan etmek bilen çäklenýär; degişli gatnaşyjy Döwletler tarapyndan berlen ýazmaça beýannamalar we dilden beýannamalaryň ýazgylary habarnama goşulýar.

Her bir mesele boýunça habarnama degişli gatnaşyjy Döwletlere iberilýär.

2. Şu maddanyň düzgünleri şu Konwensiýa gatnaşyjy bäş döwlet şu maddanyň 1-nji bölümine laýyklykda beýannama berende güýje girýär. Şeýle beýannamalary gatnaşyjy Döwletler Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna saklamak üçin berýär, ol bolsa olaryň nugsalaryny beýleki gatnaşyjy Döwletlere iberýär. Beýannama Baş Sekretaryň adyna iberilen habarnama arkaly islendik wagtda yzyna alnyp bilner. Beýannamanyň şeýle yzyna alynmagy şu madda laýyklykda eýýäm berlen habarnamanyň mazmuny bolan islendik meseläniň garalmagyna zyýan ýetirmeli däl; eger degişli gatnaşyjy Döwlet täze beýannama bilen çykyş etmedik bolsa, Baş Sekretar beýannamany yzyna almak hakyndaky habarnamany alanyndan soň islendik gatnaşyjy Döwletiň hiç hili soňraky habarnamalary şu madda laýyklykda kabul edilmeýär.

***22-nji madda***

1. Şu Konwensiýa gatnaşyjy Döwlet özüniň hukuk ygtyýarlygynda bolan, şu gatnaşyjy Döwletiň Konwensiýanyň düzgünlerini bozmagynyň pidalary bolandygyny tekrarlaýan adamlaryň habarnamalary, ýa-da olaryň adyndan gowuşýan şonuň ýaly häsiýetli habarnamalary kabul etmäge we olara garamaga Komitetiň ygtyýarlyklaryny ykrar edýändigini şu madda laýyklykda islendik wagtda mälim edip biler. Eger habarnamalar şeýle beýannama bilen çykyş etmedik gatnaşyjy Döwlete degişli bolsa, Komitet olaryň hiç birini kabul etmeýär.

2. Komitet şu madda laýyklykda berlen golsuz ýa-da onuň pikirine görä, şeýle habarnamalary bermek hukugynyň hyýanatçylykly ulanylmagy bolup durýan ýa-da şu Konwensiýanyň düzgünlerine laýyk gelmeýän islendik habarnamany kabul ederliksiz hasap edýär.

3. Komitet 2-nji bölümiň düzgünlerini nazara almak bilen, şu madda laýyklykda özüne berlen islendik habarnamany 1-nji bölüme laýyklykda beýannama bilen çykyş eden we Konwensiýanyň ol ýa-da beýleki düzgünlerini hamala bozýan gatnaşyjy Döwletiň dykgatyna ýetirýär. Habarnamany alan döwlet meseläni we şol döwlet tarapyndan görülmegi mümkin

bolan çäreleri takyklaýan ýazmaça düşündirişleri ýa-da beýannamalary Komitete alty aýyň dowamynda berýär.

4. Komitet şu madda laýyklykda alnan habarnamalara şol adamyň ýa-da onuň adyndan we degişli gatnaşyjy Döwlet tarapyndan berlen ähli maglumatlary nazara alyp garaýar.

5. Eger Komitet aşakda görkezilen ýagdaýlara göz ýetirmese, ol şu madda laýyklykda haýsydyr bir adamdan hiç hili habarnamalara garamaýar:

a) şu meselä halkara derňewiniň ýa-da düzgünleşdirmegiň haýsydyr bir başga hereketi boýunça garalmandygyna we garalmaýandygyna;

b) şol adamyň hukuk goragynyň bar bolan ähli içerki serişdelerini doly ulanandygyna; bu kada şol serişdeleriň ulanylmagy delilsiz uzaklaşdyrylan ýa-da şu Konwensiýanyň bozulmagynyň pidasy bolan adama netijeli kömek berjekdigi gümana bolan halatlarda hereket etmeýär.

6. Şu madda boýunça habarnamalara garalan mahaly Komitet ýapyk mejlisleri geçirýär.

7. Komitet öz pikirini degişli gatnaşyjy Döwlete we şol adama mälim edýär.

8. Şu maddanyň düzgünleri şu Konwensiýa gatnaşyjy bäş döwlet şu maddanyň 1-nji bölümine laýyklykda beýanat bilen çykyş edeninden soň güýje girýär. Şeýle beýannamalary gatnaşyjy Döwletler Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna saklamak üçin berýär, ol bolsa olaryň nusgalaryny beýleki gatnaşyjy Döwletlere iberýär. Beýannama Baş Sekretaryň adyna habarnama ibermek arkaly islendik wagtda yzyna alnyp bilner. Beýannamanyň şeýle yzyna alynmagy şu madda laýyklykda eýýäm berlen habarnamanyň mazmuny bolan istlendik meseläniň garalmagyna zyýan ýetirmeli däl; eger degişli gatnaşyjy Döwlet täze beýannama bilen çykyş etmedik bolsa, Baş Sekretar beýannamany yzyna almak hakyndaky habarnamany alanyndan soň islendik gatnaşyjy Döwletiň hiç hili soňraky habarnamalary şu madda laýyklykda kabul edilmeýär.

***23-nji madda***

Komitetiň we 21-nji maddanyň 1-nji bölüminiň e) kiçi bölümine laýyklykda bellenilmegi mümkin bolan ýörite ylalaşdyryjy toparlaryň agzalarynyň Birleşen Milletler Guramasynyň artykmaçlyklary we goraglylyklary hakyndaky konwensiýanyň degişli bölümlerinde göz öňünde tutulşy ýaly, Birleşen Milletler Guramasynyň tabşyrygy boýunça hereket edýän bilermenleriň ýeňilliklerine, artykmaçlyklaryna we goraglylyklaryna hukugy bar.

***24-nji madda***

Komitet gatnaşyjy Döwletlere we Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasyna özüniň şu Konwensiýa laýyk işi hakynda ýyllyk çykyşyny berýär.

**III BÖLEK**

***25-nji madda***

1. Şu Konwensiýa ähli döwletleriň gol çekmegi üçin açyk.

2. Şu Konwensiýa tassyklanylmaga degişli. Tassyklaýyş hatlary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna saklanylmaga berilýär.

***26-njy madda***

Şu Konwensiýa ähli döwletleriň goşulmagy üçin açyk. Goşulşmaklyk bu baradaky resminamanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna saklanylmaga berilmegi arkaly amala aşyrylýar.

***27-nji madda***

1. Şu Konwensiýa tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň ýigrimi ýedinjisi Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna saklanylmaga berlenden soň otuzynjy günde güýje girýär.

2. Tassyklaýyş hatynyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň ýigrimi ýedinjisi saklanylmaga berlenden soň şu Konwensiýany tassyklan ýa-da oňa goşulan döwlet üçin şu Konwensiýa onuň öz tassyklaýyş haty ýa-da goşulmak hakyndaky resminamasy saklanylmaga berlenden soň otuzynjy günde giüýje girer.

***28-nji madda***

1. Islendik Döwlet şu Konwensiýa gol çeken ýa-da oňa goşulan wagtynda Komitetiň 20-nji maddada kesgitlenilen ygtyýarlyklaryny ykrar etmeýändigini mälim edip biler.

2. Şu maddanyň 1-nji bölümine laýyklykda şertlendirmäni öňe süren islendik gatnaşyjy Döwlet bu barada Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna habar edip, öz şertlendirmesini islendik wagtda aradan aýryp biler.

***29-njy madda***

1. Konwensiýa gatnaşyjy islendik Döwlet düzedişi teklip edip we ony Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna hödürläp biler. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary soňra teklip edilen düzedişi gatnaşyjy Döwletlere iberip, şol teklibe garamak we ol boýunça ses bermekligi geçirmek maksady bilen gatnaşyjy Döwletleriň konferensiýasyny çagyrmagyň tarapdarydygyny ýa-da däldigini özüne habar bermegi olardan haýyş edýär. Eger şeýle hat iberilen seneden başlap dört aýyň dowamynda gatnaşyjy Döwletleriň azyndan üçden biri şeýle konferensiýanyň tarapdary bolup ses berse, Baş Sekretar konferensiýany Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygy astynda çagyrýar. Şol konferensiýada ses bermeklikde bolan we ses bermeklige gatnaşan gatnaşyjy Döwletleriň köplügi tarapyndan kabul edilen islendik düzedişi Baş Sekretar ähli gatnaşyjy Döwletlere tassyklamaga hödürleýär.

2. Şu maddanyň 1-nji bölümine laýyklykda kabul edilen düzediş şu Konwensiýa gatnaşyjy Döwletleriň üçden ikisi şol düzedişi öz konstitusion tertip kadalaryna laýyklykda kabul edendigini Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna habar bereninden soň güýje girer.

3. Düzedişler güýje gireninden soň olar şol düzedişleri kabul eden gatnaşyjy Döwletler üçin hökmany bolýar, beýleki gatnaşyjy Döwletler üçin bolsa olar tarapyndan kabul edilen şu Konwensiýanyn düzgünleri we islendik öňki düzedişler hökmany bolmagynda galýar.

***30-njy madda***

1. Şu Konwensiýany düşündirmek ýa-da ulanmak bilen baglanyşykly gatnaşyjy Döwletleriň ikisiniň ýa-da has köp sanlysynyň arasynda ýüze çykan, gepleşikler arkaly düzgünleşdirilip bilinmeýän islendik jedel olaryň biriniň haýyşy boýunça araçynyň garamagyna berilýär. Eger araçynyň garamagy hakyndaky haýyş berlen seneden başlap alty aýyň dowamynda taraplar araçylygy guramak hakyndaky mesele boýunça ylalaşyga gelmäge ukypsyz bolsa, islendik tarapyň haýyşy boýunça jedel Halkara Kazyýetiň Statutyna laýyklykda şol kazyýete berlip bilner.

2. Her bir döwlet şu Konwensiýa gol çeken ýa ony tassyklan ýa-da oňa goşulan wagtynda özüni şu maddanyň 1-nji bölümi bilen bagly däl hasap edýändigini mälim edip biler. Beýleki gatnaşyjy Döwletler şeýle şertlendirmäni öňe süren islendik döwlet babatda şu maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünleri bilen bagly bolmaz.

3. Şu maddanyň 2-nji bölümine laýyklykda şertlendirmäni öňe süren islendik gatnaşyjy Döwlet bu barada Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna habar edip, öz şertlendirmesini islendik wagtda aradan aýryp biler.

***31-nji madda***

1. Islendik gatnaşyjy Döwlet Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretaryna ýazmaça habarnama ibermek arkaly şu Konwensiýanyň güýjüni ýatyryp biler. Güýjüni ýatyrmak Baş Sekretar habarnamany alandan soň bir ýyldan güýje girýär.

2. Şeýle güýjüni ýatyrmak gatnaşyjy Döwleti ol güýje girmänkä bolan islendik hereket ýa-da ýalňyşlyk üçin şu Konwensiýa boýunça onuň borçnamalaryndan boşatmaýar we güýjüni ýatyrmaklyk Komitet tarapyndan güýjüni ýatyrmak hereketi güýje girmänkä eýýäm garalýan islendik meselä garamagy dowam etmäge hiç bir derejede zyýan ýetirmeýär.

3. Güýjüni ýatyrmak hereketi haýsydyr bir gatnaşyjy Döwlet üçin güýje giren seneden başlap Komitet şol döwlete degişli täze meselelere garamagy başlamaýar.

***32-nji madda***

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary aşakda görkezilen maglumatlary Birleşen Milletler Guramasynyň ähli agza döwletlerine we şu Konwensiýa gol çeken ýa-da oňa goşulan ähli döwletlere iberýär:

a) 25-nji we 26-njy maddalara laýyklykdaky gol çekmeler, tassyklamalar we goşulmalar hakynda;

b) şu Konwensiýanyň 27-nji madda laýyklykda güýje girýän senesi we 29-njy madda laýyklykda güýje girýän islendik şertlendirmeler hakynda;

c) 31-nji madda laýyklykdaky güýjüni ýatyrmalar hakynda.

***33-nji madda***

1. Iňlis, arap, ispan, hytaý, rus we fransuz dillerindäki tekstleri birmeňzeş güýje eýe bolan şu Konwensiýa Birleşen Milletler Guramasynyň arhiwinde saklanylýar.

2. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary şu Konwensiýanyň güwä geçilen nusgalaryny döwletleriň ählisine iberýär.

# Umumy tertipli 2-nji bellik (Gynamalara garşy Konwensiýanyň 2-nji maddasy)

*Gynamalara garşy Komitet tarapyndan 2008-nji ýylyň 24-nji ýanwarynda kabul edildi*

**Gatnaşyjy döwletler tarapyndan 2-nji maddanyň siňdirilişi**

1. Şu umumy tertipli bellikde 2-nji maddanyň üç bölegine seredilýär, olaryň hersinde Gynamalary doly gadagan etmek hakyndaky Konwensiýanyň esasynda ýatan aýratyn özara baglanyşykly we esasgoýujy ýörelgeler kesgitlenilýär. Gynamalara garşy Konwensiýa kabul edilen wagtyndan bäri bu gadagan etmäniň doly we hiç hili kadadan çykmalara ýol bermeýän häsiýeti adaty halkara hukugynyň kadasy hökmünde ykrar edilýär. 2-nji maddanyň düzgünleri gynamalara degişlilikde bu *jus cogens* imperatiw kadasyny berkidýär we, hususan-da, soňky 3-16-njy maddalarda göz öňünde tutulan çäreleri goşanda, üýtgäp duran howplara, meselelere we tejribä jogap hökmünde öňüni alyş netijeli serişdeleriniň ulanylyşyna degişlilikde şu Komitetiň ygtyýarlyklarynyň esasyny düzýär.

2. 2-nji maddanyň 1-nji bölümi her gatnaşyjy döwleti, netijede gynamalaryň öňüni almak nukdaýnazaryndan netijeli bolmaly, kanunçykaryjy, dolandyryş, kazyýet ýa-da beýleki çäreleriň kömegi bilen gynamalary gadagan etmekligi berkidýän hereketleri kabul etmäge borçly edýär. Gynamalaryň islendik halatlarynyň öňüni alýandygy ýa-da jezalandyrýandygy mälim bolan, diňe şol çäreleriň kabul edilmegini üpjün etmek maksatlarynda, Konwensiýanyň indiki maddalarynda borçnamalar beýan edilýär we olara laýyklykda gatnaşyjy döwletler olarda göz öňünde tutulan çäreleri kabul etmelidirler.

3. 2-nji maddada berkidilen gynamalaryň öňüni almak borçnamasy giň gerimi öz içine alýar. 16-njy maddanyň 1-nji bölümine laýyklykda gynamalaryň we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidiji garaýşyň hem-de jezalandyrmagyň (mundan beýläk "rehimsiz garaýyş") beýleki görnüşleriniň öňüni almaga degişli borçnamalar bütewi, garaşly we özara baglanyşykly bolup durýarlar. Rehimsiz garaýşyň öňüni almak borçnamasy tejribede gynamalaryň öňüni almak boýunça borçnama bilen utgaşyk we ep-esli derejede gabat gelýär. Rehimsiz garaýşyň öňüni almak boýunça çäreleri kesgitleýän 16-njy maddada *"hususan-da"* 10-13-nji maddalarda beýan edilen çärelere aýratyn üns berilýär, emma Komitetiň düşündirişi ýaly, mysal üçin, 14-nji madda bilen baglylykda öwez dolma baradaky mesele bilen bagly netijeli öňüni almaklyk bu maddalar bilen çäklendirilmeýär. Tejribede rehimsiz garaýşyň we gynamalaryň arasyndaky araçäk käwagt bozukdyr. Tejribäniň görkezişi ýaly, rehimsiz garaýşa getirýän şertler köplenç gynamalara kömek edýär, we şonuň üçin gynamalaryň öňüni almak üçin zerur çäreler rehimsiz garaýşyň hem öňüni almak üçin ulanmalydyrlar. Şuňa görä, Komitet, Konwensiýa laýyklykda rehimsiz garaýşy gadagan etmeklik ähtimal kadadan çykmalara ýol bermeýän häsiýete eýedigine, we onuň öňüni almaklyk netijeli we kadadan çykmalara ýol bermeýän çäre bolmalydygyna esaslanýar.

4. Gatnaşyjy döwletler gynamalary we rehimsiz garaýşy düýbünden aýyrmaga päsgel berýän islendik hukuk ýa-da beýleki päsgelçilikleri aýyrmaga, şeýle hem şeýle hereketleri we olaryň gaýtalanyşyny hyjuwly öňüni almaklygy üpjün etmek maksatlarynda pozitiw netijeli çäreleri görmäge borçlydyr. Ondan başga-da, gatnaşyjy döwletler Komitet tarapyndan şahsy habarlar

boýunça kabul edilen soňky belliklere we aňlatmalara laýyklykda, Konwensiýanyň esasynda kabul edilen milli kanunçylygyny gözegçilik astynda hemişe saklamaga we kämilleşdirmäge borçlanýar. Eger gatnaşyjy döwlet tarapyndan kabul edilen çäreler gynamalary düýbünden aýyrmak bilen bagly maksada ýetmedik halatynda, Konwensiýa olara gaýtadan seretmekligi we/ýa-da täze, has netijeli çäreleri kabul etmekligi belleýär. Komitet tarapyndan "netijeli çäreler" düşünjesiniň kesgitlemesi we degişli teklipler meňzeş ýagdaýda, şeýle hem biziň çuňňur gynajymyza gynamalaryň we rehimsiz garaýşyň görnüşleri hem hemişeki ewolýusiýanyň dowamynda bolýar.

## II. Düýbünden gadagan etmeklik

5. 2-nji maddanyň 2-nji bölümi gynamalary gadagan etmeklik düýpli häsiýete eýedigini we kadadan çykmalara ýol bermeýändigini göz öňünde tutýar. Onda, *olar nähili hem bolsa-da hiç hili aýratyn ýagdaýlar* gatnaşyjy döwlet tarapyndan onuň garamagyndaky islendik çäklerde gynamalary aklamak üçin ulanylyp bilinmejegi nygtalýar. Konwensiýa laýyklykda şeýle ýagdaýlaryň sanyna uruş ýagdaýy ýa-da uruş howpy, içerki syýasy durnuksyzlyk ýa-da islendik başga adatdan daşarky ýagdaý degişlidir. Bu terrorçylyk hereketleriň ýa-da zorlukly jenaýatlaryň islendik howpuny, şeýle hem halkara ýa-da halkara bolmadyk ýaragly çaknyşyklary öz içine alýar. Komitet su we islendik beýleki ýagdaýlarda döwlet howpsuzlygyny goramagyň ýa-da adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almagyň serişdesi hökmünde gulluk edýär diýip döwletleriň gynamalary ýa-da rehimsiz garaýyşlary aklamagyň islendik synanşyklaryna güýçli ynjalyksyzlyk bildirýär we olary düýbünden ret edýär. Şeýle meňzeş ýagdaýda, ol, dine ýa-da däplere salgylanyp, bu düýpli gadagan etmekligiň bozulmalaryna getirip biljek islendik aklanmalary ret edýär. Komitet, gynamalary ýa-da rehimsiz garaýşy etmekde günäkärlenýän adamlary özwagtyndaky we kanuny kazyýet yzarlamasyna ýol bermeýän ýa-da olary üpjün etmekligi islemezlik barada güwä geçýän günä geçmeler ýa-da beýleki hukuk päsgelçilikler degişli kadalardan çykmaga ýol bermezlik ýörelgesini bozýarlar.

6. Komitet Konwensiýanyň ähli gatnaşyjy döwletlerine Konwensiýany ratifikasiýa edip öz üstüne alan borçnamalaryň kadadan çykmalara ýol bermezlik häsiýeti barada ýatladýar. 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabryndaky wakalardan soň, Komitet 2-nji maddada ("nähili hem bolsa-da hiç hili aýratyn ýagdaýlar… gynamalaryň aklanmasy bolup gulluk edip bilmez"), 15-nji maddada (gynamalary etmekde günäkärlenýän adama garşy boýun almalar ulanylan halatlardan başga ýagdaýlarda, kesgitlenişi ýaly, gynamalar astynda edilen boýun almalaryň subutnamasy hökmünde ulanmagy gadagan etmeklik) we 16-njy maddada (rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebesini kemsidýän garaýşy we jezalandyrmany gadagan etmeklik) berkidilen borçnamalar "ähli ýagdaýlarda berjaý etmeklik gerek" üç kada bolup durýandygyny kesgitledi [1]. Komitet, 3-15-nji maddalar gynamalara, şeýle hem rehimsiz garaýşa degişlilikde deň derejede hökmany bolup durýar diýip hasaplaýar. Komitet gatnaşyjy döwletler, eger bu çäreler netijeli bolsa hem-de Konwensiýanyň obýektine we maksadyna laýyk gelse, bu borçnamalaryň ýerine ýetiriliş maksatlary üçin çäreleri saýlap biljekdigini boýun alýar.

7. Şeýle hem Komitet, kadadan çykmalara ýol bermezlik ýörelgesi bilen bagly "oňa garaşly bolan islendik çäkler" düşünjesi islendik çäkleri ýa-da islendik obýektleri öz içine alýar we ol ýa-da başga gatnaşyjy döwletiň *de-ýure* ýa-da *de-fakto* gözegçiliginiň astynda bolan islendik adamlary, raýatlary ýa-da raýatlygy bolmadyk adamlary goramak maksatlarynda hiç hili kemsitmesiz ulanylmaly diýip hasap edýär. Komitet, döwletiň gynamalaryň öňüni almak borçnamasy gatnaşyjy döwletiň adyndan, onuň bilen bilelikde ýa-da onuň tabşyrygy boýunça

*de-ýure* ýa-da *de-fakto* hereket edýän ähli adamlara hem ýaýraýar diýip nygtaýar. Her gatnaşyjy döwletiň öz wezipeli adamlarynyň ýa-da onuň adyndan hereket edýän subýektleriň işine berk gözegçilik etmekligi, we beýlekileriň arasyndaky terrorçylyga garşy çäreleriň amala aşyrylmagynyň netijesinde bolan gynamalaryň ýa-da rehimsiz garaýşyň islendik ýagdaýlaryny ýüze çykarmaklygy we gös-göni jenaýatçylaryň hem-de öjükdirijilik, razylyk ýa-da ýol berijilik hereketlerinden gelip çykýan tabynlyk ulgamyndaky wezipeli adamlaryň diňe bir hukuk jogapkärçiligine üns bermän gelejekde gynamalaryň ýa-da rehimsiz garaýşyň täze ýagdaýlaryny derňemek, jezalandyrmak hem-de olaryň öňüni almak üçin kabul edilýän çäreler baradaky maglumaty hem Komitetiň dykgatyna ýetirmekligi örän zerurdyr.

## III. Gynamalaryň öňüni almak boýunça netijeli çäreleri kabul etmek borçnamanyň mazmuny

8. Gatnaşyjy döwletler, bolmadyk ýagdaýynda, Konwensiýanyň 1-nji maddasynda bar bolan gynamanyň kesgitlemesiniň elementlerinden, we 4-nji maddanyň görkezmelerinden ugur alyp, öz jenaýat hukugyna laýyklykda gynamalaryň ulanmaklygyny jenaýat hökmünde kesgitlemelidirler.

9. Konwensiýada bar bolan kesgitlemäniň, we içerki hukuga goşulan kesgitlemäniň arasyndaky düýpli deň gelmezlik jezasyz galmak üçin hakyky ýa-da bolup biläýjek sypalgalara ýol açýar. Käbir halatlarda, meňzeş kesgitlenilen pikir ulanylanda hem, şeýle kesgitlenilen pikiriň içerki hukukda ýa-da kazyýet edaralary bilen berlen düşündirilişiň güýjüne başgarak manysyna eýe bolup biler, we şunuň bilen baglylykda, Komitet her gatnaşyjy döwleti onuň üstünde ýatan borçnamalary kesgitlemek üçin häkimiýetiň ähli şahalary Konwensiýada berlen kesgitlemäniň tarapyny tutmaklygyny üpjün etmeklige çagyrýar. Şol bir wagtda, Komitet içerki hukuk ulgamlarynda bar bolup biljek has giň kesgitlemeler Konwensiýanyň wezipelerine hem-de maksatlaryna ýetmeklige hem ýardam berýändigini, eger olar, iň bolmanda, Konwensiýanyň standartlaryny şekillendirýän we olara laýyklykda ulanylýan bolsa, boýun alýar. Hususan-da, Komitet 1-nji maddadaky maksadyň hem-de niýetiň alamatlaryny kesgitlemek üçin ýerine ýetirijileriň esaslanan sebäpleriniň subýektiw anyklamasyny geçirmek zerurlygynyň ýokdygyny aýratyn belleýär; oňa derek bar bolan ýagdaýlary hasaba alyp obýektiw netijenama bermeklik zerurdyr. Derňewleri geçirmek we tabynlyk ulgamyna girýan adamlaryň, şeýle hem gös-göni ýerine ýetirijiniň (ýerine ýetirijileriň) jogapkärçiligini kesgitlemek gerek.

10. Komitet, gatnaşyjy döwletleriň köpüsi rehimsiz garaýyş hökmünde özüni alyp barmaklygyň kesgitlenen görnüşlerini öz jenaýat kodekslerinde kesgitleýändiklerini ýa-da belleýändiklerini boýun alýar. Rehimsiz garaýyş gynamalardan agyryny hem-de ejiri çekmegiň derejesi bilen tapawutlanyp biler we maksatlaryň ýol bermezligine degişlilikde subutnamalary talap etmeýär. Komitet, diňe rehimsiz garaýyş hökmünde kesgitlenilýän hereketler bilen baglylykda, şeýlelikde bu hereketlere gynamalaryň elementleri mahsus bolanda, yzarlamany gozgamaklyk Konwensiýanyň bozulmasy bolup durýjakdygyny nygtaýar.

11. Adaty kast etmeklikden ýa-da başga jenaýatlardan tapawutlanyşy ýaly, gynamalary ulanmaklykdan ybarat bolan jenaýaty kesgitläp, Komitet, gatnaşyjy döwletleriň gynamalaryň hem-de rehimsiz garaýşyň öňüni almak Konwensiýanyň hemmetaraplaýyn gurşap alýan maksadyny gös-göni giňeltjekdigine esaslanýar. Bu jenaýatyň bellenmesi we kesgitlemesi, hususan-da, her adamyň, jenaýatçylary, pidalary we jemgyýetçiligi goşanda, gynamalary ulanmaklykdan ybarat bolan jenaýatyň aýratyn agyrlygyna ünsini çekip, Konwensiýanyň

maksadyna ýetmeklige ýardam edýär. Bu jenaýatyň kodifikasiýasy şeýle hem: a) edilen jenaýatyň agyrlygyna laýyk gelýän gerekli jezalandyrmanyň zerurlygyny nygtar; b) gadagan etmekligiň özüniň saklaýjy täsirini güýçlendirer; c) gynamalary ulanmak görnüşinde takyk jenaýatlary yzarlamakda jogapkär wezipeli adamlaryň mümkinçiliklerini giňelder; we d) jemgyýetçiligi gözegçiligi amala aşyrmak üçin we, zerurlyk ýüze çykanda, Konwensiýanyň bozulmasyny göz öňünde tutýan döwletiň hereketine, şeýle hem hereketsizligine garşy çykmak üçin serişdeler hem-de hukuklar bilen üpjün eder.

12. Gatnaşyjy döwletleriň döwürleýin çykyşlaryna we şahsy habarlara seredip we ýüze çykýan üýtgemeleri synlap, Komitet möhüm jähtleri aşakda beýan edilýän göz öňüne getirilýän netijeli çäreleriň öz düşünşini özüniň gutarnykly belliklerinde açyk kesgitleýär. 2-nji maddanyň umumy ulanylýan ýörelgelerini, şeýle hem Konwensiýanyň aýratyn maddalaryndan gelip çykýan meýili hasaba alyp, Komitet gynamalaryň we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebesini kemsidýän garaýşyň we jezalandyrmagyň hereketleriniň öňüni almak üçin zerur we gerekli çäreleri gyssagly we netijeli amala aşyrmak üçin her gatnaşyjy döwletiň ukyplygyny ýokarlandyrmaga gönükdirilen takyk hereketleri teklip edýär we olar şunuň bilen gatnaşyjy döwletlere olaryň kanunçylyklaryny Konwensiýanyň düzgünlerine doly laýyk getirmekligine ýardam berýär.

13. Käbir esasy kepillikler azatlykdan mahrum edilen adamlaryň ählisine ulanylýar. Olaryň käbirleri Konwensiýada sanalyp geçilýär, we Komitet hemişe gatnaşyjy döwletleri bu kepillikleri ulanmaklyga çagyrýar. Komitetiň netijelei çärelere degişli teklipleri häzirki zaman esasgoýujy jähtlerň düşündirilişine gönükdirilendir we gutarnykly bolup durmaýar. Şeýle kepillikler, hususan-da, tussag astynda saklanylýan adamlaryň resmi sanawyny alyp barmaklygy, tussag astyndaky adamlaryň öz hukuklary barada habarly bolmak hukugyny, garaşsyz hukuk kömegini gyssagly almak hukugyny, garaşsyz lukmançylyk kömegini gyssagly almak hukugyny we garyndaşlary bilen gatnaşmak hukugyny, tussag astynda saklanylýan ýerleri we azatlykdan mahrum edilýän ýerleri gözegçilik etmek we baryp görmek üçin tarapgöýsiz kazyýet gurallarynyň barlygyna bolan islegleri we tussag astynda saklanylýan adamlaryň hem-de gynamalara ýa-da rehimsiz garaýşa sezewar edilmegine töwekgelligi bar bolan adamlaryň şikaýatlaryna özwagtynda we tarapgöýsiz seredilişini kepillendirýän kazyýet we hukuk goragynyň beýleki serişdeleriniň rugsat berilşiň üpjün edilmegini, olaryň hukuklarynyň goragyny we tussag astynda saklanyşyň ýa-da ulanylan garaýşyň kanunylylygyna garşy çykmaklygyny öz içine alýar.

14. Konwensiýa güýje girenden soň ýygnalan tejribe, Komitet tarapyndan gynamalaryň gadagan etmekliginiň, gynamalaryň ulanyş usullarynyň, olaryň ulanylýan şertleriniň, we olaryň ulanylyşynyň netijeleriniň gurşap alýan çägine we häsiýetine bolan, şeýle hem dürli ýagdaýlarda gynamalaryň öňüni almak boýunça netijeli çäreleriň üýtgemelere sezewar bolýan düşünmeşi has çuňlaşdy. Şeýlelikde, mysal üçin, Komitet şahsy durmuşyň eldegrilmesizligi barada gürrüň giden halatynda şol bir jynsly goragçylaryň barlygynyň möhümdigini belledi. Öňüni almaklygyň (mysal üçin, ähli soraglaryň wideo ýazgysy, hususan-da, 1992-nji ýylyň Stambul teswirnamasynda [2] göz öňünde tutulan derňew tertipleriniň ulanylyşy, şeýle hem kämillik ýaşyna ýetmedikleriň goragy boýunça çäreler barada jemgyýetçiligi habarly etmekligiň täze görnüşlerini işläp taýýarlanylyşy) täze we ondanam täze usullary döränligi, ulanylyp görlenligi we netijeli diýlip ykrar edilenligi üçin, 2-nji madda galan maddalara daýanmaklyga we gynamalaryň öňüni almak üçin zerur bolan çäreleriň gurşap alan gerimini giňeltmäge mümkinçilik berýär.

## IV. Döwletleriň borçnamalarynyň hereket ediş çägi we jogapkärçiligi

15. Konwensiýa borçnamalary şahsy adamlaryň üstüne däl-de, gatnaşyjy döwletleriň üstüne atýar. Döwletler dürli edaralaryň işgärlerini, hususy potratçylary we resmi hökmünde çykyş edýän ýa-da döwletiň adyndan, döwlet bilen bilelikde ýa-da kanun astynda başgaça hökmünde hereket edýän beýleki subýektleri goşanda, öz wezipeli adamlarynyň hereketleri ýa-da hereketsizligi üçin halkara jogapkärçiligi çekýärler. Şoňa laýyklykda, her gatnaşyjy döwlet gynamalary we rehimsiz garaýşy gadagan etmelidir hem-de öňüni almalydyr we munuň bilen baglylykda, tussag astynda ýa-da gözegçilik astynda adamlary saklamak bilen baglylykda, mysal üçin, türmelerde, hassahanalarda, mekdeplerde, çagalara, garrylara, ruhy kesellilere ýa-da maýyplara ideg edilýän edaralarda, harby gullukda ýa-da beýleki edaralarda, şeýle hem indiki ýagdaýlarda, haçanda döwletiň gatyşmazlygy şahsy adamlaryň zyýan howpyny öjükdirýän we ýokarlandyrýan islendik ýagdaýlarda degiş öwez dolmasyny göz öňünde tutmalydyr. Şonuň bilen birlikde, Konwensiýa halkara şertnamalaýyn hukugyna we beýleki halkara şertnamalaryna laýyklykda gynamalary we rehimsiz garaýşy edenligi üçin döwletiň ýa-da aýratyn adamlaryň üstüne ýüklenilip bilinjek halkara jogapkärçiligi çäklendirmeýär.

16. 2-nji maddanyň 1-nji bölümi her gatnaşyjy döwlete gynamalaryň öňüni almak üçin netijeli çäreleri diňe öz garaşsyz çäginde däl-de, eýsem “oňa garaşly bolan islendik çäkde” hem kabul etmek barada görkezme berýär. Komitet, “islendik çäk” aňlatmasy gatnaşyjy döwletiň halkara hukugyna laýyklykda gös-göni ýa-da gytaklaýyn, doly ýa-da bölekleýin *de-ýure* ýa-da *de-fakto* netijeli gözegçiligi amala aşyrýan ähli sebitleri öz içine alýandygyny belleýär. 2-nji maddada, şeýle hem 5-nji, 11-nji, 12-nji, 13-nji we 16-njy maddalarda bar bolan “islendik çäge” bolan salgylanma diňe bir degişli gatnaşyjy döwletde hasaba alnan deňiz ýa-da howa gämisiniň bortunda däl-de, eýsem harby basyp alma ýa-da parahatçylygy saklamak boýunça operasiýalar edilýän, we ilçihanalar, harby bazalar, azatlykdan mahrum edilýän ýerler ýaly şeýle ýerlerde ýa-da döwletiň hakyky ýa-da netijeli gözegçilik edýäb beýleki ýerlerde hem edilýän gadagan hereketlere degişlidir. Komitet şeýle düşündirilişi 5-nji maddanyň 1-nji bölüminiň b) kiçi bölümi tarapyndan güýçlendirilýändigini belleýär, bu kiçi bölüm gatanaşyjy döwlet tarapyndan “haçanda çak edilýän jenaýatçy şu döwletiň raýaty bolanda” ýurisdiksiýany amala aşyrmak boýunça çäreleri kabul etmekligi talap edýär. Komitet, 2-nji maddanyň manysy boýunça “çäk” düşünjesi gatnaşyjy döwlet tarapyndan tussag astynda saklanylýan adamlaryň üstünden gös-göni ýa-da gytaklaýyn, *de-ýure* ýa-da *de-fakto* gözegçiligi amala aşyrýan ýagdaýlary hem gurşap almalydyr diýip hasap edýär.

17. Komitet, gatnaşyjy döwletleriň kesgitlemesi Konwensiýada bar bolan gynama hereketlerini gös-göni etmekligi, öjükdirmekligi, gönükdirmekligi, höweslendirmekligi, ýol bermekligi ýa-da başga usul bilen gatnaşmaklygy ýa-da bile gatnaşmaklygy döwlet edaralarynyň wekillerine we resmi hökmünde çykyş edýän beýleki adamlara garşy çykmak maksady bilen netijeli çäreleri kabul etmeklige borçludygyny belleýär. Şunuň bilen, gatnaşyjy döwletler islendik gynama hereketleri bilen oňuşýan ýa-da geplemän ylalaşýan şeýle edaralaryň wekillerine ýa-da resmi hökmünde ýa-da kanun astynda çykyş edýän beýleki adamlara garşy çykmak üçin netijeli çäreleri kabul etmelidirler. Komitet, gatnaşyjy döwletler, eger olar bu borçnamalary ýerine ýetirmese, onda olar Konwensiýany bozýarlar diýip netijä gelýär. Şeýle, mysal üçin, eger tussag astynda saklanyş merkezler hususy eýeçilikde bolýan bolsa ýa-da hususy adamlar bilen dolandyrylýan bolsa, onda Komitet olara döwlet wezipeli adamlarynyň gözegçiligi amala aşyrmak hem-de gynamalaryň we rehimsiz garaýşyň öňüni almak üçin ähli netijeli çäreleri kabul etmek borjundan çykmasyz döwlet wezipeleri ýerine ýetirmeklik tabşyrylandygy üçin olaryň işgärleri resmi wezipeli adamlary hökmünde hereket edýändiginden netije çykarýar.

18. Komitet, eger döwlet edaralary ýa-da resmi hökmünde ýa-da kanun astynda çykyş edýän beýleki adamlar olaryň döwlet wezipeli adamlary ýa-da hususy subýektler gynamalary ýa-da rehimsiz garaýşy ulanýandygyny bilýän ýa-da olaryň çak etmäge göwnejaý esaslary bar bolsa, we şeýlelikde Konwensiýa laýyklykda şeýle döwlete dahylsyz wezipeli adamlaryň ýa-da hususy subýektleriň öňüni almak, derňemek, jogapkärçilige çekmek we jezalandyrmak maksatlary üçin bolmalysy ýaly tagalla etmeýän bolsa, onda döwlet munuň üçin jogapkärçilik çekýändigini, we onuň wezipeli adamlary netijede şeýle ýol berilmeýän hereketlere razylyk ýa-da ýol berlendigi üçin Konwensiýa laýyklykda gös-göni, gytaklaýyn ýa-da başga jogapkärçilik çekýändigini anyk öňünden aýtdy. Döwlet tarapyndan gynamalaryň öňüni almak, günäkärleri jezalandyrmak we pidalaryň hukuklaryny dikeltmek maksatlary üçin gatyşmaklyk görnüşinde bolmalysy ýaly tagalla edilmezligi Konwensiýa boýunça ýol berilmeýän hereketleriň döwlete dahylsyz subýektleri tarapyndan jezasyz amala aşyrylyşyny höweslendirýär we olara ýol berýär, döwletiň perwaýsyzlygy ýa-da hereketsizligi höweslendirme we/ýa-da *de-fakto* rugsatnama görnüşleriniň biri bolup durýar. Komitet bu ýörelgäni gatnaşyjy döwletler tarapyndan zorlamany, durmuşdaky zorlugy, aýal jyns organlaryny maýyplamagy we adam söwdasyny goşanda, gender alamaty boýunça zorlugyň öňüni almak boýunça we pidalaryň goragyny üpjün etmek boýunça çäreleriň kabul etmezligine ulanýar.

19. Ondan başga-da, eger ol ýa-da başga adam tussag astyna ýa-da haýsydyr bir adamyň ýa-da edaranyň gözegçiligi astyna geçirmeklige ýa-da ugradylmaklyga sezewar edilýän bolsa we bu adam ýa-da edara gynamalara ýa-da rehimsiz garaýşa dahyllylygy mälim bolsa, we ol göwnejaý kepillikleri berjaý etmeýän bolsa, onda munuň üçin jogapkärçiligi döwlet çekýär, we onuň wezipeli adamlary 2-nji maddanyň 1-nji bölümine laýyklykda döwletiň gynamalaryň önüni almak boýunça netijeli çäreleri kabul etmek borçnamasynyň bozulmagynda şeýle geçirmeklik barada buýruk berendigi, ony rugsat edendigi ýa-da onda gatnaşandygy üçin jezalandyrmaga sezewar edilmelidir. Komitet, haçanda gatnaşyjy döwletler adamlary 2-nji we 3-nji maddalaryň ony talap edişi ýaly, degerli iş ýörediş hereketleri amala aşyrmasyz şeýle ýerlere ugradanda, şeýle ýagdaý boýunça ynjalyksyzlyk bildirýär.

## V. Kemsitmäniň we marginalizasiýanyň netijesinde gowşak bolan adamlaryň we toparlaryň goragy

20. Kemsitmezlik ýörelgesi adam hukuklarynyň goragynyň çäklerinde esasgoýujy we umumy ýörelge bolup durýar, we Konwensiýany düşündirmek hem-de ulanmak üçin aýyklanýan ähmiýete eýedir. Kemsitmezlik Konwensiýanyň 1-nji maddasynyň 1-nji bölümindäki gynamalaryň kesgitlemesiniň özünde göz öňünde tutulandyr, ol *"islendik häsiýetli kemsidilişe esaslanan islendik sebäp boýunça..."* edilýän takyk hereketleri anyk gadagan edýär. Komitet, ruhy ýa-da fiziki zorlugyň ýa-da rehimsiz garaýşyň kemsidiji ulanylyşy ol ýa-da beýleki etmişi gynamalar hökmünde kesgitläp boljakdygyny ýa-da bolmajakdygyny kesgitlemekde möhüm faktor bolup durýandygyny nygtaýar.

21. Gynamalaryň ýa-da rehimsiz garaýşyň öňüni almak boýunça borçnamanyň bölegi gynamalar aýratyn düýpli howp salýan azlyklara ýa-da marginalizleşen toparlara degişli käbir adamlaryň ýa-da ilat gatlaklarynyň goragy bolup durýar. Gatnaşyjy döwletlere, Konwensiýadan gelip çykýan borçnamalara laýyklykda, olaryň kanunlary tejribede jynsyna, teniniň reňkine, etniki gelip çykyşyna, ýaşyna, din ynamlaryna we ygtykatlaryna, milli ýa-da sosial gelip çykyşyna, erkek-aýallygyna, seksual gönükmekligine, transgender öz-özüňe meňzetmesine, ruhy ýa-da beýleki bozulmalara, saglyk ýagdaýyna, ykdysady işinde gatnaşmaklygyna ýa-da oturymly halklara degişliligine, syýasy jenaýatlarda ýa-da terrorçylyk hereketlerde aýyplanýan adamlary, gaçybatalga gözleýän adamlary, bosgunlary ýa-da halkara

goragyna mätäç bolan beýleki adamlary goşanda, adamyň tussag astynda saklanylýan jenaýatyň görnüşine, ýa-da haýsydyr başga derejä ýa oňaýsyz alamata garamazdan, ähli adamlara degişlilikde ulanylmagyny üpjün etmek gerek. Munuň bilen baglylykda, gatnaşyjy döwletlere, gynamalar hakykatdan hem düýpli howp salynýan toparlaryň agzalaryna degişlilikde zorlugyň we rehimsiz garaýşyň islendik hereketleri üçin hemmetaraplaýyn kazyýet yzarlanmasy hem-de jezalandyrmasy we, hususan-da, ýokarda sanalyp geçilen çäreleri goşanda, öňüni almak we goramak boýunça beýleki pozitiw çäreleriň ulanylmasy arkaly, olaryň goragyny üpjün etmek gerek.

22. Döwletleriň çykyşlarynda köplenç aýallara degişlilikde Konwensiýanyň amala aşyrylyşy barada anyk hem-de ýeterlikli maglumat azlyk edýär. Komitet, gender iň möhüm faktorlaryň biri bolup durýandygyny belleýär. Beýleki tapawutlandyryjy aýratynlyklar ýa-da, jyns, raýatlyk, din, seksual gönükmeklik, ýaşy, immigrasion derejesi we ş.m. ýaly, adamyň derejesi bilen baglaşmada aýal jynsyna degişliligi – bu aýal-gyzlaryň ýagny haýsy ýagdaýlarda gynamalara ýa-da rehimsiz garaýşa, ýa-da şeýle hereketleriň howpuna sezewar bolýandygyny ýa-da olaryň netijesinden jebir çekýändigini anyklamaga kömek edýän faktorlardyr. Aýallary şeýle gowşak ýagdaýa eltýan şeýle ýagdaýlaryň sanyna azatlykdan mahrum etmeklik, hususan-da, köpelmek saglygyna degip geçýän kararlaryň kabul edilmegi bilen baglylykdaky lukmançylyk hyzmaty, ýa-da obşinalaryň we maşgala agzalary tarapyndan zorluk hem degişlidir. Erkekler hem Konwensiýanyň käbir gender düzgünleriniň bozulmasynyň pidalary, ýagny zorlama, seksual zorlugy ýa-da rehimsiz garaýyş ýaly hereketleriň pidalary bolýar. Erkekler we aýallar ýaly, şeýle hem oglanlar we gyzlar hem olaryň durmuş taýdan kesgitlenilen gender ornuna hakyky ýa-da çak edilýän laýyk gelmezliginiň güýjüne Konwensiýanyň bozulmasynyň pidalary bolup bilerler. Gatnaşyjy döwletlere öz çykyşlarynda şeýle ýagdaýlar barada we olaryň öňüni almak ýa-da günäkärleri jezalandyrmak üçin kabul edilýän çäreler barada habar bermeklik teklip edilýär.

23. Munuň güýjüne, netijeli çäreleriň iň möhüm bölekleriniň biri hemişe baha bermeklik bolup durýar. Komitetler gatnaşyjy döwletlere Konwensiýanyň amala aşyrylyşyna barabar baha berip biler ýaly, ýaş, jyns alamaty we beýleki möhüm garaýyşlar boýunça bölünen maglumatlary öz çykyşlaryna goşmaklygy yzygiderli teklip edýär. Şeýle bölünen maglumatlar gatnaşyjy döwletlere we Komitete kemsidiji garaýyşdan goramak boýunça çäreleri gesgitlemäge, deňeşdirmäge we kabul etmäge mümkinçilik berýär, bolmasa ol ters ýagdaýda görülmän ýa-da ünse çekilmän galyp biler. Gatnaşyjy döwletlere, mümkin boldugyça, gynamalaryň ýa-da rehimsiz garaýşyň ulanylyşyna we öňüniň alnyşyna täsir edýän sebäpler barada, şeýle hem gynamalaryň we rehimsiz garaýşyň öwrülip biljek umumy we aýratyn görnuşlerini hasaba alyp, azlyklar, gynamalaryň pidalary, çagalar we aýallar ýaly, ilatyň takyk toparlaryna degişlilikde gynamalaryň ýa-da rehimsiz garaýşyň öňüni almakda ýüze çykýan kynçylyklar barada maglumat bermekligi teklip edilýär.

24. Işliligiň çäklerinde kemsitmekligi ýok etmek we gynamalaryň ýa-da rehimsiz garaýşyň howpy haýsy ýagdaýlarda ýüze çykyp biläýjek predmetine aň-bilim kampaniýalaryny hemişelik esasda geçirmek hem şeýle bozulmalaryň öňüni almaklygyň we jemgyýetde aýallaryň hem-de azlyklaryň hukuklaryna hormat goýmak medeniýetini wagyz etmekligiň möhüm jähtleriniň sanyna degişlidir. Döwletlere azlyklaryň hem-de aýallaryň wekillerini, hususan-da, döwlet, şeýle hem hususy sektorlardaky lukmançylyk we bilim edaralaryna, türmelere/tussag astynda saklamak merkezlerine, hukuk goraýjy, kazyýet we hukuk edaralaryna, işe kabul etmekligi höweslendirmeklik teklip edilýär. Gatnaşyjy döwletlere jyns, aýal-erkeklik alamaty, milli gelip çykyşy we beýleki degişli derejesi boýunça bölünen bu babatda ýetilen öňe gidişlik barada maglumaty öz çykyşlaryna goşmaklygy gerek.

## VI. Konwensiýa tarapyndan bellenilen beýleki öňüni alyş çäreler

25. Konwensiýanyň 3-15-nji maddalarynda, gatnaşyjy döwletler gynamalaryň we rehimsiz garaýşyň, hususan-da, tussag edilmegiň we azatlykdan mahrum edilmegiň şertlerinde öňüni almaklygyň maksatlary üçin örän möhüm diýip hasaplaýan takyk öňüni alyş çäreler beýan edilýär. Komitet, netijeli öňüni alyş çäreleri kabul etmek borçnamasy Konwensiýada takyk aýdylyp geçilen görkezmeleriň çäklerinden daşary, we şu umumy tertipli belligiň çäklerinden daşary çykýandygyny belläp geçýär. Şeýlelikde, mysal üçin, ilatyň, umumylykda, gynamalary we rehimsiz garaýşy gadagan edýän ýörelgäniň taryhy, gurşap alýan gerimi we boýun gaçyrma ýol bermeýän zerurlyk barada bilimleri almaklygy we hukuk goraýjy we beýleki edaralaryň işgärleri gynamalar we rehimsiz garaýyş ulanylýan ýagdaýlary ýüze çykarmak we öňüni almak meseleleri boýunça taýýarlyk geçmekligi möhümdir. Şeýle meňzeş usul bilen, döwletleriň resmi taýdan ulanylýan ýa-da makullanýan gynamalar ýa-da rehimsiz garaýşyň görnüşleri baradaky habarlaryna garamak hem-de baha bermek işinde ýygnalan baý tejribäniň ýşygynda, Komitet gynamalaryň we rehimsiz garaýşyň öňüni almak maksady bilen geçirilýän monitoringiň baş ýörelgesiniň şahsy adamlar tarapyndan zorluk edilýän ýagdaýlara uýgunlaşmagynyň möhüm ähmiýetiniň bardygy bilen ylalaşýar. Gatnaşyjy döwletleriň degişli alamatlar boýunça bölünen öňüni alyş çäreleriň olar tarapyndan amala aşyrylyşy barada jikme-jik maglumaty Komitete bolan öz çykyşlaryna goşmaklygy gerek.

## VII. Ýokarda duran başlygyň buýruklary

26. Gynamalary gadagan etmek ýörelgesinden çykmalara ýol bermezlik 2-nji maddanyň 3-nji bölüminde eýýäm ykrar edilen we berkidilen kada bilen tassyklanylýar, we oňa görä ýokarda duran başlygyň ýa-da döwlet häkimiýetiniň buýruklary hiç bir ýagdaýlarda gynamalaryň aklamasy hökmünde gulluk edip bilmez. Şunuň bilen, garamagyndaky işgärler ýokarda duran başlygyň buýrugyna salgylanyp bilmezler we hususy jogapkärçilik çekmelidirler. Şol bir bada, döwlet wezipeli adamlaryny goşanda, ýokary ygtyýarlyklar berlen adamlar, haçanda olar öz garamagyndaky işgärler tarapyndan ýol berilmeýän hereketleri edendiklerini bilýän ýa-da bilmäne borçly bolan, emma hiç hili göwnejaý we zerur öňüni alyş çäreleri geçirmedik ýagdaýynda, olaryň garamagyndaky işgärler tarapyndan edilen gynama ýa-da rehimsiz garaýyş hereketleri üçin hasabat bermesiz bolup ýa-da jenaýat jogapkärçiliginden gaçyp bilmezler. Komitet, gynamalara ýa-da rehimsiz garaýşa gös-göni öjükdirijilik üçin, ýa-da olary etmeklige gönükdirmek üçin, ýa-da bu hereketler bilen ylalaşýandygy ýa ýol berýändigi üçin islendik ýokarda duran wezipeli adamlary jogapkärçilige çekmek baradaky mesele jenaýat yzarlamasynyň ygtyýarly, garaşsyz we tarapgöýsiz edaralary we kazyýetler tarapyndan doly derňelmegi örän möhüm diýip hasap edýär. Olaryň pikiri boýunça kanuny bolmadyk buýruklary ýerine ýetirmekden boýun gaçyrýan we şol sanda ýokary wezipeli adamlar tarapyndan edilen gynama ýa-da rehimsiz garaýyş hereketleriniň derňewiniň çäklerinde hyzmatdaşlyk edýän adamlar jezanyň islendik görnüşinden goralmalydyrlar.

27. Komitet, şu umumy tertipli belligi, eger olar iň bolmanda Konwensiýada berkidilen standartlary şöhlelendirýän bolsa, ol ýa-da beýleki halkara şertnamasynda ýa-da milli kanunynda göz öňünde tutulan goragyň islendik iň ýokary derejesi üçin zyýan ýetirmesiz düşündirmekligiň gerekdigi barada täzeden mälim edýär.

[1] 2001-nji ýylyň 22-nji noýabrynda Komitet 11-nji sentýabrda bolan wakalar bilen baglylykda beýannama kabul etdi we ol Konwensiýanyň her gatnaşyjy döwletine ugradyldy (A/57/44, 17-18-nji bölümler).
[2] Gynamalary we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebesini kemsidýän garaýşyň we jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerini netijeli derňemek we resmileşdirmek boýunça gollanma.

# Gynamalara we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýşyň hem-de jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerine garşy Konwensiýasyna Fakultatiw teswirnama

*Baş Assambleýanyň 2002-nji ýylyň 18-nji dekabrynda*

*57/199 belgili rezolýusiýasy bilen kabul edildi*

**Giriş**

*Şu Teswirnamanyň gatnaşyjy döwletleri,*

gynamalar we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýşyň hem-de jezalandyrmagyň beýleki görnüşleri gadagan edilendigini we adam hukuklarynyň düýpli bozulmalary bolup durýandygyny *gaýtadan tassyklap*,

Gynamalara we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýşyň hem-de jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerine garşy Konwensiýanyň (mundan beýläk "Konwensiýa" diýlip atlandyrylýar) maksatlaryna ýetmek we azatlykdan mahrum edilen adamlaryň gynamalardan we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýşyň hem-de jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerinden goragyny güýçlendirmek boýunça indiki çäreleriň zerurlygyna *göz ýetirip*,

Konwensiýanyň 2-nji we 16-njy maddalary her gatnaşyjy döwleti öz tabynlygynyň astyndaky islendik çäkde gynama hereketleriniň we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýşyň hem-de jezalandyrmagyň beýleki görnüşleriniň öňüni almak üçin netijeli çäreleri görmäge borçly edýändigini *ýatladyp*,

bu maddalaryň ýerine ýetirilişi üçin esasy jogapkärçilik döwletlere degişlilidigini, azatlykdan mahrum edilen adamlaryň goragynyň güýçlendirilişi we olaryň adam hukuklarynyň gyşarnyksyz berjaý edilişi hemmeleriň umumy borjy bolup durýandygyny we amala aşyrmak boýunça halkara edaralary milli çäreleriň üstüni ýetirýändigini hem-de berkidýändigini *tassyklap*,

gynamalaryň we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýşyň hem-de jezalandyrmagyň beýleki görnüşleriniň täsirli öňüni almaklygy aň-bilim bermek babatynda we dürli kanun çykaryjy, dolandyryş, kazyýet we beýleki çäreleriň utgaşdyrmasynda çäreler görmekligi talap edýändigini *ýatladyp*,

şeýle hem 1993-nji ýylyň iýun aýynda Wenada geçirilen Adam hukuklary boýunça Bütindünýä konferensiýasy gynamalary düýbünden ýok etmek boýunça tagallalar ilki bilen olaryň öňüni almaklyga gönükdirilen bolmaly diýip hyjuwlylyk bilen mälim edendigini, we tussag astynda saklanylýan ýerlere yzygiderli görmäge barmak öňüni alyş ulgamyny döretmek maksady bolan Konwensiýanyň ýanyna fakultatiw teswirnamasynyň kabul etmekligine çagyrýandygyny *ýatladyp*,

azatlykdan mahrum edilen adamlaryň gynamalardan we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýşyň hem-de jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerinden goragy tussag astynda saklanylýan ýerlere yzygiderli görmäge barmaklyga esaslanan önüni alyş häsiýetli kazyýete dahylsyz çäreleriň esasynda güýçlendirilip bilinjegine *ynanyp*,

*şu aşakdakylar hakynda ylalaşdylar:*

**I Bölüm**

**Umumy ýörelgeler**

*1-nji madda*

Şu Teswirnamanyň maksady garaşsyz halkara we milli edaralary tarapyndan gynamalaryň we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýşyň we jezalandyrmagyň beýleki görnüşleriniň öňüni almak maksady bilen azatlykdan mahrum edilen adamlaryň bolýan ýerlerine yzygiderli görmäge barmaklygyň ulgamyny döretmekden ybaratdyr.

*2-nji madda*

1. Gynamalara garşy Komitetiň şu Teswirnamada beýan edilen wezipeleri amala aşyrýan Gynamalaryň we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýşyň we jezalandyrmagyň beýleki görnüşleriniň öňüni almak boýunça Kömekçi komitet (mundan beýläk Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet diýlip atlandyrylýar) döredilýär.

2. Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet öz işini Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň çäklerinde ýerine ýetirýär we onuň maksatlaryna hem-de ýörelgelerine, şeýle hem azatlykdan mahrum edilen adamlara bolan garaýşyna degişli Birleşen Milletler Guramasynyň kadalaryna esaslanýar.

3. Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet gizlinlik, tarapgöýsizlik, seçijisizlik, köptaraplylyk we ýüz görmezlik ýörelgelerine hem esaslanýar.

4. Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet we gatnaşyjy döwletler şu Teswirnamanyň amala aşyrylyş işinde hyzmatdaşlayk edýärler.

*3-nji madda*

Her gatnaşyjy döwlet gynamalaryň we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýşyň we jezalandyrmagyň beýleki görnüşleriniň öňüni almak maksatlarynda görmäge barmak üçin bir ýa-da birnäçe edaralary döredýär, belleýär ýa-da milli derejede goldaýar (mundan beýläk milli öňüni alyş mehanizmleri diýlip atlandyrylýar).

*4-nji madda*

1. Her gatnaşyjy döwlet, şu Teswirnama, 2-nji we 3-nji maddalarda aýdylyp geçilen mehanizmlere laýyklykda, döwlet edarasynyň buýrugy boýunça ýa-da onuň görkezmesi boýunça, ýa-da onuň ygtyýar bermegi bilen ýa-da gepsiz razylygy bilen azatlykdan mahrum edilen adamlar saklanylýan ýa-da saklanyp bilinjek, onuň garamagynda we gözegçiligi astynda ýerleşýän islendik ýeri (mundan beýläk tussag astynda saklanylýan ýerler diýlip atlandyrylýar) görmäge barmaklyga rugsat berýär. Bu görmäge barmaklyklar, zerurlyk ýüze çykanda, şeýle adamlaryň gynamalardan we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýşyň we jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerinden goragyny güýçlendirmek maksady bilen amala aşyrylýar.

2. Şu Teswirnamanyň maksatlary üçin azatlykdan mahrum etmeklik tussag astynda saklanyşyň ýa-da türmede saklanyşyň islendik görnüşini ýa-da adamyň öz hususy islegi boýunça, kazyýet, dolandyryş ýa-da başga edaranyň buýrugy boýunça taşlap gitmäge hukugy bolmadyk döwlet ýa hususy tussag astynda saklanylýan ýerini aňladýar.

**II Bölüm**

**Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet**

*5-nji madda*

1. Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet on agzadan ybaratdyr. Ellinji ratifikasion hat ýa-da şu Teswirnama goşulmak hakynda resminama saklanmaga tabşyrylandan soň Kömekçi komitetiň agzalarynyň sany ýigrimi bäş adama çenli köpelýär.

2. Öňüni almak boýunça Kömekçi komitetiň agzalary ýokary ahlak häsiýetlere eýe bolan we, hususan-da, jenaýat, penitensiar ulgamynda ýa-da polisiýada adalatlylygy berjaý etmek babatynda, ýa-da azatlykdan mahrum edilen adamlara garamaklyga degişliligi bolan dürli babatlarda tassyklanylan iş tejribesi bar bolan adamlaryň sanyndan saýlanylýar.

3. Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet döredilende gatnaşyjy döwletleriň medeniýetleriniň we hukuk ulgamlarynyň dürli görnüşleriniň adalatly geografiki paýlanyşynyň we wekilçiliginiň zerurlygyna degerli üns berilýär.

4. Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet döredilende deňlik we kemsitmezilik ýörelgeleriniň esasynda deňleşdirilen gender wekilçiligine hem üns berilýär.

5. Öňüni almak boýunça Kömekçi komitetiň düzümine şol bir döwletiň birden köp bolmadyk raýaty girip biler.

6. Öňüni almak boýunça Kömekçi komitetiň agzalary öz wezipelerini hususy häsiýetde ýerine ýetirýärler, olar garaşsyz we tarapgöýsiz bolmalydyrlar we olaryň Kömekçi komitetiň düzüminde netijeli işlemek üçin mümkinçiligi bolmalydyr.

*6-njy madda*

1. Şu maddanyň 2-nji bölümine laýyklykda, her gatnaşyjy döwlet hünäre eýe bolýan we 5-nji maddada beýan edilen talaplara laýyk gelýän iki dalaşgärini teklip edip biler, we şeýlelikde ol dalaşgärleriň hünäri hakynda jikme-jik maglumaty berýär.

2.

*a*) Dalaşgärler şu Teswirnama gatnaşyjy döwletiň raýatlygyna eýe bolmalydyrlar;

*b*) iň bolmanda, gatnaşyjy döwlet tarapyndan teklip edilen iki dalaşgäriň birisi şu gatnaşyjy döwletiň raýatlygyna eýe bolmalydyr;

*c*) Öňüni almak boýunça Kömekçi komitetiň düzümine şol bir gatnaşyjy döwletiň raýatlary bolup durýan ikiden köp bolmadyk dalaşgäri teklip edilip bilner;

*d*) haýsydyr bir gatnaşyjy döwlet beýleki bir gatnaşyjy döwletiň raýatyny dalaşgär hökmünde teklip etmezden öň, ol şol gatnaşyjy döwlete ýüz tutýar we ondan razylyk alýar;

3. Gatnaşyjy döwletleriň saýlawlar geçiriljek mejlisiniň başlanmazyna çenli azyndan bäş aý öňünden Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary gatnaşyjy döwletlere üç aýlyk

möhletiň içinde öz dalaşgärlerini hödürlemek teklibi bilen hat ugradýar. Baş sekretar olary hödürlän gatnaşyjy döwletleri görkezmek bilen alfawit tertibinde şeýle usul bilen ähli teklip edilen dalaşgärleriň sanawyny hödürleýär.

*7-nji madda*

1. Öňüni almak boýunça Kömekçi komitetiň agzalary indiki usul bilen saýlanýarlar:

*a*) şu Teswirnamanyň 5-nji maddasynyň talaplarynyň we ölçegleriniň ýerine ýetirilişine esasy üns berilýär;

*b*) ilkinji saýlawlar şu Teswirnama güýje girenden soň alty aýdan gijä galman geçirilýär;

*c*) gatnaşyjy döwletler Öňüni almak boýunça Kömekçi komitetiň agzalaryny gizlin ses bermek arkaly saýlaýarlar;

*d*) Öňüni almak boýunça Kömekçi komitetiň agzasynyň saýlawlary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary tarapyndan her iki ýylda bir gezek çagyrylýan gatnaşyjy döwletleriň mejlislerinde geçirilýär. Gatnaşyjy döwletleriň sanyndan üçden iki böleginden ybarat kworumy bolan bu mejlislerde sesleriň iň köp sanyny we olarda bar bolan hem-de ses bermeklige gatnaşan gatnaşyjy döwletleriň wekilleriniň sesleriniň gürrüňsiz köplügini ýygnan adamlar Kömekçi komitetiň agzalygyna saýlanan diýlip hasaplanylýar.

2. Eger saýlawlaryň dowamynda haýsydyr bir gatnaşyjy döwletiň iki raýaty Öňüni almak boýunça Kömekçi komitetiň düzüminde işlemäge hukuk gazansa, sesleriň has köp sanyny ýygnan dalaşgär Kömekçi komitetiň agzasy bolýar. Eger bu raýatlar sesleriň deň sanyny ýygnan bolsa, onda indiki tertip ulanylýar:

*a*) eger gatnaşyjy döwlet tarapyndan diňe bir dalaşgär teklip edilen, we ol onuň raýaty bolup durýan bolsa, onda bu raýat Öňüni almak boýunça Kömekçi komitetiň agzasy bolýar;

*b*) eger gatnaşyjy döwlet tarapyndan iki dalaşgär teklip edilen, we olar onuň raýatlary bolup durýan bolsa, onda Öňüni almak boýunça Kömekçi komitetiň agzasy hökmünde bu raýatlaryň haýsysy boljakdygyny kesgitlemek üçin aýratyn gizlin ses bermeklik geçirilýär;

*c*) eger gatnaşyjy döwlet tarapyndan hiç bir dalaşgär teklip edilmedik we ol onuň raýaty bolup durýan bolsa, onda Öňüni almak boýunça Kömekçi komitetiň agzasy hökmünde bu dalaşgärleriň haýsysy boljakdygyny kesgitlemek üçin aýratyn gizlin ses bermeklik geçirilýär.

*8-nji madda*

Öňüni almak boýunça Kömekçi komitetiň agzalarynyň biri ölen halatynda ýa-da öňünden habardar edip işden çykyp giden halatynda ýa-da haýsydyr bir sebäp boýunça Kömekçi komitetiň agzasynyň wezipelerini ýerine ýetirmäge mümkinçiligi bolmadyk halatynda, ony dalaşgär hökmünde teklip eden gatnaşyjy döwlet, ony gatnaşyjy döwletleriň köplügi bilen tassyklanyljak şertinde gatnaşyjy döwletleriň indiki mejlisine çenli ygtyýarlyklarynyň möhletine, ygtyýarlylygyň dürli çygyrlarynyň arasyndaky degerli deňleşmesini üpjün etmek zerurlygyny nazara alyp, hünäre eýe bolan we 5-nji maddada beýan edilen talaplary kanagatlandyrýan, saýlanmaga hukugy bar bolan başga adamy belleýär. Eger Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary tarapyndan çak edilýän bellenme barada habardan soň, alty hepdäniň dowamynda gatnaşyjy döwletleriň ýarymy ýa-da ýarymyndan gowragy şeýle bellenmä garşy çykyş etmese, onda tassyklama geçirilen diýlip hasaplanylýar.

*9-njy madda*

Öňüni almak boýunça Kömekçi komitetiň agzalary dört ýyllyk möhlete saýlanylýar. Olar özlerini dalaşgärlige gaýtadan teklip eden halatynda ýene bir gezek saýlanylyp bilnerler. Ilkinji saýlawlarda saýlanan agzalaryň sanynyň ýarymynyň ygtyýarlyklarynyň möhleti iki ýyllyk döwür geçenden soň tamamlanýar; birinji saýlawlar geçenden soň bu agzalaryň atlary 7-nji maddanyň 1*d* bölüminde agzalan mejlisiň Başlygy bilen bije atmak arkaly derrew kesgitlenilýär.

*10-njy madda*

1. Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet öz wezipeli adamlaryny iki ýyllyk möhlete saýlaýar. Olar gaýtadan saýlanylyp bilner.

2. Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet öz tertip düzgünlerini belleýär. Bu tertip düzgünleri, hususan-da, şu aşakdakylary göz öňünde tutýar:

*a*) kworum - agzalaryň sanynyň ýarymy goşmak bir bolanda düzülýär;

*b*) Öňüni almak boýunça Kömekçi komitetiň kararlary gatnaşýan agzalaryň sesleriniň köplügi bilen kabul edilýär;

*c*) Öňüni almak boýunça Kömekçi komitetiň mejlisleri ýapyk ýagdaýda geçirilýär.

3. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Öňüni almak boýunça Kömekçi komitetiň birinji mejlisini çagyrýar. Özüniň birinji mejlisi geçenden soň, Kömekçi komitet indiki mejlisleri özüniň tertip düzgünlerinde bellenilen aralyk bilen geçirýär. Kömekçi komitet we Gynamalara garşy Komitet öz sessiýalaryny bir wagtda ýylda bir gezekden az bolmadyk ýagdaýda geçirýärler.

**III Bölüm**

**Öňüni almak boýunça Kömekçi komitetiň mandaty**

*11-nji madda*

Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet:

*a*) 4-nji maddada agzalan ýerleri baryp görýär, we gatnaşyjy döwletlere azatlykdan mahrum edilen adamlaryň gynamalardan we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýşyň we jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerinden goragyna degişli teklipleri hödürleýär;

*b*) milli öňüni alyş mehanizmlere degişlilikde:

i) zerurlyk ýüze çykanda, gatnaşyjy döwletlere maslahatlar berýär we şeýle mehanizmleri döretmekde olara ýardam berýär;

ii) milli öňüni alyş mehanizmlar bilen göni, zerurlyk ýuze çykanda, gizlin gatnaşyklary saklaýar we olaryň kuwwatyny berkitmek maksatlarynda olara hünär taýýarlygy we tehniki taýdan kömek babatynda hyzmatlary hödürleýär;

iii) olara masalahatlar berýär we olara azatlykdan mahrum edilen adamlaryň gynamalardan we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýşyň we jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerinden goragyny güýçlendirmek üçin zerur bolan isleglere we çärelere baha bermek işinde ýardam berýär;

iv) gynamalaryň we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýşyň we jezalandyrmagyň beýleki görnüşleriniň öňüni almak üçin mümkinçilikleri we milli öňüni alyş mehanizmleriň mandatyny berkitmek maksatlarynda gatnaşyjy döwletlere teklipler we bellikler hödürleýär;

*c*) Birleşen Milletler Guramasynyň degişli edaralary we mehanizmleri bilen, şeýle hem ähli adamlaryň gynamalardan we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýşyň we jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerinden goragyny güýçlendirmek bähbitlerinde hereket edýän halkara, sebitleýin we milli edaralar ýa-da guramalar bilen umuman gynamalaryň öňüni almak maksatlarynda hyzmatdaşlyk edýär.

*12-nji madda*

Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet 11-nji maddada beýan edilen öz mandatyny ýerine ýetirip biler ýaly, gatnaşyjy döwletler şu aşakdakylara borçlanýarlar:

*a*) Öňüni almak boýunça Kömekçi komiteti öz çäklerinde kabul etmek we şu Teswirnamanyň 4-nji maddasynda kesgitlenilen tussag astynda saklanylýan ýerlere onuň barmagyna rugsat bermek;

*b*) Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet azatlykdan mahrum edilen adamlaryň gynamalardan we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýşyň we jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerinden goragyny güýçlendirmek üçin kabul edilmeli zerurlyklara we çärelere baha bermek maksatlarynda talap edip biljek ähli degişli maglumaty bermek;

*c*) Öňüni almak boýunça Kömekçi komitetiň we milli öňüni alyş mehanizmleriň arasyndaky gatnaşyklary höweslendirmek we ýeňilleşdirmek;

*d*) Öňüni almak boýunça Kömekçi komitetiň maslahatlaryny öwrenmek we amala aşyrmak boýunça mümkin bolan çärelere degişlililkde onuň bilen gepleşikler başlamak.

*13-nji madda*

1. Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet, 11-nji maddada bellenilen öz mandatyny ýerine ýetirmek maksatlarynda, ilkibaşda bije atmak arkaly gatnaşyjy döwletlere yzygiderli baryp görmeleriň maksatnamasyny kesgitleýär.

2. Maslahatlar geçirenden soň, Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet, görmäge barmalary amala aşyrmak üçin gaýra goýman zerur amaly çäreleri kabul edip biler ýaly gatnaşyjy döwletleri öz maksatnamasy barada habarly edýär.

3. Görmäge barmalar Öňüni almak boýunça Kömekçi komitetiň azyndan iki agzasy bilen geçirilýär. Zerurlyk ýüze çykanda, bu agzalaryň ýanynda gatnaşyjy döwletler, Birleşen Milletler Guramasynyň adam hukuklary boýunça Ýokary komissarynyň Müdiryeti we Birleşen Milletler Guramasynyň halkara jenaýatçylygyň öňüni almak boýunça Merkezi tarapyndan berlen teklipleriň esasynda taýýarlanan bilermenler sanawyndan saýlanan, şu Teswirnama bilen gurşalyp alnan babatlarda tassyklanan iş tejribesi hem-de bilimi bar bolan bilermenler bolup biler. Bu sanaw taýýarlananda, gatnaşyjy döwletler bäşden köp bolmadyk milli bilermenleri hödürleýärler. Degişli gatnaşyjy döwlet görmäge barmak üçin teklip edilen dalaşgär bilermeni ret edip biler, ondan soň Kömekçi komitet başga bilermeni hödürleýär.

4. Eger Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet muny zerur diýip hasap etse, onda ol yzygiderli görmäge barmadan soň gysgajyk yzyndan gelýän görmäge barmany gurnamagy teklip edip biler.

*14-nji madda*

1. Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet öz mandatyny ýerine ýetirip biler ýaly, şu Teswirnamanyň gatnaşyjy döwletleri oňa şu aşakdakylary bermäge borçlanýarlar:

*a*) 4-nji maddada kesgitlenilen tussag astynda saklanylýan ýerlerdäki azatlykdan mahrum edilen adamlaryň sany baradaky, şeýle hem şeýle ýerleriň sany we ýerleşýä ýeri baradaky islendik maglumaty çäklendirmesiz peýdalanmaga rugsat bermek;

*b*) şeýle adamlara bolan garaýşa, şeýle hem olaryň tussag astynda saklanyş şertlerine degişli islendik maglumaty çäklendirmesiz peýdalanmaga rugsat bermek;

*c*) aşakdaky 2-nji bölüme laýyklykda – tussag astynda saklanylýan ýerleriň, olaryň binalarynyň we desgalarynyň ählisine çäklendirmesiz barmaga rugsat bermek;

*d*) şaýatsyz, hususy ýa-da, zerurlyk ýüze çykanda, terjimeçiniň üsti bilen azatlykdan mahrum edilen adamlar, şeýle hem, Öňüni almak boýunça Kömekçi komitetiň pikirine görä, degişli maglumat berip biljek islendik başga adam bilen hususy gürrüňler geçirmek mümkinçiligini bermek;

*e*) onuň barmaga isleg bildiren ýerleri, we onuň gürrüňdeşlik etmäge isleg bildiren adamlary päsgelçiliksiz saýlamak hukugyny bermek.

2. Tussag astynda saklanylýan aýdyň ýerine barmaga degişlilikde garşylyklar diňe milli goragyna, döwlet howpsuzlygyna, tebigy betbagtçylyklara ýa-da barmaklyk çak edilýän ýerde, şeýle barmaklygy geçirmäge wagtlaýynça päsgel berýän düýpli tolgunmalara degişlilikde gyssagly tertipde ýüze çykan we ynandyryjy pikirlere esaslanyp bilerler. Yglan edilen adatdan daşary ýagdaýynyň barlygy gatnaşyjy döwlet tarapyndan görmäge barmaklygy geçirmäge garşy närazylyk üçin sebäp hökmünde getirilip bilinmez.

*15-nji madda*

Hiç bir edara ýa-da wezipeli adam Öňüni almak boýunça Kömekçi komitete ýa-da onuň agzalaryna islendik maglumaty, onuň dogry ýa-da nädogry bolanyna garamazdan, habar berendigi üçin islendik adama ýa-da gurama degişlilikde islendik sanksiýany belläp, ulanyp, rugsat berip ýa-da ygtyýar berip bilmez, we hiç bir şeýle adam ýa-da gurama haýsydyr başga bir usul bilen kemsidilip bilinmez.

*16-njy madda*

1. Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet öz hödürnamalaryny we belliklerini gatnaşyjy döwlete we, zerurlyk ýüze çykanda, milli öňüni alyş mehanizmine gizlin tertipde ugradýar.

2. Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet, gatnaşyjy döwletden degişli haýyş gowşan halatynda, öz çykyşyny degişli gatnaşyjy döwletiň islendik bellikleri bilen bilelikde çap edýär. Eger gatnaşyjy döwlet çykyşyň bir bölegini köpçülige aýan eden halatynda, onda Komekçi komitet öz çykyşyny doly ýa-da bölekleýin çap edip biler. Şonuň bilen birlikde, hususy häsiýetli maglumatlar degişli adamyň gös-göni bildirilen razylygy bolmadyk halatynda çap edilip bilinmez.

3. Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet özüniň işi baradaky ýyldaky çykyşyny Gynamalara garşy Komitete berýär.

4. Eger gatnaşyjy döwlet 12-nji we 14-nji maddalara laýyklykda Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet bilen hyzmatdaşlyk etmekden boýun gaçyrýan bolsa ýa-da Öňüni almak boýunça Kömekçi komitetiň hödürnamalarynyň yşygynda ýagdaýy gowulandyrmak üçin çäreleri görmekden boýun gaçyrýan bolsa, onda Gynamalara garşy Komitet, haçanda gatnaşyjy döwlet öz pikirlerini beýan etmäge mümkinçilik alandan soň, Kömekçi komitetiň haýyşy boýunça öz agzalarynyň sesleriniň köplügi bilen şu mesele boýunça açyk beýannamasy bilen çykyş etmek ýa-da Kömekçi komitetiň çykyşyny çap etmek barada karar kabul edýär.

## IV Bölüm

## Milli öňüni alyş mehanizmler

*17-nji madda*

Şu Teswirnama güýje girenden ýa-da ol raitifikasiýa edilenden, ýa-da oňa goşulandan soň bir ýyldan soň gijä galman her gatnaşyjy döwlet milli derejede gynamalaryň öňüni almak üçin bir ýa-da birnäçe garaşsyz milli öňüni alyş mehanizmlerini goldaýar, belleýär ýa-da döredýär. Merkezsizleşdirilen edaralar tarapyndan esaslandyrylan mehanizmler şu Teswirnamanyň maksatlary üçin, eger olar onuň düzgünleriniň talaplaryna gabat gelýän bolsa, milli öňüni alyş mehanizmleri hökmünde bellenilip bilner.

*18-nji madda*

1. Gatnaşyjy döwletler milli öňüni alyş mehanizmleriň wezipeleýin garaşsyzlygyny, şeýle hem olaryň işgärleriniň garaşsyzlygyny kepillendirýär.

2. Gatnaşyjy döwletler milli öňüni alyş mehanizmiň bilermenleri zerur kuwwata we hünär bilimlere eýe bolmaklygy üpjün etmek boýunça zerur çäreleri görerler. Olar gender deňleşmesini we ýurtda bar bolan etniki toparlaryň we azlyklar toparlarynyň barabar wekilçiligini üpjün edýärler.

3. Gatnaşyjy döwletler milli öňüni alyş mehanizmleriň hereket etmekligi üçin zerur gorlary bermäge borçlanýarlar.

4. Milli öňüni alyş mehanizmleri döredende, gatnaşyjy döwletler adam hukuklaryny goramak we höweslendirmek boýunça milli edaralaryň derejesine degişli Ýörelgeleri hasaba alýarlar.

*19-njy madda*

Milli öňüni alyş mehanizmlere, iň bolmanda, indiki ygtyýarlyklar berilýär:

*a*) zerurlyk ýüze çykanda, gynamalardan we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýşyň we jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerinden olaryň goragyny güýçlendirmek maksady bilen, 4-nji maddada kesgitlenilen tussag astynda saklanylýan ýerlerde azatlykdan mahrum edilen adamlara garaýyş baradaky meselä yzygiderli garamak;

*b*) azatlykdan mahrum edilen adamlara garaýşy we olaryň saklanyşyny gowulandyrmak maksatlarynda degişli edaralara maslahatlar hödürlemek we Birleşen Milletler Guramasynyň degişli kadalaryny hasaba almak bilen gynamalaryň we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýşyň we jezalandyrmagyň beýleki görnüşleriniň öňüni almak;

*c*) hereket edýän kanunçylyga ýa-da kanun taslamalaryna degişli teklipleri we bellikleri bermek.

*20-nji madda*

Milli öňüni alyş mehanizmler öz mandatyny ýerine ýetirip biler ýaly, şu Teswirnamanyň gatnaşyjy döwletleri olara şu aşakdakylary bermäge borçlanýarlar:

*a*) 4-nji maddada kesgitlenilen tussag astynda saklanylýan ýerlerdäki azatlykdan mahrum edilen adamlaryň sany, şeýle hem şeýle ýerleriň sany we olaryň ýerleşişi baradaky islendik maglumaty görmäge rugsat bermek;

*b*) bu adamlara bolan garaýşa, şeýle hem olaryň tussag astynda saklamagyň şertlerine degişli islendik maglumaty görmäge rugsat bermek;

*c*) tussag astynda saklanylýan ýerleri, olaryň binalaryny we desgalaryny baryp görmäge rugsat bermek;

*d*) şaýatsyz, hususy, ýa-da, zerurlyk ýüze çykanda, terjimeçiniň üsti bilen, azatlykdan mahrum edilen adamlar bilen, şeýle hem milli öňüni alyş mehanizmiň pikiri boýunça degişli maglumaty berip biljek islendik başga adam bilen hususy gepleşikler geçirmek mümkinçiligini bermek;

*e*) olaryň baryp görmäge isleg bildiren ýerleri, we olaryň gepleşmäge isleg bildiren adamlary päsgelçiliksiz saýlamak hukugyny bermek;

*f*) Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet bilen gatnaşyklary guramak, oňa maglumaty ibermek we onuň bilen duşuşmak hukugyny bermek.

*21-nji madda*

1. Hiç bir edara ýa-da wezipeli adam milli öňüni alyş mehanizmine dogry ýa-da nädogry bolanyna garamazdan islendik maglumaty habar bermek üçin islendik adama ýa-da gurama degişlilikde islendik sanksiýany belläp, ulanyp, rugsat edip ýa-da ygtyýar berip bilmez, we hiç bir adam ýa-da gurama haýsydyr başga usul bilen kemsidilip bilinmez.

2. Milli öňüni alyş mehanizm bilen ýygnalan gizlin maglumat ýaýradylmaýar. Hususy häsiýetli maglumatlar diňe degişli adamyň anyk bildirilen razylygy bilen çap edilýär.

*22-nji madda*

Degişli gatnaşyjy döwletiň ygtyýarly edaralary milli öňüni alyş mehanizmiň maslahatlaryny öwrenýärler we amala şyrmak boýunça mümkin bolan çärelere degişlilikde olar bilen gepleşige girişýärler.

*23-nji madda*

Şu Teswirnamanyň gatnaşyjy döwletleri milli öňüni alyş mehanizmleriň ýyldaky çykyşlaryny çap etmäge we ýaýratmaga borçlanýarlar.

**V Bölüm**

**Beýannama**

*24-nji madda*

1. Ratifikasiýadan soň gatnaşyjy döwletler, ýa şu Teswirnamanyň III bölümine laýyklykda, ýa-da IV bölümine laýyklykda, öz borçnamalarynyň amala aşyrylyşynyň möhletini yza süýşürmeklige degişli beýannama berip bilerler.

2. Şeýle möhletini yza süýşürmeklik aňyrsy üç ýyl hereket edýär. Gatnaşyjy döwlet tarapyndan degişli materiallar berlenden soň we Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet bilen maslahatlar geçirilenden soň Gynamalara garşy komitet bu döwri ýene iki ýyla uzaldyp biler.

**VI Bölüm**

**Maliýe düzgünleri**

*25-nji madda*

1. Şu Teswirnamanyň berjaý edilişiniň dowamynda Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet tarapyndan çekilen çykdajylar Birleşen Milletler Guramasy tarapayndan ödelýär.

2. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary, şu Teswirnama laýyklykda, öz wezipelerini netijeli amala aşyrmak üçin Öňüni almak boýunça Kömekçi komiteti zerur işgärler we şertler bilen üpjün edýär.

*26-njy madda*

1. Baş Assambleýanyň degişli tertibine laýyklykda, Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet gatnaşyjy döwlete görmäge barandan soň onuň bilen çykarylan hödürnamalaryň amala aşyrylyşyny, şeýle hem milli öňüni alyş mehanizmleriň bilim maksatnamalaryny maliýeleşdirmekde ýardam etmek üçin Birleşen Milletler Guramasynyň maliýe düzgünlerine we kadalaryna laýyklykda dolandyrylýan Ýörite gazna döredilýär.

2. Bu Ýörite gazna hökümetler, hökümetara we hökümete dahylsyz guramalar we beýleki hususy ýa-da döwlet döremeler tarapyndan tölenilýän meýletin pul geçirmeleriň hasabyna maliýeleşdirilip bilner.

**VII Bölüm**

**Jemleýji düzgünler**

*27-nji madda*

1. Şu Teswirnama Konwensiýa gol çeken islendik döwlet bilen gol çekmeklik üçin açykdyr.

2. Şu Teswirnama Konwensiýany ratifikasiýa eden ýa-da oňa goşulan islendik döwlet bilen ratifikasiýa etmäge degişlidir. Ratifikasion hatlar Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklamak üçin tabşyrylýar.

3. Şu Teswirnama Konwensiýany ratifikasiýa eden ýa-da oňa goşulan islendik döwlet bilen goşulmak üçin açykdyr.

4. Goşulmaklyk Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklamak üçin goşulmak hakyndaky resminamany tabşyrmak arkaly amala aşyrylýar.

5. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary her ratifikasion hatyň ýa-da goşulmak hakyndaky resminamanyň saklanyşa tabşyrylandygy barada şu Teswirnama gol çeken ýa-da oňa goşulan ähli döwletleri habarly edýär.

*28-nji madda*

1. Şu Teswirnama Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna 20-nji ratifikasion hat ýa-da goşulmak hakyndaky resminama saklamaga tabşyrylandan soň 30-njy güne güýje girýär.

2. Şu Teswirnama, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna ýigriminji ratifikasion hat ýa-da goşulmak hakyndaky resminama saklamaga tabşyrylandan soň, şu Teswirnamany ratifisirleýän ýa-da oňa goşulýan her döwlet üçin onuň öz ratifikasion haty ýa-da goşulmak hakyndaky resminama saklamaga tabşyrylandan soň 30-njy güne güýje girýär.

*29-njy madda*

Şu Teswirnamanyň düzgünleri hiç hili çäklendirmelersiz ýa-da kadadan çykmalarsyz federatiw döwletleriň ähli böleklerine ýaýraýandyr.

*30-njy madda*

Şu Teswirnama bolan haýsydyr belliklere ýol berilmeýär.

*31-nji madda*

Şu Teswirnamanyň düzgünleri tussag astynda saklanylýan ýerlere görmäge barmak ulgamyna esaslanan islendik sebitleýin konwensiýalar boýunça gatnaşyjy döwletleriň borçnamalaryna täsir etmeýärler. Öňüni almak boýunça Kömekçi komitete we şeýle sebitleýin konwensiýalara laýyklykda esaslandyrylan edaralara şu Teswirnamanyň maksatlaryna netijeli ýetmekligi üpjün etmek we gaýtalanmakdan gaça durmak üçin biri-biri bilen maslahatlaşmaklygy we hyzmatdaşlyk etmekligi teklip edilýär.

*32-nji madda*

Şu Teswirnamanyň düzgünleri 1949-njy ýylyň 12-nji awgustyndaky dört Ženewa konwensiýalary we olara bolan 1977-nji ýylyň 8-nji iýunyndaky Goşmaça teswirnamalary boýunça gatnaşyjy döwletleriň borçnamalaryna, şeýle hem halkara ynsanperwerlik hukugy bilen gurşap alynmaýan ýagdaýlarda tussag astynda saklanylýan ýerlere islendik döwletiň Halkara Gyzyl Haç Komitetine barmaklygy rugsat bermek hukuklaryna täsir etmeýär.

*33-nji madda*

1. Islendik gatnaşyjy döwlet islendik wagtda şu Teswirnamany Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna ýazmaça habarnama ýollamak arkaly denonsirläp biler, we ol öz gezeginde şu Teswirnamanyň we Konwensiýanyň gatnaşyjy döwletlerini bu barada habarly eder. Denonsirleme Baş sekretar tarapyndan şeýle habarnama alandan soň bir ýyl geçenden soň güýje girýär.

2. Şeýle denonsirleme gatnaşyjy döwleti denonsirleme güýje giren senesine çenli bolan islendik hereket ýa-da ýagdaý, ýa-da Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet degişli gatnaşyjy döwlete degişlilikde kabul etmekligi karar eden ýa-da karar edip biljek çäreler bilen baglylykda şu Teswirnama boýunça öz borçnamalaryndan boşatmaýar, we denonsirleme hiç bir usul bilen denonsirleme güýje girýän senesine çenli Kömekçi komitet bilen eýýäm seredilýän islendik meseläniň dowam edýän seredilişine zyýan ýetirmeýär.

3. Gatnaşyjy döwlet tarapyndan yglan edilen denonsirleme güýje giren senesinden soň, Öňüni almak boýunça Kömekçi komitet bu döwlete degişli bolan islendik täze meseläniň seredilişini başlap bilmez.

*34-nji madda*

1. Şu Teswirnamanyň islendik gatnaşyjy döwleti düzediş teklip edip we ony Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna ugradyp biler. Baş sekretar soňra teklip edilen düzedişi, şu teklibe garamak we ol boýunça ses bermekligi geçirmek maksady bilen gatnaşyjy döwletleriň konferensiýasyny çagyrmak bilen olar razy boljak ýa-da bolmajak barada oňa habar bermek haýyşy bilen, şu Teswirnamanyň gatnaşyjy döwletlerine ugradýar. Eger şeýle hat ugradylan senesinden başlap dört aýyň dowamynda gatnaşyjy döwletleriň üçden bir bölegi şeýle konferensiýa razylyk berse, onda Baş sekretar Birleşen Milletler Guramasynyň saýasynda konferensiýany çagyrýar. Şu konferensiýada bar bolan we ses bermeklikde gatnaşan gatnaşyjy döwletleriň üçden iki bölegi köplüginde kabul edilen islendik düzediş Baş sekretar tarapyndan kabul etmeklik üçin ähli gatnaşyjy döwletlere ugradylýar.

2. Şu maddanyň 1-nji bölümine laýyklykda tassyklanylan düzediş, olaryň konstitusion tertiplerine laýyklykda, şu Teswirnamanyň gatnaşyjy döwletleriniň üçden iki bölegi köplügi bilen kabul edilenden soň güýje girýär.

3. Düzedişler güýje girenden soň olary kabul eden gatnaşyjy döwletler üçin olar hökmany bolýar, we beýleki gatnaşyjy döwletler üçin bolsa şu Teswirnamanyň düzgünleri we olar tarapyndan kabul edilen islendik öňki düzedişler hökmany bolup galýar.

*35-nji madda*

Öňüni almak boýunça Kömekçi komitetiň agzalaryna we milli öňüni alyş mehanizmleriň agzalaryna öz wezipelerini garaşsyz amala aşyrmaklyk üçin zerur bolan ýeňillikler hem-de aýratyn hukuklar berilýär. Kömekçi komitetiň agzalaryna 1946-njy 13-nji fewralyndaky Birleşen Milletler Guramasynyň ýeňillikler hem-de aýratyn hukuklar hakyndaky Konwensiýanyň 23-nji bölüminiň düzgünlerini berjaý etmek bilen, şol Konwensiýanyň 22-nji bölüminde sanalyp geçilen ýeňillikler hem-de aýratyn hukuklar berilýär.

*36-njy madda*

Gatnaşyjy döwlete barlanda öňüni almak boýunça Kömekçi komitetiň agzalary şu Teswirnamanyň düzgünleri hem-de maksatlary üçin we olaryň ulanyp biljek şol ýeňillikere hem-de aýratyn hukuklara zyýan ýetirmesiz:

*a*) baryp görülýän döwletiň kanunlaryny we kadalaryny berjaý edýärler;

*b*) öz borçlarynyň tarapgöýsiz we halkara häsiýeti bilen gabat gelmeýän islendik hereketlerden ýa-da işden saklanýarlar.

*37-nji madda*

1. Şu Teswirnama, onuň iňlis, arap, ispan, hytaý, rus we fransuz dillerindäki tekstleri Teswirnamanyň aslyna muwapyk bolup, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna saklamak üçin tabşyrylýar.

2. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary şu Teswirnamanyň tassyklanylan nusgalaryny ähli döwletlere iberýär.

# TUSSAGLARA SERETMEGIŇ MINIMAL STANDART DÜZGÜNLERI

*1955-nji ýylda Ženewada bolup geçen jenaýatçylygyň öňüni almak we hukuk bozujylara seretmek boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň ilkinji Kongressinde kabul edildi we Ykdysady we Sosial Geňeşiniň 1957-nji ýylyň 31-nji iýulyndaky 663 C (XXIV) hem-de 1977-nji ýylyň 13-nji maýyndaky 2076 (LXII) belgili rezolýusiýalarynda tassyklandy.*

**DESLAPKY BELLIKLER**

1. Aşakda berlen düzgünleriň maksady penitensiar edaralarynyň nusgawy ulgamynyň jikme-jik beýan etmek dälde, olar häzirki zaman pikiriň hemmeler tarapyndan ykrar edilen üstünlikleriniň esasynda we häzirki wagtda has kanagatlanarly ulgamlaryň esasy elementlerini hasaba alyp, tussaglara seretmek we edaralary dolandyrmak babatynda esasy we tejribe nukdaýnazaryndan adaty dogry hasaplanylýan ýagdaýy beýan etmek üçin niýetlenendir.

2. Hukuk, sosial, ykdysady we geografiki şertleriniň dürlüligine üns berip, bu düzgünleriň ählisini hemme ýerlerde we birbada ulanyp bolmajaklygy düşnüklidir. Şeýle hem bolsa, olar amala aşyrylyşynyň ýolundaky amaly kynçylyklaryny ýeňmäge hemişelik çalyşmaklygyň döremegine sebäp bolmalydyrlar, sebäbi olar umumylykda we bütewilikde alnanda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ýerlikli hasaplanylýan şol bir minimal şertleri şöhlelendirýärler.

3. Beýleki tarapdan, olar hemişe öňe gidýän pikiriň iş meýdanyny gurşap alýarlar. Olaryň özlerinde beýan edilen ýörelgeler bilen ylalaşykly we özlerinde bellenilen maksatlara ýetmäge gönükdirilen synaglary geçirmäge we tejribäni alyp barmaga böwet bolmak maksady ýokdyr.

4. 1) Düzgünleriň I Bölegi edaralaryň umumy dolandyrylyşyna degişlidir we kazy bilen bellenilen “howpsuzlyk çäreleriň” ýa-da düzediş çäreleriň predmeti bolup durýan tussaglary goşanda, tussaglar jenaýat ýa-da raýat işi boýunça tussagda bolan bolmadygyna we olar diňe derňew astynda ýa-da ýyl kesilen bolan bolmadygyna garamazdan tussaglaryň ähli toparlarynda ulanyp bolýar.

2) II Bölekde her bölümde aýdylyp geçilýän aýratyn toparlarda ulanyp bolýan düzgünler beýan edilýär. Emma, *A* bölüminde görkezilen ýyl kesilen tussaglara degişli bolan düzgünler, şeýle toparlar üçin işlenip taýýarlanan düzgünlere garşy bolmaýan we tussaglaryň ýagdaýyny gowulandyrýan şerti bilen *B,C* we *D* bölümlerinde aýdylyp geçilen adam toparyna hem deň derejede ulanmaga degişlidir.

5. 1) Düzgünleriň, Borstalyň edaralary ýa-da düzediş öýleri ýaly, kiçi ýaşlar üçin edaralaryň dolandyrylyşyny kadalaşdyrmak maksady ýokdyr. Şeýle-de bolsa, I Bölek bu edaralarda hem öz ulanylyşyny tapyp biler.

2) Kiçi ýaşlar toparyna, hiç bolmasa, kiçi ýaşly jenaýatçylar üçin kazyýetleriň ygtyýarlygyna tabyn bolýan ýaş tussaglaryň ählisini degişli etmek gerek. Adatça, şeýle ýaş adamlary türme tussaglygyna höküm etmek bolmaýar.

## I BÖLEK

## UMUMY ULANYLÝAN DÜZGÜNLER

### Esasy ýörelge

6. 1) Aşakda berlen düzgünleri tarap çalmazlyk bilen ulanmak gerek. Teniniň reňki, jynsy, dili, dini, syýasy ýa-da beýleki ygtykatlary, milli ýa-da sosial gelip çykyşy, emläk ýagdaýy, maşgala gelip çykyşy ýa-da durmuş ýagdaýy boýunça kemsitmeklik gadagandyr.

2) Beýleki tarapdan, ilatyň ol ýa-da beýleki toparlaryna degişli bolan tussaglaryň dini ygtykatlaryny we ruhy ýörelgelerini hormatlamak gerek.

### Sanaw

7. 1) Tussag ýerleriň ählisinde belgilenen sahypaly dokalanan žurnal görnüşinde sanaw bolmalydyr we oňa her tussaga degişli indiki maglumatlar girizilmelidir:

a) onuň şahsyýetine degişli maglumatlar;
b) ony tussag etmekligiň sebäpleri we tussag barada karar kabul eden häkimiýetler;
c) onuň şu tussag ýerine gelen we çykyp giden güni hem-de sagady.

2) Hiç kim jikme-jiklikleri deslapky görnüşinde sanawa salnan tussag etmek baradaky hakyky buýruk bolmadyk halatynda türmä kabul edilmez.

### Toparlar boýunça bölmek

8. Tussaglaryň dürli toparlary, olaryň jynsyny, ýaşyny, öňki kazyýet edilenligini, olary tussag etmekligiň hukuk sebäplerini we olara göz öňünde tutulan seredilişini hasaba alyp, aýratyn edaralarda ýa-da şol bir edaranyň dürli böleklerinde saklanylýar.
Şunuň bilen:

a) erkekleri we aýallary mümkin boldugyça aýratyn edaralarda saklamak gerek;
b) eger erkekler we aýallar şol bir edarada saklanylýan bolsa, onda aýallary düýbünden aýratyn jaýlarda ýerleşdirmek gerek;
c) ýyl kesilmedik tussaglary ýyl kesilen tussaglardan aýry ýerleşdirmek gerek;
d) bergi borçnamalaryny ýerine ýetirmedik üçin ýyl kesilen adamlary we raýat işleri boýunça beýleki tussaglary jenaýatly günä eden adamlardan aýry ýerleşdirmek gerek;
e) kiçi ýaşly hukuk bozujylary ululardan aýry saklamak gerek.

### Jaýlar

9. 1) Gijesini kameralarda ýa-da otaglarda geçirýän tussaglaryň hersiniň aýratyn kamerasy ýa-da otagy bolmalydyr. Eger, türme wagtlaýyn agram salnan ýaly aýratyn sebäpler boýunça merkezi türme müdirligi şeýle düzgüniň ulanylyşyndan boýun gaçyrmaly bolan halatynda, iki tussagy şol bir kamera ýa-da otaga ýerleşdirilende gowy bolmaz diýlip hasaplanylýar.

2) Umumy kameralar bar bolan ýerlerde, olarda ýerleşdirilýän tussaglar şeýle şertlerde bile ýaşamaklyga ukyplarynyň bardygyny tassyklamak üçin olary dykgatly seçip almak gerek. Gijelerine edaranyň häsiýetine laýyklykda hemişe gözegçilik etmek gerek.

10. Tussaglaryň ähli ulanýan jaýlary, esasan hem, ähli ýatak jaýlary, hemme arassaçylyk talaplaryna laýyk gelmelidirler, üstesine-de, howa şertlerine, esasan hem, bu jaýlaryň kubaturasyna, olaryň minimal meýdanyna, yşyklandyrylyşyna, ýyladylyşyna we şemalladylyşyna ýeterlik üns bermek gerek.

11. Tussaglaryň ýaşaýan we işleýän jaýlarynda:

a) tussaglar gün yşygynda okap we işläp biler ýaly äpişgeleriň ýeterlik ölçegleri bolmalydyr, we howany çalşyryş emeli ulgamynyň bardygyna ýa-da ýoklugyna garamazdan, olar arassa howanyň girmesini üpjün etmek üçin ýasalmalydyrlar;
b) emeli yşyklandyrylyş tussaglar görüjüligi üçin howpsuz okap ýa-da işläp biler ýaly ýeterlikli bolmalydyr.

12. Arassaçylyk desgalary her tussag oňa gerek bolan mahalynda arassaçylyk we edeplilik şertlerinde öz tebigy talaplaryny kanagatlandyryp biler ýaly ýeterlikli bolmalydyrlar.

13. Hammam desgalary we duşlaryň sany her tussag her klimatyň gyzgynlygy üçin ýararly, ýyl paslyny we geografiki sebitini hasaba alyp umumy gigiýenanyň şertleriniň talaplaryna laýyklykda ýygy-ýygydan, ýagny islendik halatda aram klimatda her hepdede bolmadyk ýagdaýynda bir gezek suwa düşüp ýa-da duş kabul edip biler ýaly we suwa düşmäge ýa-da duş kabul etmäge borçly bolar ýaly ýeterlikli bolmalydyrlar.

14. Tussaglar tarapyndan yzygiderli ulanýan edaranyň ähli bölekleri bolmalysy ýaly tertibe laýyk we iň pugta arassaçylykda saklanmalydyrlar.

**Hususy gigiýena**

15. Tussaglardan özlerini arassaçylykda saklamagyny talap etmeli. Munuň üçin, olary arassaçylygy we saglygy saklamak üçin zerur bolan suw we geýim-gejime gerek bolan zatlar bilen üpjün etmeli.

16. Tussaglaryň adam mertebesine laýyk gelýän daşky görnüşini saklap biler ýaly, olara öz saçy barada we erkeklere yzygiderli sakgalyny almaga rugsat berip, öz sakgaly barada alada etmek mümkinçiligini bermek gerek.

**Geýim we ýatmak üçin esbaplar**

17. 1) Raýat geýimini geýmäge hukugy bolmadyk tussaglara şu klimata laýyk gelýän we olaryň saglygyny kanagatlanarly ýagdaýda saklamaga kömek edýän resmi geýimiň toplumyny bermek gerek. Bu geýimiň göwne degiji, kemsidiji häsiýeti bolmaly däldir.

2) Geýim arassa we gurat saklanmalydyr. Gigiýenanyň talaplaryna laýyklykda, kir ýuwulşyny we arassa içgi geýimiň berlişini üpjün etmek gerek.

3) Aýratyn halatlarda, haçanda tussag häkimiýetleriň rugsady boýunça edaradan çykyp gidende, oňa öz geýimini ýa-da başga göze düşmeýän geýimi geýmäge rugsat bermek gerek.

18. Eger tussaglara raýat geýimi geýmäge rugsat berilýän bolsa, onda olaryň tussag edilen pursatynda geýimi arassa we geýmäge ýaramly bolar ýaly çäreleri görmek gerek.

19. Her tussagy milli ýa-da ýerli kadalara laýyklykda aýratyn ýatmak üçin esbaplar bilen üpjün edilen aýratyn koýka bilen üpjün etmek gerek we ýatmak üçin esbaplar berlen mahaly olar arassa bolmalydyr, guratlykda saklanmalydyr we olaryň arassalygyny saklamak üçin ýygy-ýygydan çalşyrylyp durmalydyr.

**Iýmit**

20. 1) Türme müdirligi adaty sagatlarda her tussaga onuň saglygyny we güýçlerini saklamak üçin ýeterlikli gowy hili bolan oňat taýýarlanan we getirilip berlen ýeterlik ýokumly iýmiti üpjün etmelidir.

2) Her tussagyň onda isleg dörän mahalynda içmek üçin agyz suwy bolmalydyr.

**Fiziki maşklar we sport**

21. 1) Açyk howada iş bilen meşgullanmaýan tussaglaryň ählisi, eger howa muňa päsgel bermeýän bolsa, günde bolmadyk ýagdaýynda bir sagatlyk howluda gerekli fiziki maşklary etmäge haklydyrlar.

2) Degişli fiziki ýagdaýyndaky kiçi ýaşlylary we laýyk ýaşly beýleki tussaglary maşklar döwründe fiziki türgünleşmek we oýun oýnamak mümkinçiligi bilen üpjün etmek gerek. Munuň üçin, zerur meýdançalar, desgalar we enjamlar bolmalydyr.

**Medisina taýdan hyzmat etmek**

22. 1) Ähli edaralaryň ygtyýarynda bolmadyk ýagdaýynda psihiatriýa babatynda bilimleri bolan bir ökde hünärli medisina işgäri bolmalydyr. Medisina taýdan hyzmat etmekligi ýerli ýa-da döwlet saglygy goraýyş edaralary bilen ýakyn aragatnaşykda gurnamak gerek. Ol psihiatriki anyklaýyş gulluklaryny we zerur bolan ýerlerde ruhy taýdan kemakyl tussaglary bejermekligi öz içine almalydyr.

2) Hünärmeniň hyzmatlaryna mätäç bolan näsag tussaglary aýratyn edaralara ýa-da raýat hassahanalaryna geçirmek gerek. Türme hassahanalarynda kesellilere ýerlikli medisina idegini etmek üçin we olary bejermek üçin zerur bolan enjamlar, desgalar we dermanlar, şeýle hem ýeterlik ökde hünärli işgärler bolmalydyr.

3) Her tussagyň ökde hünärli diş lukmanyň hyzmatlaryndan peýdalanmaga mümkinçiligi bolmalydyr.

23. 1) Aýal edaralarynda göwreli aýallara we çagalan aýallara ideg etmek üçin aýratyn jaýlar bolmalydyr. Mümkin bolan ýerlerde çaga doguryş türme gospitalynda däl-de, raýat gospitalynda geçirmek barada alada etmek gerek. Eger-de çaga türmede doglan bolsa, onda bu ýagdaý barada metriki şahadatnamasynda agyzlamaly däl.

2) Tussag enelere bäbekleri ýanynda saklamaga rugsat edilýän ýerlerde bäbekler ene idegini görmedik mahallarynda, ökde hünärli işgärler bilen üpjün edilen çagalar bakjalarynyň döredilmegini göz öňünde tutmak gerek.

24. Her tussag kabul edilende we soňra zerur bolan mahalynda onuň fiziki ýa-da akyl taýdan kesel ýa-da kesel däldigini anyklamak üçin medisina taýdan gözden geçirmek gerek; zerur çäreleri görmeli; tussaglar haýsydyr infeksion ýa-da ýokanç keseli bilen horluk çekýändigini çak etmek mümkin bolan mahaly tussaglary aýry saklamaly; täzeden terbiýelemäge päsgel berip biljek fiziki ýa-da akyl taýdan kemçilikleri anyklamaly we zähmete bolan fiziki ukyplylygynyň nähililigini kesgitlemeli.

25. 1) Tussaglaryň fiziki we ruhy saglygy barada lukman alada etmäge borçludyr we ol ähli näsaglary, kesele zeýrenýänleriň ählisini, şeýle hem onuň aýratyn ünsüni özlerine çekenliriň ählisini günde kabul etmelidir ýa-da olary soramaga barmalydyr.

2) Her gezek, haçanda lukman tussagyň tussag edilmeginiň netijesinde ýa-da tussaglygyň haýsydyr şertleri bilen baglylykda fiziki ýa-da akyl taýdan deňagramlylygy bozulan ýa-da bozular gorkusy bar diýip hasaplan ýagdaýynda, ol bu barada directory habarly edýär.

26. 1) Lukman yzygiderli gözegçilik amala aşyrmaga we indiki meseleler boýunça direktory habarly etmäge borçludyr:

a) iýmitiň mukdary, hili, taýýarlamasy we paýlaşdyryşyň şertleri;
b) edaranyň we onda saklanylýan adamlaryň gigiýenasy we arassaçylygy;
c) edaradaky arassaçylyk, ýylytma, yşyklandyrma we şemallatma;
d) tussaglaryň geýiminiň we ýatmak esbaplarynyň ýaramlylygy we arassaçylygy;
e) ýöriteleşdirilen işgärlere ýüklenmedik halatynda, bedenterbiýe we sporta degişli düzgünleri berjaý etmeklik.

2) Direktor lukman tarapyndan 25 (2) we 26 düzgünlere laýyklykda iberýän habarlaryny we maslahatlaryny nazara almalydyr we, eger onuň teklipleri bilen razy bolsa, olary durmuşa geçirmek üçin haýal etmän çäre görmelidir, eger-de bu teklipler onuň ygtyýarlygynyň çäklerinden daşary bolsa ýa-da eger ol şol teklipler bilen razy bolmasa, onda ol derrew ýokarda duran edaralara öz habaryny, şeýle hem lukmanyň tekliplerini bermelidir.

**Düzgün-tertip we temmiler**

27. Düzgün-nyzamy we tertibi tutanýerlilik bilen saklamak gerek, emma diňe edarada gözegçiligiň ygtybarlylygyny üpjün etmek we umumy ýaşaýşyň degişli düzgünlerini berjaý etmek üçin zerur bolan çäklendirmeleri girizmelidir.

28. 1) Tussaglary düzgün-nyzam tertibinde edaranyň özüne hyzmat etmek üçin işe bellemek bolmaýar.

2) Emma bu düzgün öz-özüňi dolandyrmak ulgamynyň bolmalysy ýaly hereket etmegine päsgel bermeli däldir, şeýlelikde durmuş, terbiýeçilik ýa-da sport işiniň belli bir görnüşleri üçin jogapkärçilik tussaglary täzeden terbiýelemek maksatlarynda döredilýän toparlaryň düzümindäki gözegçilik astynda işleýän tussaglaryň öz üstüne ýüklenilýär.

29. Indiki ýagdaýlar hemişe kanun ýa-da ygtyýarly administratiw häkimiýetleriň kararlary bilen kesgitlenmelidirler:

a) düzgün-nyzam etmişi düzýän özüňi alyp barma;
b) tussagyň sezewar edilip bilinjek temmisiniň görnüşi we dowamlylygy;
c) temmi basmaga hukugy bolan edara.

30. 1) Temmileri diňe şeýle kanuna ýa-da şeýle kararlara laýyklykda basyp bolar, üstesine-de hiç bir tussag şol bir etmiş üçin ikilenç temmisine sezewar edilip bilinmez.

2) Hiç bir tussag, onuň günäsine göýulýan etmiş barada öňünden habarly edilmän we özüni aklamak üçin aýtmak mümkinçiligini alman, temmä sezewar edilip bilinmez. Ygtyýarly häkimiýetler her şeýle görnüşli işi dykgatly garamaklyga sezewar etmelidirler.

3) Zerur bolan we amala aşyrylýan ýerlerde tussaga terjimeçiniň üsti bilen öz goragyna çykyş etmäge mümkinçilik bermek gerek.

31. Düzgün-nyzam etmişler üçin temmiler hökmünde beden jezalary, garaňky kamerada saklamagy we gaty rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da adam mertebesini kemsidýän temmileriň görnüşlerini gadagan etmek gerek.

32. 1) Berk tussaglygy ýa-da iýmitiň kemeldilmegini göz öňünde tutýan temmiler diňe tussag lukman tarapyndan gözden geçirilenden soň we tussagyň şeýle temmäni çekmäge ukybynyň bardygyny ýazmaça tassyklandan soň basylyp bilner.

2) Şeýle ýagdaý temmi basylýana fiziki ýa-da ruhy taýdan zyýan ýetirip biljek temmileriň beýleki görnüşlerine hem degişlidir. Şeýle temmiler hiç bir ýagdaýda 31-nji düzgüniň kadalary bilen gapma-garşylykly bolmaly däldir ýa-da olardan çykmaly däldir.

3) Lukman şeýle temmilere sezewar edilen tussaglary günde baryp görmäge borçludyr, we eger ol tussagyň fiziki ýa-da ruhy ýagdaýynyň sebäpleri boýunça temmini togtatmak ýa-da üýtgetmek zerurlygy bar diýip hasaplaýan bolsa, onda ol öz pikiri barada direktory habarly etmäge borçludyr.

**Boýun egdirmek üçin serişdeler**

33. Temmi hökmünde gol zynjyry, gandaly, köşeşdiriji köýnek ýa-da zynjyrlar ýaly boýun egdirmäniň şeýle serişdelerini hiç haçan ulanmaly däl. Ondan başga-da, boýun egdirmäniň serişdesi hökmünde gandaly we zynjyrlary ulanmak düýbünden gadagan. Boýun egdirmäniň beýleki serişdelerini diňe indiki ýagdaýlarda ulanyp bolar:

a) tussaglar kazyýet ýa-da administratiw edaralarynyň öňünde duran badyna ýüplerden boşadylmaly şerti bilen ulagly äkitme wagtynda gaçmaklygyň öňüni almak üçin;
b) medisina häsiýetli sebäpler we lukmanyň görkezmesi boýunça;
c) eger beýleki çäreler güýçsiz bolanda, tussaga öz-özüne ýa-da beýlekilere şikes ýa-da maddy zyýan ýetirmäge päsgel bermek gerek bolanda, direktoryň buýrugy boýunça; şeýle ýagdaýlarda direktor haýal etmän lukman bilen maslahatlaşmaga we ýokarda duran administratiw edaralary habarly etmäge borçludyr.

34. Boýun egdiriş serişdeleri ulanmagyň ýollary we usullary merkezi türme müdirligi bilen kesgitlenilýär. Bu serişdeleri berk zerur bolan wagtdan artyk ulanmak bolmaýar.

**Tussaglar üçin maglumat we olar tarapyndan şikaýat etmek**

35. 1) Türmä kabul edilende, her tussaga onuň toparyna degişli tussaglara seretmekligiň düzgünlerine, şu edaranyň düzgün-nyzam talaplaryna, şeýle hem maglumaty almagyň we şikaýat etmegiň rugsat edilen usullaryna we öz hukuklaryna we borçlaryna düşünmäge we şu edaradaky durmuşyň şertlerine öwrenişmäge ýardam edýän beýleki meseleleriň ählisine deň derejede degişli ýazmaça maglumaty bermek gerek.

2) Sowatsyz tussaglary dil üstünde habarly etmek gerek.

36. 1) Her tussagyň iş günlerinde arzalar ýa-da şikaýatlar bilen edaranyň direktoryna ýa-da onuň ygtyýarlandyrylan işgärine ýüz tutmak mümkinçiligi bolmalydyr.

2) Gözegçilik döwründe tussaglaryň mümkin bolan wagtynda arzalar ýa-da şikaýatlar bilen türme gözegçilerine ýüz tutmaga ýagdaýlary bolmalydyr. Olaryň edara direktorynyň ýa-da beýleki işgärleriniň ýoklugynda gözegçi ýa-da gözegçiligiň haýsydyr başga işgäri bilen gepleşmäge hukugy bolmalydyr.

3) Her tussagyň, mazmuny nukdaýnazardan senzura sezewar edilmeýän, ýöne bolmalysy ýaly görnüşde düzülmeli we bellenilen ýollar boýunça geçirilmeli arzalar ýa-da şikaýatlar bilen merkezi türme müdirliginiň edaralaryna, kazyýet häkimiýetlerine ýa-da beýleki ygtyýarly edaralaryna ýüzlenmäge mümkinçiligi bolmalydyr.

4) Şeýle arzalar ýa-da şikaýatlar ýüzleý ýa-da manysyz häsiýetli bolan ýagdaýlaryndan başga halatlarda, olara gyssagly seretmek we gaýra goýulman jogap bermek gerek.

**Daşky dünýä bilen gatnaşyklar**

37. Tussaglara hat alyşma tertibinde, şeýle hem baryp görmeleriň dowamynda öz maşgalalary ýa-da arassa abraýa eýe bolan dostlary bilen her yzygiderli wagt aralyklardan we ýeterlik gözegçilik astynda gatnaşmaga mümkinçilik bermek gerek.

38. 1) Tussagda saklanylýan daşary ýurt raýatlaryny öz ýurdunyň diplomatiki we konsullyk wekilleri bilen aragatnaşyk saklamaklyga göwnejaý mümkinçiligi üpjün etmek gerek.

2) Şu döwletde diplomatiki ýa-da konsullyk wekillikleri bolmadyk ýurtlaryň raýatlary bolup durýan tussaglaryň, şeýle hem bosgunlaryň hem-de raýatlygy bolmadyk adamlaryň olaryň bähbitleriniň goragyny öz üstüne alan döwletiň diplomatiki wekilleri bilen ýa-da olaryň goragy bilen meşgullanýan islendik milli ýa-da halkara edarasy bilen aragatnaşyk saklamaga mümkinçiligi bolmalydyr.

39. Tussaglary, olara gazetleri, žurnallary ýa-da aýratyn türme neşirleri okamaga, radio diňlemäge we leksiýalara gatnaşmaga rugsat berip, ýa-da ýolbaşçy edaralar tarapyndan rugsat hem-de gözegçilik edilýän islendik beýleki serişdeleriň kömegi bilen has möhüm habarlar barada yzygiderli tanyşdyrmak gerek.

**Kitaplar**

40. Her edarada tussaglaryň ähli derejeleri üçin elýeter we tomaşa, şeýle hem bilim mazmunly kitaplary öz içine alýan kitaphana bolmalydyr. Tussaglaryň ählisini kitaphanadan peýdalanmak üçin höweslendirmek gerek.

**Din**

41. 1) Şol bir dine degişli bolan tussaglaryň ýeterlik sany bolan edaralarda şu diniň ökde hünärli ruhanany bellemek gerek ýa-da oňa şol ýerde degişli dessurlary etmäge rugsat bermek gerek. Eger şeýle tussaglaryň sany has köp we degişli mümkinçilikler bar bolsa, şeýle ruhanany doly wagta bellemek gerek.

2) 1-nji bendiň esasynda edara bellenilýän ýa-da goýberilýän ökde hünärli ruhananyň din dessurlaryny yzygiderli etmäge we munuň üçin bölünip berlen wagtda din mowzuklary boýunça söhbetdeşlikler üçin onuň dinine degişli bolan tussaglary ýekelikde yzygiderli baryp görmäge mümkinçiligi bolmalydyr.

3) Tussaglary islendik diniň ökde hünärli ruhanalaryň ýanyna barmak mümkinçiliginden mahrum etmeli däldir. Beýleki tarapdan, eger tussag onuň ýanyna ruhananyň gelmegine garşy bolsa, onda onuň islegini doly hormatlamak gerek.

42. Amala aşyrylyp bilinjek çäklerinde, her tussagyň öz edarasynyň diwarlarynda din dessurlaryna gatnaşyp we öz ygtyýarynda onuň dinine mahsus bolan dini kitaplary bolup, öz dini isleglerini kanagatlandyrmaga mümkinçiligi bolmalydyr.

**Tussaglaryň emlägini saklamak**

43. 1) Tussagyň şu edarada hereket edýän düzgünlere laýyklykda pullary, gymmat baha zatlary, geýimi we beýleki emlägi ýanynda saklamaga hukugy ýokdyr, olar tussag kabul edilende saklanmaga tabşyrylýar. Tussag bu emlägiň sanawyna gol çekýär. Emlägi ygtybarly şertlerde saklamak üçin çäreler görmek gerek.

2) Tussag şu edaradan boşadylanda, oňa sowmaga rugsat berlen pul jemlerinden, edaranyň daşyna ibermäge rugsat berlen zatlardan, ýa-da arassaçylyk düşünjeler boýunça ýok etmek zerur diýlip hasaplanan geýiminden başga, ähli oňa degişli bolan emläk we pullar yzyna gaýtarylyp berilmelidir. Tussag oňa degişli bolan pullary we zatlary alandygy barada gol çekýär.

3) Şeýle ýagdaý tussagyň şu edarada bolan mahaly edinen pul serişdelerine we zatlara hem degişlidir.

4) Eger tussagyň ýanynda dermanlar ýa-da medisina serişdeleri bar bolsa, onda olary näme etmelidigi barada karar lukman tarapyndan kabul edilýär.

**Ölüm, kesel, geçirilme we ş.m. barada habarly etmek**

44. 1) Tussag ölen, agyr kesel ýa-da agyr ýaralanan ýagdaýynda ýa-da ruhy keselliler üçin keselhana geçirilen ýagdaýynda, direktor haýal etmän bu barada, eger bar bolsa, ärini ýa-da aýalyny, onuň ýakyn garyndaşyny we başga ýagdaýda tussagyň özüniň öň görkezen adamyny habarly edýär.

2) Tussaglara olaryň ýakyn garyndaşlarynyň islendik biriniň ölümi ýa-da agyr kesel bolandygy barada haýal etmän habar etmek gerek. Ýakyn garyndaşy howply kesel bolan ýagdaýynda, tussaga, ýagdaýlar muňa mümkinçilik berende, ony gorag astynda ýa-da özbaşdak baryp görmäge rugsat bermek gerek.

3) Her tussag özüniň tussag edilendigi ýa-da başga edara geçirilendigi barada haýal etmän öz maşgalasynyň agzalaryny habarly etmäge haklydyr.

**Tussaglary geçirmek**

45. 1) Tussaglar olaryň tussag ýerine iberilende ýa-da bir tussag ýerinden beýlekä geçirilende, olary iň ýokary derejede keseki gözlerden ýaşyrmak we olary kemsitmelerden, bilesigelijilikleri bildirmekden we mälim etmekligiň islendik görnüşlerinden goramak üçin ähli çäreleri görmek gerek.

2) Tussaglary şemalladylyşy ýa-da yşyklandyrylyşy ýeterlik bolmadyk şertlerinde ýa-da islendik beýleki fiziki taýdan örän agyr şertlerinde ulag arkaly daşamak gadagandyr.

3) Tussaglar müdirligiň hasabyna daşalýar, üstesine-de, olaryň ulag arkaly daşalyşy hemmeler üçin deň şertlerde amala aşyrylmalydyr.

**Edaralaryň işgärleri**

46. 1) Türme müdirliginiň edaralary ähli derejeli işgärleri dykgatly seçip almak barada alada etmelidirler, sebäbi türme edaralarynyň oňat işi bu işgärleriň akýürekliligine, adamkärçiligine, başarjaňlygyna we hususy häsiýetlerine baglydyr.

2) Türme ýolbaşçylygy ýadawsyz öz işgärlerinde we umumy jemgyýetçilikde uly jemgyýetçilik ähmiýetli işi ýerine ýetirýändigi barada berk ynam döretmelidir. Bu ynamy berkitmek üçin ol jemgyýetçilik maglumatynyň mümkinçiliklerini ulanmalydyr.

3) Ýokarda görkezilen maksatlara ýetmek üçin, türme ýolbaşçylygyň işgärlerini, döwlet gullukçylarynyň derejesine eýe bolanda we özüni oňat alyp baranda, edýän işi netijeli bolanda we üstüne ýüklenen wezipeleri ýerine ýetirmäge fiziki ukyplylygy bar bolanda olaryň wezipesinde alnyp galynjagyna ynamy bolanda, türme müdirliginiň ýöriteleşdirilen işgärleri hökmünde doly iş wagtyna bellemek gerek. Olaryň zähmet haky, şeýle iş bilen meşgullanmaga ukyply erkekleri we aýallary şu işe çekmekligi we onda saklamaklygy göz öňünde tutulyp bellenilýär. Şu işin aýratyn kyn şertlerini göz öňünde tutup, bu adamlara degişli ýeňillikleri we zähmet şertlerini üpjün etmek gerek.

47. 1) Şeýle işgärler ýeterlikli bilimli we ösen bolmalydyrlar.

2) Işe girmesinden öň, ony umumy we takyk borçlary ýerine ýetirmek üçin taýýarlamaly, ondan soň ondan teoretiki we tejribe meýilnamalarynda synaglary tabşyrmaklygy talap etmeli.

3) Işe girenlerinden soň we soňky işiniň bütin dowamynda, bu işgärler wagtyň ýerlikli aralyklarynda gurnalýan işden boşadylman taýýarlyk okuwlaryny geçip, öz hünärini saklamalydyrlar we ösdürmelidirler.

48. Tussag ýerleriň ähli işgärleri hemişe tussaglar üçin görelde bolar ýaly we olaryň hormatyny gazanar ýaly özlerini alyp barmalydyrlar we öz borçlaryny ýerine ýetirmelidirler.

49. 1) Mümkin boldugyça, bu işgärler psihiatr, psiholog, sosial işgärleri, mugallymlar we hünär sapaklaryň halypalary ýaly hünärmenleriň ýeterlik sanyny öz içine almalydyrlar.

2) Sosial işgärleri, mugallymlary we hünär sapaklaryň halypalaryny hemişelik işgärler hökmünde bellemek gerek, emma doly bolmadyk iş gününi işleýän adamlaryň ýa-da meýletin işgärleriň işini hem äsgermezlik etmeli däl.

50. 1) Edaralaryň direktorlarynyň wezipelerine häsiýetiň tutanýerliligine, ýolbaşçylyk ukyplaryna, taýýarlygyna we tejribesine görä ýeterlikli ökde hünärli adamlary bellemek gerek.

2) Direktor doly iş gününi işläp, öz üstüne ýüklenen borçlary ýerine ýetirmek üçin öz wagtynyň ählisini bagyşlamalydyr.

3) Ol oňa ynanylan edaranyň çaginde, ýa-da oňa has ýakyn bolan ýerde ýaşamalydyr.

4) Eger şol bir direktoryň üstüne iki ýa-da birnäçe edaralaryň dolandyrylyşy ýüklenen bolsa, ol wagtyň ýeterlik gysga aralyklarynda olaryň hersisini baryp görmäge borçludyr. Bu edaralaryň her biriniň ýolbaşçylygyny ýerinde ýaşaýan jogapkär işgäriň üstüne ýüklemek gerek.

51. 1) Şu edaranyň direktory, onuň orunbasary we işgärleriň köpüsi tussaglar köpçüliginiň gepleşýän dilini ýa-da olaryň köpüsine düşnükli bolan dili bilmelidiriler.

2) Zerur bolan ýerlerde terjimeçiniň hyzmatlaryndan peýdalanmak gerek.

52. 1) Doly iş gününde işleýän bir ýa-da birnäçe lukmanlaryň barlygyny delillendirýän giň gerimli edaralarda bu lukmanlaryň bolmadyk ýagdaýynda biri edaranyň özünde ýa-da oňa has ýakyn bolan ýerde ýaşamalydyr.

2) Beýleki edaralara lukman tarapyndan günde barlyp görülmelidir, üstesine-de lukmany agyr ýagdaýlarda derrew çagyryp bolar ýaly, ol ýeterlikli ýakyn aralykda ýaşamalydyr.

53. 1) Erkekler, şeýle hem aýallar saklanylýan edaralarda, aýallar bölümi şu bölüme girmek üçin elinde gapylary açýan açarlar bar bolan aýal jynsly jogapkär işgäriň garamagynda bolmalydyr.

2) Erkek jynsly işgärler aýal bölümine diňe aýal jynsly işgärler ýany bilen gidilende goýberilýär.

3) Tussagda saklanylýan aýallar barada alada we olara gözegçilik etmekligi diňe aýal jynsly işgärleriň üstüne ýüklemek gerek. Ýöne, şeýle ýagdaý erkek jynsly işgärlere, hususan hem, lukmanlara we mugallymlara aýallar edaralarynda ýa-da beýleki edaralaryň aýallar üçin bölünip berlen bölümlerinde öz hünär borçlaryny ýerine ýetirmäge päsgel bermeli däldir.

54. 1) Edaralaryň işgärleri tussaglar bilen bolan gatnaşyklarynda diňe öz-özüni goramak üçin ýa-da gaçmaklyga bolan synanşyklarda, şeýle hem buýruklara aktiw ýa passiw garşylyk görkezilende hereket edýän kanunlara hem-de düzgünlere esaslanan zorlugy ulanmaga haklydyrlar. Zorlugy ulanýan işgärler zerurlygyň çäklerinde galmaga we haýal etmän edaranyň direktoryna şeýle görnüşli wakalar barada habarly etmäge boçludyrlar.

2) Türmeleriň işgärlerine hyjuwly niýetleri bildirýän tussaglary ýatyrmaga ýardam edýän fiziki taýýarlygyny üpjün etmek gerek.

3) Tussaglar bilen gös-göni gatnaşykda öz wezipelerini ýerine ýetirýän işgärler diňe aýratyn ýagdaýlarda ýarag götermelidirler. Ondan başga-da, ýarag götermek hukugy diňe degişli taýýarlygy geçen işgärlerde bolmalydyr.

**Gözegçilik**

55. Penitensiar edaralary we gulluklary ygtyýarly häkimiýetler tarapyndan bellenilýän ökde hünärli hem-de tejribeli gözegçiler tarapyndan yzygiderli gözegçilige sezewar bolmalydyrlar. Gözegçiler, hususan hem, tussag ýerleri hereket edýän kanunlara hem-de görkezmelere laýyklykda dolandyrylýandygyna we olaryň işi penitensiar we düzediş gulluklaryň öňünde goýlan wezipelere laýyk gelýandigine göz ýetirmelidirler.

## II BÖLEK
## AÝRATYN TOPARLARA ULANYLÝAN DÜZGÜNLER

### A. ÝYL KESILEN TUSSAGLAR

**Gollanma ýörelgeler**

56. Aşakda beýan edilýän gollanma ýörelgeler penitensiar edaralary dolandyrmaklygyň esasyny we bu edaralaryň şu tekstiň 1-nji deslapky belliginden çykyp amala aşyrylyşyna çalyşýan maksatlary görkezýändir.

57. Tussagda saklamaklyk we hukuk bozujyny daşky dünýäden aýry saklaýan beýleki çäreler tussagyň azatlykdan mahrum bolandygyna görä, olar onuň öz ykbalyny çözmek hukugyny elinden alandygynyň güýjüne, olar oňa jebir çekdirýärler. Şonuň üçin, segregasiýa aklanan ýa-da düzgün-nyzam düşünjeleri tarapyndan talap edilen halatlaryndan başga ýagdaýlarda, türme ulgamy bu düzgünden gelip çykýan ejiri güýçlendirmeli däl.

58. Türme tussagyna ýa-da umuman azatlykdan mahrum edilişine bolan hökümiň maksady we aklanmasy netijede jemgyýeti goramak we jemgyýete howp salýan jenaýatlaryň öňüni almak bolup durýar. Bu maksada diňe türmede oturyp çykandan soň we jemgyýetde adaty durmuşa gaýdyp gelip, hukuk bozujy kanunçylyga tabyn bolmaga diňe bir taýyn dälde, eýsem ukyply bolan we öz durmuşyny üpjün eden ýagdaýynda ýetip bolar.

59. Munuň üçin, edara her tussagyň täzeden terbiýelemegiň zerurlyklaryny hasaba alyp, ähli düzediş, terbiýeçilik, ahlak we ruhy güýçlerini we onda bar bolan we amatly hasaplaýan ýardamyň görnüşlerini ulanmalydyr.

60. 1) Edarada ýöredilýän düzgün tussaglarda jogapkärçilik duýgusyny we adam mertebesine düşünmesini öldürýän türmedäki durmuşyň hem-de azatlykdaky durmuşyň arasyndaky tapawudyny pes derejä ýetirmäge çalyşmalydyr.

2) Tussagyň jezasynyň möhleti tamamlanmazyndan öň, jemgyýetdäki durmuşa kem-kemden gaýdyp barmak üçin çäreler görülse gowy bolardy. Edaranyň özünde, ýa-da haýsydyr başga edarada azat bolýanlar üçin aýratyn düzgün girizip, her hukuk bozujynyň aýratynlyklaryny hasaba alyp, ýa-da gözegçilik polisiýa häkimiýetleriniň üstüne ýüklenmedik we netijeli sosial ýardamy bilen sazlaşýan şertinde bütin döwründe gözegçilik astynda galyp tussaglary synag möhletine boşadyp, bu maksada ýetip bolar.

61. Tussaglara seredilende, olar jemgyýetden çykarylan däl-de, olar onuň agzalary bolup galýan ýagdaýy nygtap durmak gerek. Şonuň üçin, tussaglaryň jemgyýetdäki durmuşa gaýdyp barmak maksatlarynda, jemgyýetçilik guramalaryny mümkin bolan ýerlerinde edaralaryň işgärleri bilen hyzmatdaşlyga çekmek gerek. Her edaranyň ýanynda sosial işgärleriň bolmagy gerek, olar tussagyň maşgalasy bilen we oňa peýda getirip biljek sosial guramalary bilen gatnaşyklaryny goldamak we berkitmek barada alada etmelidirler. Tussaglar, kanun bilen we olaryň hökümleriniň şertleri bilen gabat gelýän olaryň raýat bähbitleri, durmuş üpjünçiligi we beýleki durmuş ýeňillikleri babatyndaky hukuklarynyň iň uly mukdaryny özlerinde saklap biler ýaly çäreleri görmek gerek.

62. Edaranyň medisina gulluklary tussagyň täzeden terbiýelenmegine päsgel berip biljek fiziki ýa-da ruhy keselleriň ýa-da kemçilikleriň ählisini ýüze çykarmalydyr. Bu maksat bilen edaralaryň zerur bolan ähli medisina, hirurgiki we psihiki taýdan hyzmat etmekligi üpjün etmäge mümkinçiligi bolmalydyr.

63. 1) Bu ýörelgeleriň durmuşa geçirmekligi - tussaglara hususy çemeleşmäni, we şonuň üçin olaryň toparlar boýunça başarnykly topara bölme ulgamynyň bolmagyny talap edýär: şonuň üçin şeýle toparlar olaryň hersisi bilen işlemek üçin amatly bolan aýratyn edaralarda ýerleşdirilse gowy bolardy.

2) Bu edaralarda her topar üçin birmeňzeş howpsuzlyk çärelerini görmek hökmany däl. Topara görä, bu çäreleriň berkligini bölmek hem gowy bolardy. Dykgatly seçilip alnan tussaglaryň täzeden terbiýelenmeginiň has amatly şertleri açyk edaralarda bolýar, olarda gaçmaklyklaryň öňüni almagyň fiziki serişdelerine däl-de, olaryň özüni oňat alyp baryş başarnygyna aýratyn üns berilýär.

3) Edarada saklanylýan tussaglaryň sany, olara hususy çemeleşmäni ulanyp bolar ýaly, has köp bolmasa gowy bolardy. Käbir ýurtlarda şeýle görnüşli edaralaryň ilatynyň sany 500 adamdam köp bolmaly däl diýlip hasaplanylýar. Açyk edaralarda mümkin boldugyça az tussag saklamak gerek.

4) Beýleki tarapdan, ýeterlik mümkinçilikleri we hyzmat edişi üpjün edip bolar ýaly türmeleriň ýeterlikli gerimleri bolmalydyr.

64. Jemgyýetiň borçlary tussagyň boşadylmagy bilen tamamlanmaýar. Şonuň ücin, pidalary bolup durýan nädogry düşünjeler bilen göreşip we tussaglara jemgyýetiň durmuşyna gaýtadan goşulmaga ýardam edip, boşadylýan tussaglar barada hakyky alada etmäge ukyply döwlet ýa-da hususy edaralaryň bolmagy zerurdyr.

**Tussaglara seretmek**

65. Türme tussaglygyna ýa-da başga meňzeş jeza çäresine höküm edilen adamlara seredilende, olaryň çekýän möhletiniň dowamlylygyny hasaba alyp, olarda kanunlara tabyn bolmak we boşadylandan soň öz durmuşyny üpjün etmek islegini döretmäge çalyşmak gerek. Olara seretmeklik, olaryň öz gadyr-gymmatynyň duýmasyny we öz jogapkärçiligine düşünjesini berkitmelidir.

66. 1) Bu maksat bilen, mümkin bolan ýurtlarda dini hyzmat edişi, okadylyşy, hünärmen taýýarlygyny we habardarlygyny, takyk durmuş ýagdaýlaryň öwrenilişini, işe ýerleşdirmeklik babatynda maslahatlary, bedenterbiýe we häsiýetiniň berkemegini, tussagyň hususy zerurlyklaryny nazara alyp, onuň durmuş taryhyny, onuň jenaýatynyň taryhyny, onuň fiziki hem-de akyl ukyplaryny we mümkinçiliklerini, onuň hyjuwyny, onuň tussag möhletiniň dowamlylygyny we onuň boşadylandan soňky mümkinçiliklerini goşanda, munuň üçin ähli ýerlikli bolan çäreleri görmek gerek.

2) Dowamlylygy ýeterlik bolan möhlete ýyl kesilen her tussaga degişlilikde, direktor ony kabul eden mahaly öňki bentde sanalyp geçilen meseleler boýunça doly maglumaty mümkin boldugyça tiz almalydyr. Bu maglumatlar tussagyň fiziki hem-de ruhy ýagdaýy barada mümkin boldugyça psihiatriýa babatynda bilimli lukmanyň habaryny öz içine almalydyr.

3) Bu habarlar we tussaga degişli beýleki resminamalar onuň şahsy işine çatylmalydyr. Iş ähli täze maglumatlar bilen dolup durmalydyr we degişli işgärlere gerek bolan mahaly ony alyp biler ýaly saklanmalydyr.

**Toparlara bölmek we aýrybaşgalaşdyrmak**

67. Toparlara bölmegiň maksatlary:

a) tussaglary öz jenaýat taryhynyň ýa-da gylygynyň ýaramaz häsiýetleriniň güýjüne erbet täsir edip biljek tussaglardan aýyrmaklyk;
b) tussaglary, jemgyýetdäki durmuşa gaýdyp barmak maksatlarynda olar bilen işleşmegi ýeňilleşdirýän toparlara bölmeklik bolup durýar.

68. Tussaglaryň dürli toparlary bilen işi, mümkin boldugyça, dürli edaralarda ýa-da şol bir edaranyň dürli bölümlerinde alyp barmak gerek.

69. Her tussag kabul edilenden soň we onuň häsiýetini öwrenmegiň esasynda gysga wagtyň içinde onuň hususy zerurlyklaryny, ukyplaryny we höweslerini göz öňünde tutup, onuň bilen işleşmek maksatnamasyny işläp taýýarlamak gerek.

**Ýeňillikler**

70. Her edarada ýeňillikler ulgamynyň bolmagy we tussaglaryň özlerini gowy alyp barmaklyga höweslendirmek, olarda jogapkärçilik duýgusyny ösdürmek, olarda täzeden terbiýelenmäge gyzyklanma döretmek we olar bilen hyzmatdaşlyk etmekligi gazanmak üçin tussaglaryň dürli toparlaryna seretmekligiň dürli usullaryny işläp taýýarlamak gerek.

**Zähmet**

71. 1) Zähmet tussaglara ejir ýetirmeli däl.

2) Ähli ýyl kesilen tussaglar lukman tarapyndan tassyklanan olaryň fiziki hem-de ruhy ukyplaryna laýyklykda zähmet çekmäge borçludyrlar.

3) Tussaglaryň üstüne adaty iş gününi doldurmak üçin ýeterlikli peýdaly işi ýüklemek gerek.

4) Tussaglara üpjün edilýän iş, mümkin boldugyça, boşadylandan soň halal zähmet çekmeklige ýardam berjek hünärini ösdürýän ýa-da hünär berýän iş bolmalydyr.

5) Mundan peýda çykarmaga ukyply tussaglara, esasanda kiçi ýaşly tussaglara peýdaly hünärleri öwretmek gerek.

6) Tussaglaryň, eger bu hünäriň dogry saýlanyşy we edaradaky dolandyrylyşyň hem-de düzgün-nyzamyň talaplary bilen ylalaşyjylykly bolsa, öz saýlan işini ýerine ýetirmäge mümkinçiligi bolmalydyr.

72. 1) Edaralardaky işiň guramaçylygy we usullary, olaryň diwarlarynyň daşyndaky kabul edilen işiň guramaçylygyna we usullaryna has ýakyn bolmalydyrlar, şeýlelikde tussaglar azatlykdaky zähmetiň şertlerine öwrenişerler.

2) Emma, tussaglaryň bähbitlerini we olaryň hünär taýýarlygyny türme önümçiliginden peýda almak pikirlerine tabyn etmeli däldir.

73. 1) Edaralardaky senagat we oba hojalyk önümçiliginiň ýolbaşçylygyny hususy potratçylara däl-de, eýsem türme müdirligine ýüklenilse has gowy bolardy.

2) Edara tarapyndan gözegçilik edilmeýän işi ýerine ýetirýän tussaglar edaranyň işgärleriniň mydamky gözegçiliginiň astynda bolmalydyrlar. Tussaglar beýleki döwlet edaralary üçin işi ýerine ýetiren halatlaryndan başga ýagdaýlarda, iş berijiler edara tussaglaryň zähmet öndürijiligini hasaba alyp, degişli iş üçin zähmet hakynyň doly möçberlerini tölemelidirler.

74. 1) Erkin işçileriň howpsuzlygyna we saglygy goraýşyna degişli düzgünler edaralarda hem ulanmalydyrlar.

2) Önümçilikde şikes ýeten ýa-da hünär keseli bilen kesellän halatynda, tussaglara öwez dolma tölenilýär. Bu öwez dolmanyň şertleri kanun tarapyndan erkin işçiler üçin göz öňünde tutulan öwez dolmanyň şertlerinden pes bolmaly däldir.

75. 1) Iş günüň ýa-da hepdäniň iň uly dowamlylygy erkin işçileriň zähmet şertleri babatyndaky ýerli düzgünlerini we däp-dessurlaryny hasaba alyp, kanun ýa-da administratiw kararlaryň esasynda bellenilýär.

2) Iş wagty, tussaglaryň hepdede azyndan bir dynç alyş güni bolar ýaly we olaryň täzeden terbiýelenmek üçin zerur bolan okuw we işiň beýleki görnüşleri üçin ýeterlikli wagty bolar ýaly paýlamak gerek.

76. 1) Tussaglar öz zähmeti üçin bellenilen ulgamyň çäklerinde adalatly peşgeş almalydyrlar.

2) Bu ulgama laýyklykda, tussaglaryň hiç bolmadyk ýagdaýynda öz gazanan pullarynyň bölegini rugsat berlen hususy durmuş goşlaryny edinmäge harçlamak we maşgalasyna öz gazançlarynyň bölegini ibermek mümkinçiligi bolmalydyr.

3) Şeýle hem bu ulgam tussagyň gazanan pullarynyň bir bölegi ýolbaşçylygyň saklanmagynda galmagyny göz öňünde tutýar, soňy bilen ýolbaşçylyk bu tygşytlanan pullary oňa boşan pursatynda berer.

**Bilim we dynç almak**

77. 1) Özüne peýda getirmäge ukyply tussaglaryň, rugsat edilýän ýurtlardaky din terbiýesini goşanda, mundan buýanky bilim almaklyk mümkinçiligini üpjün etmek gerek. Sowatsyzlary hem-de ýaşlary okatmak hökmany diýip hasaplamak gerek, we türme dolandyryş edaralary oňa aýratyn üns bermelidir.

2) Tussaglara bilim bermekligi tussaglaryň soňy bilen kynçylyksyz okap biler ýaly ýurtda hereket edýän bilim ulgamy bilen mümkin boldugyça baglaşdyrmak gerek.

78. Ähli edaralarda tussaglary olaryň fiziki hem-de ruhy saglygynyň bähbitlerinde dynç almak mümkinçiligi we medeni iş bilen üpjün etmek gerek.

**Daşky dünýä bilen gatnaşyklar we boşadylandan soňky hossarlyk**

79. Tussagyň we onuň maşgalasynyň arasyndaky, gowy bolar diýlip hasaplanýan we iki tarapyň bähbitlerine hyzmat etjek, aragatnaşyklary goldamaklyga we berkitmeklige aýratyn üns bermek gerek.

80. Jeza möhletini dolduryp başlan pursatyndan başlap, tussag boşadylandan soň oňa garaşýan gelejek barada pikir etmek gerek. Şonuň üçin, onuň maşgalasynyň bähbitlerini goramaga we oňa boşandan soň jemgyýetiň durmuşyna girmäge ýardam etmäge ukyply edaranyň diwarlarynyň daşyndaky adamlar we edaralar bilen aragatnaşyklary saklamaga we berkitmäge ýardam bermek gerek.

81. 1) Boşadylan tussaglara jemgyýetde öz ornuny tapmaga kömek edýän hökümet ýa-da beýleki edaralar hem-de guramalar, mümkin bolan we zerur ýerlerde, şeýle tussaglar bilen zerur resminamalary we şahsy şahadatnamalary almaklygy, amatly ýaşaýyş jaý we iş tapmaklygy, şu klimata we ýylyň paslyna ýaramly we ýeterlikli geýimiň bolmaklygy we olaryň bellenilen ýerine barmak üçin we olaryň boşandan soň gelýän döwrüň dowamynda ýaşamak üçin ýeterlikli serişdeleriň bolmaklygy barada alada etmelidir.

2) Şeýle edaralaryň ynanç bildirilen wekilleriniň türme edaralaryny we olarda tussagda saklanylýan adamlary baryp görmäge mümkinçiligi bolmalydyr. Olar bilen tussagda saklanmak möhletiniň başyndan başlap tussaglaryň mundan buýanky durmuşynyň gelejegi barada maslahatlaşmak gerek.

3) Şeýle görnüşli edaralaryň işi, olaryň işiniň has netijeli ulanmaklygyny üpjün etmek üçin mümkin bolan çäklerde merkezleşdirilse ýa-da sazlaşdyrylsa gowy bolardy.

## B. RUHY KESELLILER WE AKYL KEMÇILIKLERDEN HORLUK ÇEKÝÄN TUSSAGLAR

82. 1) Ruhy keselli adamlary türme tussaglygyna sezewar etmek bolmaýar. Şonuň üçin, olary derrew ruhy keselliler üçin edaralara geçirmek üçin çäreleri görmek gerek.

2) Beýleki ruhy keseller ýa-da kemçilikler bilen horluk çekýän tussaglary gözegçilik astyna almak we lukmanlaryň ýolbaşçylygynda ýörite edaralarda bejermek gerek.

3) Şeýle tussaglar, olaryň türmede bolan wagtynda, aýratyn lukman gözegçiliginiň astynda bolmalydyr.

4) Penitensiar edaralaryň ýanynda işleýän medisina ýa-da psihiatriki gulluklar oňa mätäç bolan ähli tussaglaryň ruhy bejergisini üpjün etmelidir.

83. Ygtyýarly edaralar bilen hyzmatdaşlykda, eger bu zerur bolsa, boşadylýan tussaglara psihiatriki idegini, şeýle hem olara sosial-psihiatriki hossarlygyny üpjün etmek üçin çäreler görülse gowy bolardy.

## C. TUSSAG ASTYNDA BOLAN ÝA-DA KAZYÝETE GARAŞÝAN ADAMLAR

84. 1) Tussag edilen ýa-da jenaýatda günäkärlenmek boýunça tussag edilen we polisiýa bölümlerinde, ýa-da türme edaralarynda saklanýan, ýöne entek kazyýete çagyrylmadyk we ýyl kesilmedik adamlary aşakda berlen düzgünlerde "detňew astyndaky" tussaglar diýlip atlandyrylýar.

2) Derňew astyndaky tussaglar günäsiz diýlip hasaplanýar we olara şoňa laýyk seretmek gerek.

3) Şahsyýetiň azatlygyna degişli bolan ýa-da derňew astyndaky tussaglara seretmegiň tertibini belleýän kada-kanunlary berjaý etmek şertinde, bu tussaglara esasy düzgünleri aşakda berlen düzgünlerde beýan edilýän aýratyn režimi ulanmak gerek.

85. 1) Derňew astyndaky tussaglary ýyl kesilen tussaglardan aýry saklamak gerek.

2) Derňew astyndaky ýaş tussaglary ululardan aýry we umuman aýry edaralarda saklamak gerek.

86. Gijesine derňew astyndaky tussaglary, klimat şertleri bilen düşündirilýän ýerli aýratynlyklary hasaba alyp, bir-birden aýry jaýlarda ýerleşdirmek gerek.

87. Haçanda edarada ýöredilýän tertip bozulmaýan halatynda, derňew astyndaky tussaglara, eger olar oňa isleg bildirse, ýa türme ýolbaşçylygynyň edaralarynyň üsti bilen, ýa-da olaryň maşgala agzalarynyň ýa-da dostlarynyň üsti bilen iýmiti gapdaldan öz hasabyna almaga rugsat berlip bilner. Eger tersine bolsa, tussagyň iýmitini edaranyň ýolbaşçylygy üpjün edýär.

88. 1) Derňew astyndaky tussaglar, geýimi arassaçylykda saklamak we onuň edepli görnüşi bolar şerti bilen, raýat geýimini geýmäge haklydyrlar.

2) Eger derňew astyndaky tussag türme resmi geýimini geýýän bolsa, ol ýyl kesilenleriň resmi geýiminden tapawutly bolmalydyr.

89. Derňew astyndaky tussaglara hemişe zähmet çekmäge mümkinçilik bermek gerek. Emma zähmet olaryň borjuna girmeýändir. Eger şeýle tussag işlemek netijesine gelen bolsa, onuň zähmeti üçin tölemelidir.

90. Ähli derňew astyndaky tussaglaryň öz hususy serişdeleriniň ýa-da üçünji taraplaryň hasabyna, adalatlylygy ýerine ýetirmegiň bähbitleri, howpsuzlygyň talaplary we edaradaky durmuşyň adaty gidişi bilen ylalaşyjylygy bolan şerti bilen, wagty geçirmäge ýardam edýän kitaplary, gazetleri, ýazuw esbaplary we beýleki zatlary satyn almaga mümkinçiligi bolmalydyr.

91. Derňew astyndaky tussaglara, eger olaryň bu baradaky haýyşy hak bolsa we eger olaryň munuň bilen bagly çykdajylary ýapmaga ýagdaýy bolsa, türmede bolan wagtynda öz hususy lukmanynyň ýa-da diş lukmanynyň hyzmatlaryndan peýdalanmaga rugsat bermek gerek.

92. Derňew astyndaky tussaglaryň özüniň tussag edilendigi barada haýal etmän maşgalasyny habarly etmäge, garyndaşlary we dostlary bilen akyla laýyk aragatnaşyk etmek mümkinçiliginden peýdalanmaga we şeýlelikde adalatlylygy bolmalysy ýaly ýerine ýetirmek, howpsuzlyk talaplaryny berjaý etmek we edaranyň kadaly işini üpjün etmek üçin zerur bolan çäklendirmelere we gözegçilige sezewar bolup, olary türmede kabul etmäge mümkinçiligi bolmalydyr.

93. Özüni goramak maksatlarynda derňew astyndaky tussaglaryň, mümkin bolan ýerinde, mugt bolan hukuk maslahaty almak üçin ýüzlenmäge, olaryň goragyny öz üstüne alan hukuk maslahatçysyny tussaglykda saklanylýan ýerinde kabul etmäge, gizlin görkezmeleri taýýrlamaga we oňa geçirmäge hukugy bolmalydyr. Bu maksat bilen olaryň ygtyýaryna olaryň talaplary boýunça ýazuw esbaplaryny bermek gerek. Tussagyň onuň hukuk maslahatçysy bilen duşuşyklary polisiýa ýa-da türme edaralarynyň işgärleriniň göz öňünde, emma eşidiş çäklerinden daşda geçmelidir.

## D. RAÝAT IŞLERI BOÝUNÇA TUSSAGLAR

94. Bergi borçnamalaryny ýerine ýetirmedik üçin kanun tussag etmekligi rugsat berýän ýurtlarda ýa-da islendik başga raýat işleri bilen baglylykda kazyýetiň görkezmesi boýunça şeýle tertipde tussag edilen adamlary, berk gözegçilik we gerekli tertibi saklamak üçin zerur bolmadyk halatlarda, has berk seretmeklige sezewar etmeli däl. Şeýle topara girýän adamlara seretmeklik derňew astyndaky tussaglara seretmeklik ýaly ýumşak bolmalydyr, diňe bir tapawut bilen – olar üçin zähmet çekmek hökmany bolup biler.

## E. GÜNÄ BILDIRMESIZ TUSSAG EDILEN ÝA-DA TÜRMÄ SALNAN ADAMLAR

95. Raýat we syýasy hukuklar baradaky Halkara paktyň 9-njy maddasynyň kadalaryna zyýan ýetirmesiz, günä bildirmesiz tussag edilen ýa-da türmä salnan adamlara *C* bölüminiň I we II bölekleri boýunça adamlara berlen gorag ýaly gorag berilýär. Şeýle hem *A* bölüminiň II böleginiň degişli kadalaryny indiki ýagdaýlarda ulanyp bolýar, haçanda olaryň ulanylyşy tussag astynda saklanylýan adamlaryň bu aýratyn toparyna, düzediş ýa-da täzeden terbiýelemek usullary haýsydyr jenaýat üçin ýyl kesilmedik adamlara degişlilikde ulanyljakdygyny göz öňünde tutýan çäreler görülmez şerti bilen, peýda getirip biler.

# Tussag astynda saklanylýanlara çemeleşmegiň esasy ýörelgeleri

*BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 1990-njy ýylyň 14-nji dekabryndaky 45/111 rezolýusiýasy (ses bermeklik geçirmsiz kabul edildi)*

*Baş Assambleýa,*

Birleşen Milletler Guramasynyň jenaýat adalatlylygyny ynsanperwerleşdirmeklige we adam hukuklaryny goramaklyga bireýýämki çalyşmasyny *göz öňünde tutup,*

şeýle hem, jenaýatçylygyň öňüni almagyň we onuň bilen göreşmegiň dogry syýasaty ykdysady we durmuş ösüşini üstünlikli meýilleşdirmek üçin möhüm ähmiýetiniň bardygyny *göz öňünde tutup,*

jenaýatçylygyň öňüni almak we kanun bozujylara çemeleşmek boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň birinji Kongressi tarapyndan kabul edilen minimal satndart düzgünleriniň uly ähmiýetiniň bardygyny we jenaýat syýasatyny we tejribesini ösdürmekde uly täsir edýändigini *ykrar edip,*

bu düzgünleriň doly amala aşyrylyşyna päsgel berýän dürli görnüşli päsgelçilikler bilen baglylykda öňki kongresslerde bildirilen ynjalyksyzlygyny *göz öňünde tutup,*

olary kesgitleýän esasy ýörelgeleriň ulanylmaklygy bu düzgünleriň doly amala aşyrylyşyna ýardam berjekdigini *ykrar edip,*

jenaýatçylygyň öňüni almak we kanun bozujylara çemeleşmek boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň ýedinji Kongressi tarapyndan kabul edilen tussag astynda saklanylýanlaryň hukuk derejesi hakyndaky 10-njy rezolýusiýasyna we tussag astynda saklanylýanlaryň hukuklary hakyndaky 17-nji rezolýusiýasyna *salgylanyp,*

şeýle hem, jenaýatçylygyň öňüni almak we onuň bilen göreşmek boýunça Komitetiň onunjy sessiýasynda, Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň ýanyndaky II derejeli maslahat beriş hukuk derejesi bar bolan hökümete dahylsyz guramalar bolup durýan, Tussag astynda saklanylýanlara kömek bermek Halkara assosiasiýasy, Katoliki haýyr-sahawat guramalarynyň Halkara konfederasiýasy, Buthana Bütindünýä geňeşiniň halkara meseleleri boýunça buthana Topary, Bütin dünýäde parahatçylyk üçin aň-bilim işgärleriniň Halkara assosiasiýasy, Ululary okatmak boýunça Halkara geňeşi, Adam hukuklary boýunça Halkara federasiýasy, Talyplaryň Halkara bileleşigi, Ýaş hristianlaryň Bütindünýä birleşigi we Ýerli halklaryň Bütindünýä geňeşi bilen berlen beýannamasyna *salgylanyp,*

mundan beýläk, türme tussag astynda saklanylmagyň meseleleri, beýleki hukuk sanksiýalaryň we alternatiw çäreleriň amala aşyrylyşy bilen baglylykda, jenaýat adalatlylyk babatyndaky syýasat boýunça sekizinji Kongressi üçin Sebitara taýýarlaýyş mejlisiniň çykyşynda beýan edilen degişli maslahatlara *salgylanyp,*

jenaýatçylygyň öňüni almak we kanun bozujylara çemeleşmek boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň sekizinji Kongressiniň geçirmekligi Baş Assambleýa özüniň 1987-nji ýylyň 7-

nji dekabryndaky 42/104 rezolýusiýasynda yglan eden Halkara sowatlylyk ýyly bilen gabat gelýändigini *ykrar edip,*

ýedinji Kongress bilen bellenilip geçilen geljegi, ýagny jenaýat adalatlylyk ulgamynyň wezipesi jemgyýetiň esasy gymmatlyklaryny we kadalaryny goramaga ýardam bermekden ybarat bolýandygyny görkezmäge *isleg bildirip,*

tussag astynda saklanylýanlaryň adam hukuklary boýunça jarnamasynyň işlenip taýýarlanyşynyň maksada laýyklygyny *ykrar edip,*

şu rezolýusiýanyň ýanyndaky Goşmaçada berlen tussag astynda saklanylýanlara çemeleşmegiň esasy ýörelgelerini tassyklaýar we Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryndan olary agza döwletleriň dykgatyna ýetirmekligi haýyş edýär.

**Goşmaça**

## TUSSAG ASTYNDA SAKLANYLÝANLARA ÇEMELEŞMEGIŇ ESASY ÝÖRELGELERI

1. Ähli tussag astynda saklanylýanlar olara mahsus bolan mertebesine we olaryň adam hökmündäki ähmiýetliligine görä hormatly garaýyşdan peýdalanýarlar.

2. Jyns alamaty, teniniň reňki, aýal-erkekligi, din, syýasy ýa-da başga ynamlaryna, milli ýa-da sosial gelip çykyşy, emläk ýagdaýy, dogluşy ýa-da başga alamaty boýunça hiç hili kemsidilmä ýol berilmeýär.

3. Şeýle hem, ýerli şertler talap eden ähli halatlarda, tussag astynda saklanylýanlar degişli bolan toparyň din ygtykatlaryna we medeni däp-dessurlaryna hormat goýmak gerek.

4. Türmeler haýsydyr bir döwletiň beýleki durmuş maksatlaryna we onuň jemgyýetiniň ähli agzalarynyň abadançylygyna we ösmegine ýardam bermek boýunça esas goýujy borçlaryna laýyklykda tussag astynda saklanylýanlary saklamak we jemgyýeti kanun bozmalardan goramak üçin jogapkärçilik çekýärler.

5. Zerurlygy türmede tussag astynda saklamaklyk ýagdaýy bilen takyk şertlendirilen çäklendirmelerden başga halatlarda, ähli tussag astynda saklanylýanlar Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynda (Baş Assambleýanyň 217 A (III) rezolýusiýasy), Ykdysady, sosial we medeni hukuklar hakyndaky Halkara ylalaşygynda, Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky Halkara ylalaşygynda we oňa bolan Fakultatiw protokolunda (Baş Assambleýanyň 2200 A (XXI) rezolýusiýasy, Goşmaça) getirilen adam hukuklaryndan we düýpli azatlyklaryndan, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň beýleki ylalaşyklarynda beýan edilen başga hukuklardan peýdalanýarlar.

6. Ähli tussag astynda saklanylýanlar adam şahsyýetiniň hemmetaraplaýyn ösüşine gönükdirilen medeni we okuw taýdan işine gatnaşmaga haklydyrlar.

7. Jeza hökmünde ýalňyz oturylýan tussaglygy ýatyrmak ýa-da onuň ulanmagyny çäklendirmek boýunça tagallalary etmek we olary höweslendirmek gerek.

8. Tussag astynda saklanylýanlara peýdaly sylaglanýan zähmet bilen meşgullanmaga mümkinçilik berýän şertleri döretmek zerurdyr, bu bolsa olaryň öz ýurtlarynyň iş güýji bazaryna siňmesini (reintegrasiýasyny) ýeňilleşdirer we öz maşgalalaryna hem-de dogan-garyndaşlaryna maliýe kömegini bermäge borçly eder.

9. Tussag astynda saklanylýanlar, olaryň hukuk derejesi bilen baglylykda kemsitmesiz, bu ýurtda bar bolan lukmançylyk hyzmatyndan peýdalanýarlar.

10. Jemgyýetçiligiň we sosial institutlaryň gatnaşmagynda we ýardam bermekliginde we zyýan çekenleriň bnähbitlerini bolamlysy ýaly nazara almak bilen öňki tussag astynda saklanylýanlaryň jemgyýete has oňaýly şertlerde siňmek (reintegrasiýa) üçin amatly şertler döredilýär.

11. Ýokarda beýan edilen ýörelgeler tarapgöýsizlik bilen ulanylýar.

# Daşary ýurtly tussaglara bolan garaýşa degişlilikde maslahatlar

*1985-nji ýylyň 26-njy awgustyndan 6-njy sentýabryna çenli Milan şäherinde geçirilen jenaýatçylygyň öňüni almak we hukuk bozujylara garaýyş boýunça BMG-niň ýedinji Kongressi bilen kabul edildi, we BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1985-nji ýylyň 29-njy noýabryndaky 40/32 belgili rezolýusiýasy bilen makullandy*

1. Daşary ýurtly tussagyň düzediş edarasyna ýerleşdirilmegi diňe onuň milletine görä kesgitlenilmeli däl.

2. Daşary ýurtly tussaglara şu ýurduň tussag raýatlary bilen deň derejede bilime, işe we hünär taýýarlygyna rugsat berilse gowy bolardy.

3. Daşary ýurtly tussaglara şu ýurduň tussag raýatlary bilen deň derejede umuman türme tussaglygyna alternatiw bolan, türmeden goýberilmäge bolan hukuk we türmeden çykmagyň beýleki rugsat edilen görnüşleri ýaly meňzeş çäreler ýaýradylsa gowy bolardy.

4. Daşary ýurtly tussaglary, olar türmä ýerleşdirilenden soň, derrew olaryň düşünýän dilinde, we, adaty boýunça, ýazmaça görnüşinde degişli düzgünleri we kadalary goşanda, türme kada-kanunyň esasy düzgünleri barada habarly edilse gowy bolardy.

5. Daşary ýurtly tussaglar tarapdarlary bolýan din öwütlerine we däplerine hormat bilen garalsa gowy bolardy.

6. Daşary ýurtly tussaglara olaryň konsul wekilleri bilen duşuşmagy talap etmek hukugy baradaky maglumat, şeýle hem olaryň derejesine degişli bolan islendik başga degişli maglumat eglenmän berilse gowy bolardy. Eger daşary ýurtly tussag diplomatik ýa-da konsul wekilinden ýardam almaga isleg bildirse, onda bu barada wekile derrew habar berilse gowy bolardy.

7. Daşary ýurtly tussaglara, olaryň lukmançylyk we umumy işgärler bilen aragatnaşyklarynda, şeýle hem şikaýatlar, ýörite jaýlar, aýratyn iýmit, maslahat bermekde din wekilçiligi ýaly meselelerde olaryň düşünýän dilinde ýeterlik kömek berilse gowy bolardy.

8. Daşary ýurtly tussaglara, görmäge barmalar we hat alyşmalar üçin tussagyň razylygy bilen ähli zerur mümkinçilikleri berip, olaryň maşgalalary we olaryň ýaşaýan ýerindäki edaralar bilen gatnaşyklara ýardam berilse gowy bolardy. Halkara Gyzyl Haç Komiteti ýaly halkara ynsanperwerlik guramalara daşary ýurtly tussaglara kömek bermek mümkinçiligi berilse gowy bolardy.

9. Daşary ýurtly hukuk bozujylaryň uçran meseleleriniň çözülmegine şertli kazyýet hökümi çykarylan ýa-da zamunyna goýberilen hukuk bozujylaryň üstünden gözegçilik etmek, şeýle hem olara ediljek kömek hakynda ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn ylalaşyklaryň baglanyşylmagy has uly derejede ýardam berip biler.

# Haýsydyr bir görnüşde tussag astyna almaklyga ýa-da tussag astynda saklamaklyga sezewar edilýän ähli adamlary goramagyň ýörelgeler ýygyndysy

*Baş Assambleýanyň 1988-nji ýylyň 9-njy dekabryndaky 43/173 rezolýusiýasy*

Baş Assambleýa,

haýsydyr bir görnüşde tussag astyna almaklyga ýa-da tussag astynda saklamaklyga sezewar edilýän ähli adamlary goramagyň Ýörelgeler ýygyndysynyň taslamasyny işläp taýýarlamak wezipesini Altynjy komitetiň üstüne ýükleýän, we bu maksat bilen açyk düzümli iş toparyny esaslandyrmagy karar edýän, özüniň 1980-nji ýylyň 15-nji dekabryndaky 35/177 rezolýusiýasyna salgylanyp,

Baş Assambleýanyň kyrk üçünji sessiýasynyň dowamynda mejlisleri geçiren we ýörelgeler ýygyndysynyň taslamasynyň işläp taýýarlamasyny tamamlan, haýsydyr bir görnüşde tussag astyna almaklyga ýa-da tussag astynda saklamaklyga sezewar edilýän ähli adamlary goramagyň ýörelgeler ýygyndysynyň taslamasy boýunça Iş toparynyň çykyşyny maglumat hökmünde kabul edip,

Iş topary ýörelgeler ýygyndysynyň taslamasynyň tekstini seretmeklik we kabul etmeklik üçin Altynjy komitete hödürlemek baradaky karary kabul edendigini nazara alyp,

ýörelgeler ýygyndysynyň taslamasynyň kabul edilmegi adam hukuklarynyň goramagyna möhüm goşant girizjekdigine ynanyp,

ýörelgeler ýygyndysynyň tekstini giňden ýaýradylyşyny üpjün etmek zerurlygyny göz öňünde tutup,

1. teksti şu rezolýusiýanyň ýanyna goşulan Haýsydyr bir görnüşde tussag astyna almaklyga ýa-da tussag astynda saklamaklyga sezewar edilýän ähli adamlary goramagyň Ýörelgeler ýygyndysyny tassyklaýar;

2. Ýörelgeler ýygyndysyny işläp taýýarlamakda möhüm goşant goşandygy üçin Haýsydyr bir görnüşde tussag astyna almaklyga ýa-da tussag astynda saklamaklyga sezewar edilýän ähli adamlary goramagyň ýörelgeler ýygyndysynyň taslamasy boýunça Iş toparyna öz minnetdarlygyny bildirýär;

3. Ýörelgeler ýygyndysy kabul edilendigi barada Baş sekretary Birleşen Milletler Guramasynyň agza-döwletlerini we ýöriteleşdirilen edaralaryň agzalaryny habarly etmekligi soraýar;

4. Ýörelgeler ýygyndysyny giňden ýaýratmak we berjaý etmek üçin ähli tagallalary etmeklige tutanýerli çagyrýar.

**Goşmaça**

**HAÝSYDYR BIR GÖRNÜŞDE TUSSAG ASTYNA ALMAKLYGA ÝA-DA TUSSAG ASTYNDA SAKLAMAKLYGA SEZEWAR EDILÝÄN ÄHLI ADAMLARY GORAMAGYŇ ÝÖRELGELER ÝYGYNDYSY**

**Ýörelgeler ýygyndysynyň ulanyş çägi**

Şu Ýörelgeler haýsydyr bir görnüşde tussag astyna almaklyga ýa-da tussag astynda saklamaklyga sezewar edilýän ähli adamlary goramak üçin ulanylýar.

**Adalgalaryň ulanylyşy**

Ýörelgeler ýygyndysynyň maksatlary üçin:

a) "tussag" diýen sözi haýsydyr bir kanun bozmasyny etmekde güman edilýän ýa-da haýsydyr bir edaranyň karary boýunça adamy tussag astyna almaklyk hereketi aňladýar;

b) "tussag astyna alnan adam" diýen sözleri kanun bozmasyny edenligi üçin iş kesmek netijesinde däl-de hususy azatlykdan mahrum edilen islendik adamy aňladýar;

b) "tussag astynda saklanylýan adam" diýen sözleri haýsydyr bir kanun bozmasyny edenligi üçin iş kesmek netijesinde hususy azatlykdan mahrum edilen islendik adamy aňladýar;

c) "tussag astyny almak" diýen sözleri kesgitlemesi ýokarda getirilen tussag astyna alnan adamyň ýagdaýyny aňladýar;

d) "tussag astynda saklamak" diýen sözleri kesgitlemesi ýokarda getirilen tussag astynda saklanylýan adamyň ýagdaýyny aňladýar;

e) "kazyýet ýa-da başga edara" diýen sözleri kanuna laýyklykda derejesini we ýagdaýyny ygtyýarlylyk, tarapgöýsizlik we garaşsyzlyk ýaly äňrybaş berk kepillendirmeler bilen üpjün edilýän kazyýet ýa-da başga edarany aňladýar.

**<u>1-nji ýörelge</u>**

Haýsydyr bir görnüşde tussag astyna almaklyga ýa-da tussag astynda saklamaklyga sezewar edilýän ähli adamlar ynsanperwerlikli çemeleşmä we adam şahsyýetine mahsus bolan mertebesine hormat goýmaklyga haklydyrlar.

**<u>2-nji ýörelge</u>**

Tussag, tussag astyna almaklyk ýa-da tussag astynda saklamaklyk diňe berk kanunyň düzgünlerine laýyklykda we ygtyýarly wezipeli adamlar ýa-da bu maksat üçin kanun tarapyndan ygtyýarlandyrylan adamlar bilen amala aşyrylýar.

**<u>3-nji ýörelge</u>**

Haýsydyr bir görnüşde tussag astyna almaklyga ýa-da tussag astynda saklamaklyga sezewar edilýän adamlaryň bähbitlerinde şu Ýörelgeler ýygyndysynda ykrar edilmeýänligiň ýa-da az göwrümde ykrar edilýänligiň esasynda hukuga, konwensiýalara, düzgünlere ýa-da däp-dessurlara laýyklykda haýsydyr bir döwlet bilen ykrar edilýän ýa-da onda bar bolan haýsy-da bolsa adam hukuklarynyň hiç hili çäklendirmesine ýa-da kemsidilmesine ýol berilmeýär.

**<u>4-nji ýörelge</u>**

Haýsydyr bir görnüşde tussag astyna almaklyk ýa-da tussag astynda saklamaklyk we adam hukuklaryna täsir edýän tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adamlara ulanylmaga degişli ähli çäreler kararyň güýjüne amala aşyrylmalydyr ýa-da kazyýet ýa-da başga edaranyň netijeli gözegçiligine sezewar bolmalydyr.

**5-nji ýörelge**

1. Şu ýörelgeler jynsyna, teniniň reňkine, aýal-erkekligine, diline, dinine ýa-da ygtykatyna, syýasy ýa-da başga garaýyşlaryna, milli, etniki ýa-da durmuş taýdan gelip çykyşyna, emläk, gatlak ýa-da başga ýagdaýyna degişlilikde haýsy-da bolsa tapawuda garamazdan islendik döwletiň çäginiň çäklerinde ähli adamlara degişlilikde ulanylýar.

2. Kanunyň çäklerinde ulanylýan we aýallaryň, esasan-da, göwreli aýallaryň hem-de emdirýän eneleriň, şeýle hem çagalaryň, ýetginjekleriň, garrylaryň, näsaglaryň ýa-da maýyplaryň, hukuklaryny we aýratyn derejesini goramak üçin niýetlenilýän çäreler kemsidiji çäreler hökmünde seredilmeýär. Şeýle çäreleriň zerurlygy we ulanylmagy hakyndaky mesele hemişe kazyýet ýa-da başga edaralar bilen garalmaga degişlidir.

**6-njy ýörelge**

Hiç bir tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adam gynamalara ýa-da rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän çemeleşmegiň hem-de jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerine sezewar edilmeli däldir*. Hiç hili ýagdaýlar gynamalar ýa-da rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýşyň hem-de jezalandyrmagyň beýleki görnüşleri üçin delil bolup hyzmat edip bilmez.

** "Rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän çemeleşmegiň hem-de jezalandyrmagyň görnüşleri" diýen adalga görüş, eşidiş, giňişlik ýa-da wagt habardarlygy ýaly tebigy duýgularyň islendigini wagtlaýynça ýa-da hemişelik mahrum edilýän şertlerde tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adamy saklamaklygy goşanda, fiziki ýa-da psihologiki häsiýetli hyýanat etmişlere garşy, mümkin boldugyça, has giň goragy üpjün etmeklik manysynda düşünilmelidir.*

**7-nji ýörelge**

1. Döwletlere şu Ýörelgelerde beýan edilen hukuklara we borçlara garşy çykýan islendik hereketleri kanuny tertipde gadagan etmek, şeýle hereketler üçin degişli sanksiýalary basmak we şikaýatlar boýunça tarapgöýsiz derňew geçirmek gerek.

2. Şu Ýörelgeler ýygyndysynyň bozulmasy bolan ýa-da bolup biljek diýen esaslary bar diýip hasaplaýan wezipeli adamlar bu barada ýokarda duran häkimiýetlere we haçanda bu zerur bolsa gözegçilik boýunça ýa-da ýagdaýy düzetmek boýunça ygtyýarlyklar ýüklenilen beýleki degişli häkimiýetlere ýa-da edaralara habar bermelidir.

3. Şu Ýörelgeler ýygyndysynyň bozulmasy bolan ýa-da bolup biljek diýen esaslary bar diýip hasaplaýan islendik başga adam bu barada dahylly wezipeli adamlara degişliligi boýunça ýokarda duran edaralara, şeýle hem gözegçilik boýunça ýa-da ýagdaýy düzetmek boýunça ygtyýarlyklar ýüklenilen beýleki degişli häkimiýetlere ýa-da edaralara habar bermäge haklydyr.

**8-nji ýörelge**

Tussag astyna alnan adamlara olaryň iş kesilmedik adamlaryň derejesine laýyk gelýän düzgün ulanylýar. Munuň bilen baglylykda, olar hemişe, haçanda bu mümkin bolsa, tussag astynda saklanylýan adamlardan aýry ýerleşdirilýär.

**9-njy ýörelge**

Adamy tussag edýän, ony tussag astyna alýan ýa-da işiniň derňewini alyp barýan häkimiýetler diňe kanun boýunça olara berilýän ygtyýarlyklary amala aşyrýarlar, we bu ygtyýarlyklaryň amala aşyrylyşyna kazyýet ýa-da kanun bilen göz öňünde tutulan edarada şikaýat edilip bilner.

**10-njy ýörelge**

Tussag edilende her tussaga onuň tussag edilmeginiň sebäpleri aýdylýar we eglemän oňa islendik bildirilen aýyplama habar berilýär.

**11-nji ýörelge**

1. Kazyýet ýa-da başga edara bilen gyssagly tertipde diňlenmek netijeli mümkinçiligini bermezden adam tussag astyna alnyp saklanyp bilinmez. Tussag astyna alnan adam özüniň goragyna çykyş etmäge ýa-da kanun bilen göz öňünde tutulşy ýaly, aklawçynyň kömeginden peýdalanmaga haklydyr.

2. Tussag astyna alnan adamyň ýa-da onuň aklawçysynyň, eger aklawçy bar bolsa, dykgatyna eglemän tussag astyna alnandygy barada, şeýle hem tussag astyna almaklygyň sebäpleri barada islendik karar hakynda doly maglumat ýetirilýär.

3. Kazyýetiň ýa-da başga edaranyň garamak üçin ygtyýarlyklary, zerurlyk ýüze çykanda, tussag astynda saklamaklygy dowam etmek üçin esaslary bolmalydyr.

**12-nji ýörelge**

Teswirnama bolmaly ýagdaýynda aşakdakylar girizilýär:

a) tussagyň sebäpleri;

b) bu adamyň tussag edilen wagty we bu adamyň saklanylmaly ýerine eltilen wagty, şeýle hem kazyýet ýa-da başga edaranyň öňüne ilkinji gezek gelmeginiň wagty;

c) hukuk goraýjy edaralaryň degişli wezipeli adamlarynyň familiýalary;

d) saklanylýan ýerine degişlilikde takyk maglumatlar.

2. Şeýle teswirnamalar kanun tarapyndan bellenilen görnüşde tussag astyna alnana ýa-da onuň aklawçysyna, eger aklawçy bar bolsa, gowşurylýar.

**13-nji ýörelge**

Islendik adam tussag edilen pursatynda we tussag astyna almaklygyň ýa-da tussag astynda saklamaklygyň başynda, ýa-da ondan soň ýakyn wagtda onuň hukuklary we bu hukuklary ol nädip amala aşyryp biljekdigi barada tussag, tussag astyna almak ýa-da tussag astynda saklamak üçin jogapkär edara tarapyndan onuň dykgatyna ýetirilýär we düşündirilýär.

**14-nji ýörelge**

Tussag, tussag astyna almaklyk ýa-da tussag astynda saklamaklyk üçin jogapkär häkimiýetler bilen ulanylýan dile ýeterlikli gowy düşünmeýän ýa-da onda ýeterlikli gowy geplemeýän adam 10-njy, 11-nji (2-nji bölüm), 12-nji (1-nji bölüm) we 13-nji ýörelgelerde görkezilen maglumaty, mümkin boldugyça tiz wagtyň içinde, onuň düşünýän dilinde almaga, we onuň tussagyndan soň hukuk seljerişi bilen baglylykda terjimeçiniň kömegini, eger zerur bolsa tölegsiz, almaga haklydyr.

**15-nji ýörelge**

16-njy ýörelgäniň 4-nji bölümindäki we 18-nji ýörelgäniň 3-nji bölümindäki kadadan çykmalara garamazdan, tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adama daşky dünýä bilen, we, hususan-da, öz maşgalasy ýa-da aklawçysy bilen, birnäçe günden köp bolmadyk döwrüň dowamynda aragatnaşyk etmekde boýun gaçyrylyp bilner.

**16-njy ýörelge**

1. Tussag edilenden soň ýakyn wagtda we bir tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan ýerden başga ýere her geçirilenden soň tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adam öz tussagy, tussag astyna alnany ýa-da tussag astynda saklanýany barada ýa-da geçirilendigi barada we onuň saklanylýan ýeri barada öz maşgalasynyň agzalaryny ýa-da özüniň seçip almaklygy boýunça beýleki degişli adamlary habarly etmek haýyşy bilen ygtyýarly edara ýüz tutmaga haklydyr.

2. Eger tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adam daşary ýurtly bolsa, oňa eglemän kadaly serişdeleriň kömegi bilen raýaty bolup durýan döwletiň konsullygy ýa-da diplomatiki wekilçiligi bilen, ýa-da ol halkara hukugyna laýyklykda şeýle habary almaga başga usul bilen haklydyr, ýa-da, eger ol bosgun bolup durýan bolsa ýa-da haýsydyr bir usul bilen hökümetara guramasynyň goragynyň astynda bolsa, onuň baglanyşmak hukugy barada habar berilmelidir.

3. Eger tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adam kämillik ýaşyna ýetmedik bolsa ýa-da öz hukuklaryna aňyny ýetirmäge ukypsyz bolsa, onda agzalan ygtyýarly edara öz başlangyjy boýunça şu ýörelgede agzalany habarly etmek boýunça borçnamany öz üstüne alýar. Ata-enelere ýa-da hossarlara habarnama ýetirmekligine aýratyn üns berilmelidir.

4. Şu ýörelgede agzalan islendik habarnama eglemän ugradylmalydyr ýa-da ygtyýarly edara tarapyndan razylyk berilmelidir. Emma, ygtyýarly edara, eger ony derňewiň aýratyn ýagdaýlary talap edýän bolsa, habarnamanyň gowşurylmagyny göwnejaý döwre yza çekip biler.

**17-nji ýörelge**

1. Tussag astyna alnan adam aklawçy tarapyndan hukuk kömegini almaga haklydyr. Ol tussagdan soň ygtyýarly edara tarapyndan öz hukugy barada habarly edilýär we oňa bu hukugy amala aşyrmak üçin göwnejaý mümkinçilikler berilýär.

2. Eger tussag astyna alnan adamyň özüniň saýlawy boýunça aklawçysy bolmasa, onda ol adalatlygyň bähbitleri talap eden ähli ýagdaýlarda, onuň üçin, eger bu adamyň ýeterlikli pul serişdeleri bolmadyk halatynda, onuň hyzmatlary üçin tölemesiz, kazyýet ýa-da başga edara bilen bellenilen aklawçynyň hyzmatlaryndan peýdalanmaga haklydyr.

**18-nji ýörelge**

1. Tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adam aklawçy bilen baglanyşmaga we maslahatlaşmaga haklydyr.

2. Tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adama öz aklawçysy bilen maslahatlar geçirmäge zerur bolan wagt we şertler berilýär.

3. Tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adamyň aklawçynyň ony görmäge barmasyna, maslahatlaşmaga we onuň bilen eglemän ýa-da senzurasyz we doly gizlinlik şertlerinde aragatnaşyk etmäge bolan hukugy, diňe, haçanda kazyýet ýa-da başga edaranyň pikiri boýunça howpsuzlyk we tertibi saklamak üçin zerur bolan ýagdaýynda kanun ýa-da kanuna laýyklykda bellenilen düzgünler bilen bellenilýän aýratyn ýagdaýlardan başga halatlarda wagtlaýynça ýatyrylyp ýa-da çäklendirilip bilinmez.

4. Tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adamyň öz aklawçysy bilen duşuşyklary hukuk goraýjy edaralaryň wezipeli adamyna olary görmäge ygtyýar berýän, ýöne eşitmesiz şertlerde geçirip biler.

5. Tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adamyň öz aklawçysy bilen edýän aragatnaşygy aýyplanýan ýa-da tussag astynda saklanýan adama garşy, eger ol edilýän ýa-da niýet edilýän jenaýata hiç hili dahyly bolmasa, subutnama hökmünde ulanylyp bilinmez.

**19-njy ýörelge**

Tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adam öz maşgala agzalarynyň ony gelip görmäge we olar bilen hat alyşmaga, şeýle hem kanunda we kanuna laýyklykda bellenilen düzgünlerde bar bolan göwnejaý şertlere we çäklendirmelere görä daşky dünýä bilen aragatnaşyk etmeklige degişli mümkinçiliginiň bolmagyna haklydyr.

**20-nji ýörelge**

Tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adamyň haýyşy boýunça ol, eger bu mümkin bolsa, özüniň adaty ýaşaýan ýerinden göwnejaý uzaklykda ýerleşýän tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan ýerde saklanylýar.

**21-nji ýörelge**

1. Tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adamyň ýagdaýyny ony boýun almaklyga, öz-özüni başgaça paş etmeklige ýa-da islendik başga adama garşy görkezmeleri bermeklige mejbur etmek maksady bilen hyýanatçylykly peýdalanmak gadagandyr.

2. Hiç bir tussag astyna alnan adam sorag edilen wagtynda zorluga, haýbatlara ýa-da onuň karar kabul etmek ýa-da pikir çykarmak ukybyny bozýan şeýle derňew usullaryna sezewar edilmeli däldir.

**22-nji ýörelge**

Hiç bir tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adam onuň saglygyna zyýan ýetirip biljek haýsydyr lukmançylyk ýa-da ylmy synaglara onuň razylygy bolsa-da sezewar edilmeli däldir.

**23-nji ýörelge**

1. Tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adamyň islendik soragynyň we soraglar arasyndaky arakesmeleriň dowamlylygy, şeýle hem soragy geçirýän wezipeli

adamlaryň we beýleki gatnaşýan adamlaryň familiýalary kanun tarapyndan bellenilip bilinjek görnüşde ýazylmalydyr we tassyklanmalydyr.

2. Tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adamyň ýa-da onuň aklawçysynyň, haçanda bu kanun tarapyndan göz öňünde tutulan bolsa, şu ýörelgäniň bölüminde aýdylyp geçilen maglumata ygtyýary bolar.

**24-nji ýörelge**

Tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adama onuň tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan ýere gelenden soň mümkin boldugyça iň gysga möhletleriň içinde kadaly lukmançylyk barlagyny geçmäge mümkinçilik berilýär; soňy bilen zerurlyk ýüze çykanda oňa her gezek lukmançylyk hyzmat etmesi we bejergisi ediler. Hyzmat etme we bejergi tölegsiz edilýär.

**25-nji ýörelge**

Tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adam ýa-da onuň aklawçysy, tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan ýerde howpsuzlygy we tertibi saklamak üçin diňe zerur bolan şertleri berjaý etmek şertlerinde, ikilenji lukmançylyk barlagy ýa-da netijesi barada haýyş ýa-da arza bilen kazyýet ýa-da başga edara ýüz tutmaga haklydyr.

**26-njy ýörelge**

Tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adamyň lukmançylyk barlagyny geçenligi baradaky ýagdaý, lukmanyň familiýasy we şeýle barlagyň netijeli bolmalysy ýaly teswirnamada bellenilýär. Bu teswirnamany görmäge ygtyýar berilýär. Şeýle ygtyýaryň usullary milli kanunçylygyň degişli kadalary bilen kesgitlenilýär.

**27-nji ýörelge**

Subutnamalar alnanda bu ýörelgeleriň berjaý edilmezligi tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adama garşy şeýle subutnamalaryň ýol bererligini kesgitlemekde göz öňünde tutulýar.

**28-nji ýörelge**

Tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adam, eger olar döwlet çeşmelerinden bolsa, onda bar bolan serişdeleriň çäklerinde, tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan ýerlerde howpsuzlygy we tertibi üpjün edýän göwnejaý şertler berjaý edilende göwnejaý mukdarlarda okuw, çeper we habar maglumatlary almaga haklydyr.

**29-njy ýörelge**

1. Degişli kanunlaryň we düzgünleriň pugta berjaý edilişine gözegçilik etmek maksatlarynda, tussag astyna alnan ýerler, tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan ýerler gös-göni garamagynda bolan häkimiýetlerden tapawutly bolan ygtyýarly häkimiyetler tarapyndan bellenilýän we olaryň öňünde jogapkär ýokary hünärli we ýeterlikli tejribä eýe bolan adamlar tarapyndan yzygiderli barlyp görülýär.

2. Tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adam şeýle ýerlerde howpsuzlygy we tertibi üpjün etmek üçin zerur bolan göwnejaý şertler berjaý edilende 1-nji bölüme laýyklykda tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan ýerlere görmäge barýan adamlar bilen erkin we doly gizlinlik şertlerinde gatnaşmaga haklydyr.

**30-njy ýörelge**

1. Tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adamyň tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylan wagtynda düzgün-tertip kanun bozmasyny düzýän özüni alyp barşynyň häsiýeti, üstüne basylyp bilinjek düzgün-tertip jezasynyň görnüşi we dowamlylygy, şeýle hem ygtyýarlygyna şeýle jezany bellemeklik girýän häkimiýetler bolmalysy ýaly çap edilen kanunda ýa-da kanuna laýyklykda bellenilen düzgünlerde takyk kesgitlenmelidir.

2. Tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adam düzgün-tertip sanksiýalary basylmazdan öň diňlenilmäge haklydyr. Ol ýokarda duran häkimiýetlere şeýle çäreler boýunça şikaýat etmäge haklydyr.

**31-nji ýörelge**

Degişli häkimiýetler, zerurlyk ýüze çykanda, tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adamlaryň maşgala agzalaryna, olaryň eklenjinde bolan, hususan-da, kämillik ýaşyna ýetmediklere, milli kanunçylyga laýyklykda, kömegi üpjün etmek üçin çäreler görýärler, we gözegçiliksiz galan çagalara kadaly hossarlyk etmeklige aýratyn üns berýärler.

**32-nji ýörelge**

1. Tussag astyna alnan adam we onuň aklawçysy içerki kanunçylyga laýyklykda kazyýet ýa-da başga edaranyň öňünde, eger şeýle tussag astyna almaklyk bikanun bolsa, şeýle adamyň derrew boşadylmagyny gazanmak maksady bilen onuň tussag astyna alnandygynyň kanunylygyna garşy çykmak üçin islendik wagtda seljermäni gozgamaga haklydyrlar.

2. 1-nji bölümde agzalan seljerme degişli serişdeleri bolmadyk adamlar üçin ýönekeý, tiz we tölegsiz bolmalydyr. Tussag astyna almaklygy amala aşyran häkimiýetler tussag astyna alnan adamy esassyz saklanmalarsyz onuň işine seredýän edara tabşyrmalydyr.

**33-nji ýörelge**

1. Tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adam ýa-da onuň aklawçysy tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan ýeriň dolandyrmasy üçin jogapkär edaralara, we ondan ýokary edaralara, we zerurlyk ýüze çykan halatynda – şikaýatlara garamaga ýa-da goramak serişdeleri bermäge ygtyýarlandyrylan degişli edaralara – şu adama bolan çemeleşmä degişlilikde, hususan-da, gynamalar ýa-da rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän çemeleşmegiň hem-de jezalandyrmagyň başga görnüşi bolan halatynda, haýyşnamany ýa-da şikaýaty ugratmaga haklydyrlar.

2. Haçanda tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adamyň, onuň aklawçysynyň 1-nji bölüme laýyklykda öz hukuklaryny amala aşyrmaga mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýynda, şeýle hukugy tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adamyň maşgalasynyň agzasy ýa-da bu iş barada habary bar bolan haýsydyr başga adam amala aşyryp biler.

3. Eger bu barada haýyşnama ýa-da şikaýaty beren adam haýyş etse, onda haýyşnamanyň ýa-da şikaýatyň gizlin häsiýeti üpjün edilýär.

4. Her haýyşnama ýa-da şikaýata eglemän garalýar, we jogaby esassyz saklanmasyz berilýär. Bu haýyşnama ýa-da şikaýat ret edilen halatynda, ýa-da esassyz saklanan halatynda, haýyşnamany ýa-da şikaýaty beren adam ony kazyýet ýa-da başga edara iberip biler. Edil tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adam ýaly, şeýle hem haýyşnamany ýa-

da şikaýaty iberen islendik adam 1-nji bölüme laýyklykda haýyşnama ýa-da şikaýat berendigi üçin yzarlanmalara sezewar edilip bilinmez.

**34-nji ýörelge**

Eger tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylýan adamyň ölümi ýa-da ýitmegi tussag astyna alnan ýa-da tussag astynda saklanylan wagtda bolsa, onda kazyýet ýa-da başga edara ýa öz başlangyjy boýunça, ýa-da şeýle adamyň maşgala agzasynyň ýa-da şu iş barada maglumatlary bar bolan islendik adamyň haýyşy boýunça derňew geçirýär. Eger bu ýagdaýlar bilen dellilendirilen bolsa, onda şeýle derňew, haçanda ölüm ýa-da ýitmeklik tussag astyna almaklygyň ýa-da tussag astynda saklamagyň möhleti geçenden soň ýakyn wagtda bolsa, şonuň ýaly tertip esasynda her gezek geçirilýär. Şeýle derňewiň netijeleri ýa-da ol baradaky çykyş, eger ol geçirilýän jenaýat derňewine zyýan ýetirmeýän bolsa, haýyş boýunça berilýär.

**35-nji ýörelge**

1. Şu ýörelgelerde bar bolan hukuklaryň bozulmagynda döwlet wezipeli adamyň hereketleriniň ýa-da ýalňyşlarynyň netijesinde ýetirilen zyýan içerki kanunçylyk bilen göz öňünde tutulan jogapkärçilik hakyndaky ulanylýan kadalara laýyklykda öwez dolmasyna sezewar bolmalydyr.

2. Şu ýörelgelere laýyklykda bellige almaklygy talap edýän maglumat şu ýörelgä laýyklykda zyýanyň öwez dolmasy baradaky talap arzalary bildirmekde ulanmak üçin içerki kanunçylyk bilen göz öňünde tutulýan tertiplere laýyklykda gowşurylýandyr.

**36-njy ýörelge**

1. Jenaýat etmişi etmeklikde güman edilýän ýa-da aýyplanýan tussag astyna alnan adam, tä onuň günäligi onuň öz goragy üçin zerur bolan kepillendirmeleriň ählisine eýe bolan açyk kazyýet seljermesiniň dowamynda kanuna laýyklykda subut edilmese, günäsiz diýlip hasaplanylýar we günäsiz adama bolan çemeleşme ýaly çemeleşmä haklydyr.

2. Derňew we kazyýet seljermesini geçiriş döwrüne şeýle adamyň tussagy ýa-da tussag astyna alynmaklygy diňe kanun bilen bellenilen şertlere we tertiplere laýyklykda we esaslarda adalatlylygy berjaýetmek maksatlarynda amala asyrylýar. Şeýle adama degişlilikde tussag astyna almak ýa-da derňewiň dowamy ýa-da adalatlylygy berjaý etmek üçin päsgelçilikleri aýyrmak, ýa-da tussag astyna alnan ýerinde howpsuzlygy we tertibi saklamak maksatlarynyň nukdaý nazaryndan gös-göni zerurlygy bolmadyk çäklendirmeleriň girizilmegi gadagandyr.

**37-nji ýörelge**

Jenaýat aýyplamasy boýunça tussag astyna alnan adam, onuň tussagyndan soň ýakyn wagtda kanun bilen bellenilen kazyýet ýa-da başga edara eltilýär. Şeýle edara eglemän onuň tussag astyna alnandygynyň kanunylygyna we zerurlygyna degişlilikde karar kabul etmelidir. Hiç kim şeýle edaranyň ýazmaça kararynyň ýoklugynda, derňew ýa-da kazyýet seljermesi geçirilýän döwrüne tyussag astyna alnyp bilinmez. Tussag astyna alnan adam, haçanda ol şeýle edara eltilenden soň, tussag astyna alnan döwründe oňa bolan çemeleşme boýunça şikaýat bilen çykyş etmäge haklydyr.

**38-nji ýörelge**

Jenaýat aýyplamasy boýunça tussag astyna alnan adam göwnejaý möhletleriň içinde kazyýet seljermesine ýa-da kazyýetde onuň işine seredilýänçä boşadylmagyna haklydyr.

**39-njy ýörelge**

Kanun bilen göz öňünde tutulan aýaratyn ýagdaýlary goşmanda, we eger kazyýet ýa-da başga edara adalatlylygy berjaý etmeklik bähbitlerinde başga karar kabul etmese, jenaýat aýyplamasy boýunça tussag astyna alnan adama kanuna laýyklykda bellenilip bilinjek şertlerde kazyýetde işi seredilýänçä boşatmaklygy almaga mümkinçilik berilýär. Şeýle edara tussag astyna almaklyk zerurlygy baradaky meseläni gözýetiminde saklaýar.

**Umumy düzgün**

Şu Ýörelgeler ýygyndysynda hiç zat, Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky Halkara ylalaşygynda kesgitlenilişi ýaly, islendik hukugyň çäklendirmesi ýa-da ondan daşlaşmasy hökmünde düşünilmeli däldir.

# Tussag astynda saklanylýan we tussag edilen adamlary gynamalardan we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän çemeleşmegiň beýleki görnüşlerinden goramakda saglygy goraýyş işgärleriň, esasan-da lukmanlaryň ornuna degişli Lukmançylyk Etikasynyň ýörelgeleri

*BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1982-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky 37/194 rezolýusiýasy bilen kabul edildi (ses bermeklik geçirmesiz kabul edildi)*

*Baş Assambleýa,*

tussag etmekligiň ýa-da tussag astynda saklamagyň islendik görnüşine sezewar edilýän adamlary gynamalardan we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän çemeleşmegiň hem-de jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerinden goramaga degişli lukmançylyk etikasynyň kodeksiniň taslamasyny Bütindünýä saglygy goraýyş guramasyna taýýarlamaklygy teklip eden özüniň 1976-njy ýylyň 13-nji dekabryndaky 31/85 rezolýusiýasyna *salgylanyp,*

"Lukmançylyk etikasynyň kodekslerini işläp taýýarlamak" diýlip atlandyrylan dokladynda, oňa bolan "Adamlary gynamalardan we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän çemeleşmegiň hem-de jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerinden goramakda saglygy goraýyş işgärleriniň ornuna degişli lukmançylyk etikasynyň ýörelgeleri" diýlip atlandyrylan we Halkara lukmançylyk guramalarynyň Geňeşi tarapyndan taýýarlanan ýörelgeler toplumynyň taslamasyny öz içine alýan goşmaçada beýan edilen ýörelgeleri özüniň 1979-njy ýylyň ýanwar aýyndaky altmyş üçünji sessiýasynda makullamaklygy karar eden Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň Ýerine ýetiriji komitetine öz minnetdarlygyny *gaýtadan bildirip,*

Geňeş Baş Assambleýa özüniň otuz altynjy sessiýasynda lukmançylyk etikasynyň ýörelgeler toplumyny işläp taýýarlamaklygy tamamlamak boýunça çäreleri görmekligi maslahat beren, Ykdysady we Sosial Geňeşiniň 1981-nji ýylyň 6-njy maýyndaky 1981/27 rezolýusiýasyny *göz öňünde tutup,*

lukmançylyk etikasynyň ýörelgeler toplumyny kabul etmek maksady bilen oňa özüniň otuz ýedinji sessiýasynda garamaklygy karar eden özüniň 1981-nji ýylyň 25-nji noýabryndaky 36/61 rezolýusiýasyna *salgylanyp,*

lukmançylyk hünäriniň wekilleri we beýleki saglygy goraýyş işgärleri käwagt lukmançylyk etikasy bilen baglaşdyrmaklygy kyn bolan iş bilen meşgullanýandygy bilen *howsalaly bolup,*

möhüm lukmançylyk işi rugsatnamasy bolmadyk ýa-da lukmanlaryň kömekçileri, feldşerler, fizioterapewtler hem-de sanitarlar ýalylar lukmanlar hökmünde taýýarlanylmadyk saglygy goraýyş işgärleri tarapyndan ýerine ýetirilýändigi ýaly tejribe dünýäde has giňden ýaýraýandygyny *ykrar edip,*

Tokio şäherinde 1975-nji ýylyň oktýabr aýynda bolup geçen ýigrimi dokuzynjy Bütindünýä lukmançylyk assambleýasy bilen kabul edilen Tussag astyna almaklyk we türmede saklamaklyk bilen baglylykda gynamalara we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän çemeleşmegiň hem-de jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerine degişli lukmanlar üçin Baş ýörelgeleri bar bolan Bütindünýä lukmançylyk assosiasiýasyna degişlilikde Tokio Jarnamasy hakynda minnetdarlyk bilen *ýatladyp,*

Tokio Jarnamasyna laýyklykda, döwletler we kärdeşler işgärleriniň assosiasiýalary, şeýle hem beýleki degişli guramalar saglygy goraýyş işgärlerini ýa-da olaryň maşgala agzalaryny, şeýle işgärleriň gynamalary we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän çemeleşmegiň hem-de jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerini ulanmaklyga gatnaşmakdan boýun gaçyrmagyň netijesinde haýbatlara ýa-da jezalara sezewar etmekligiň islendik synanşyklaryna garşy çäre görmelidigini *belläp,*

gynamany we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän çemeleşmegiň hem-de jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerini öz içine alýan islendik hereket ynsan mertebesini dil ýetirmek, Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň maksatlaryny bozmak we Adam hukuklary hakyndaky Ählumumy jarnamasyny bozmak bolup durýandygyny bildirip, Baş Assambleýa özüniň 1975-nji ýylyň 9-njy dekabryndaky biragyzdan kabul edilen 3452 (XXX) rezolýusiýasyndaky Ähli adamlary gynamalardan we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän çemeleşmegiň hem-de jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerinden goramak hakyndaky Jarnamany *tassyklap,*

3452 (XXX) rezolýusiýasynda kabul edilen Jarnamanyň 7-nji maddasyna laýyklykda, her döwletiň, şu Jarnamanyň 1-nji maddasynda kesgitlenilişi ýaly, gynamalary etmekligiň ähli hereketlerine, gynamalara gatnaşmaklyga, olara bilelikde gatnaşmaklyga, gynamaklyga öjükdirijilige ýa-da sezewar etmäge niýet etmeklige onuň jenaýat hukugyna laýyklykda jenaýat hökmünde garamalydygyny *ýatladyp,*

lukmançylyk etikasyna laýyk gelýän lukmançylyk tejribesi bilen meşgullanýan adam bu hyzmatlaryň kime edilýändigine garamazdan hiç bir ýagdaýda jezalandyrylmaýar ýa-da lukmançylyk etikasyny bozup hereketleri ýerine ýetirmeklige ýa-da işi amala aşyrmaklyga mejbury edilmeýär, emma şonuň bilen birlikde lukmançylyk etikasynyň şeýle bozulmasynda aýyplanyp bilinjek saglygy goraýyş işgärleri, esasan-da lukmanlar şeýle bozulmasy üçin jogapkärçilige çekiljekdigine *ynanyp,*

bu babatda saglygy goraýyş işgärleriniň, esasan-da lukmanlaryň we döwlet gullukçylarynyň hökmany ýerine ýetirmeli täze kadalaryny girizmeklige çalyşyp,

1. şu rezolýusiýanyň goşmaçasynda berlen tussag astynda saklanylýan ýa-da tussag edilen adamlary gynamalardan we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän çemeleşmegiň hem-de jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerinden goramakda saglygy goraýyş işgärleriniň, hususan-da lukmanlaryň ornuna degişli lukmançylyk etikasynyň Ýörelgelerini makullaýar;

2. ähli hökümetleri, hususan-da lukmançylyk hem-de paralukmançylyk işgärleriň assosiasiýalarynyň we wezipesine tussag etmeklik hem-de türmede saklamaklyk girýän edaralaryň arasynda şu döwletiň resmi dilinde bu Lukmançylyk etikasynyň ýörelgelerini şu rezolýusiýa bilen bilelikde has giň ýaýradylyşyny üpjün etmäge çagyrýar;

3. ähli degişli hökümetara guramalaryna, hususan-da Bütindünýä saglygy goraýyş guramasyna, we gyzyklanma bildiren hökümete dahylsyz guramalara ynsanlaryň has giň toparynyň dykgatyna, esasan hem lukmançylyk hem-de paralukmançylyk ugurlarda işjeň iş bilen meşgullanýanlaryň dykgatyna Lukmançylyk etikasynyň ýörelgelerini ýetirmekligi teklip edýär.

**GOŞMAÇA**

**1-nji ýörelge**

Saglygy goraýyş işgärleri, hususan-da tussag astynda saklanylýan ýa-da tussag edilen adamlaryň lukmançylyk hyzmat edişini üpjün edýän lukmanlar, olaryň fiziki hem-de ruhy saglygyny saklamaga we tussag astynda saklanylmaýan ýa-da tussag edilmedik adamlara üpjün edilýän şol bir hilde we derejede keselleriň bejergisini üpjün etmäge borçlanýarlar.

**2-nji ýörelge**

Saglygy goraýyş işgärleri, hususan-da lukmanlar, eger olar gynamalara we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebesini kemsidýän çemeleşmegiň we jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerine gatnaşmaklyk ýa-da bile gatnaşmaklyk, ýa-da olary etmeklige öjükdirmeklik, ýa-da olary etmeklige synanşyklar etmeklik ýaly hereketler bilen işjeň ýa-da gowşak (passiw) meşgullanýan bolsalar, lukmançylyk etikasynyň gödek bozmasyny edýärler **.

*** Seret. Ähli adamlary gynamalardan we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebesini kemsidýän çemeleşmegiň we jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerinden goramak hakyndaky Jarnamasy (3452 (XXX) rezolýusiýasy, goşmaça), onuň 1-nji maddasynda şeýle diýilýär:*

*«1. Şu Jarnamanyň maksatlary üçin gynama bu islendik hereketi aňladýar, onuň arkaly resmi adam tarapyndan ýa-da onuň öjükdirmesi boýunça adamdan ýa-da üçünji tarapdan maglumaty ýa-da boýun almalary almak, onuň eden ýa-da onuň etmeginde güman edilýän hereketleri üçin ony jezalandyrmak, ýa-da ony ýa-da beýleki adamlary gorkuzmak maksady bilen adama bilgeşleýin güýçli yza ýa-da fiziki ýa-da akyl jebiri ýetirilýär. Bu düşündirişe diňe kanuny azatlykdan mahrum edilişi üçin muňa mahsus bolan ýa-da onuň netijesinden gelip çykýan, Tussag astynda saklanylýanlara çemeleşmegiň Minimal standart düzgünleri bilen gabat gelip biläýjek derejedäki ýagdaýa görä ýüze çykýan yza ýa-da jebir goşulmaýar.*

*2. Gynama rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebesini kemsidýän çemeleşmegiň we jezalandyrmagyň çuňlaşdyrylan we bilkastlaýyn görnüşi bolup durýar ".*

*Jarnamanyň 7-nji maddasynda seýle diýilýär:*
*«Her döwlet bu 1-nji maddada bellenilişi ýaly gynamalary etmekligiň ähli görnüşleri onuň jenaýat hukugyna laýyklykda jenaýat hökmünde garalmaly diýlen ýagdaýy üpjün etmelidir. Şonuň ýaly ýagdaý gynamalara gatnaşmaklyk, olara bilelikde gatnaşmaklyk, olary etmeklige öjükdirmeklik ýa-da gynama sezewar etmäge niýet etmeklik ýaly hereketlere hem degişli bolmalydyr».*

**3-nji ýörelge**

Saglygy goraýyş işgärleri, esasan-da lukmanlar, eger olar tussag astynda saklanylýan ýa-da tussag edilen adamlaryň fiziki ýa-da ruhy saglygyny diňe barlamak, goramak ýa-da gowulandyrmak bolup durmaýan maksat bilen, olar bilen islendik beýleki hünär gatnaşyklaryna çekilen bolsa, lukmançylyk etikasynyň bozmasyny edýärler.

**4-nji ýörelge**

Saglygy goraýyş işgärleri, esasan-da lukmanlar, lukmançylyk etikasynyň bozmasyny edýärler, eger olar:

a) öz bilimlerini we tejribesini şeýle tussag astynda saklanylýan ýa-da tussag edilen adamlaryň fiziki ýa-da ruhy saglygyna ýa-da ýagdaýyna erbet täsir edip biljek we degişli halkara resminamalaryna laýyk gelmeýän usul bilen tussag astynda saklanylýan ýa-da tussag edilen adamlary sorag etmäge ýardam bermek üçin ulansalar***.

**** Esasan hem Adam hukuklary hakyndaky Ählumumy Jarnamasy (217A (III) rezolýusiýasy), Adam hukuklary hakyndaky Halkara Ylalaşyklary (2200A (XXI) rezolýusiýasy, goşmaça), Ähli adamlary gynamalardan we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebesini kemsidýän çemeleşmegiň we jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerinden goramak hakyndaky Jarnamasy (3452 (XXX) rezolýusiýasy, goşmaça), şeýle hem Tussag astynda saklanylýanlara çemeleşmegiň Minimal standart düzgünleri First Unitid Nations Congress on the Prevention of Crime and the Treatment of Offenders: Report by the Secretariat (Birleşen Milletler Guramasynyň neşiri, satlykda 1956. IV.4, Goşmaça 1.A)*

b) tussag astynda saklanylýan ýa-da tussag edilen adamlaryň fiziki ýa-da ruhy saglygyna erbet täsir edip biljek we degişli halkara resminamalaryna laýyk gelmeýän çemeleşmegiň ýa-da jezalandyrmagyň islendik görnüşine olary sezewar etmäge ygtyýar berýän tussag astynda saklanylýan ýa-da tussag edilen adamlaryň saglyk ýagdaýyny tassyklasalar ýa-da tassyklamaga gatnaşsalar, ýa-da islendik başga görnüşde degişli halkara resminamalaryna laýyk gelmeýän islendik şeýle çemeleşmegi ýa-da jezalandyrmagy ulanmakda islendik başga görnüşde gatnaşsalar.

**5-nji ýörelge**

Saglygy goraýyş işgärleriň, esasan-da lukmanlaryň tussag astynda saklanylýan ýa-da tussag edilen adama degişlilikde köşeşdiriji häsiýetli islendik işe gatnaşmaklygy, eger şeýle iş tussag astynda saklanylýan ýa-da tussag edilen adamyň, beýleki tussag astynda saklanylýan ýa-da tussag edilen adamlaryň ýa-da gorag işgärleriniň fiziki ýa-da ruhy saglygyny ýa-da howpsuzlygyny goramak üçin zerur diýlip aýratyn lukmançylyk ölçegleri bilen buýrulan bolmasa we onuň fiziki ýa-da ruhy saglygyna howp döretmeýän bolsa, lukmançylyk etikasynyň bozulmasy bolup durýar.

**6-njy ýörelge**

Adatdan daşary ýagdaýy goşanda, hiç hili esaslara görä ýokarda beýan edilen ýörelgelerden hiç hili çykmalar bolup bilmez.

# Hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlaryň özüni alyp barmak hakyndaky Kodeksi

*BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1979-njy ýylyň 17-nji dekabryndaky 34/169 Rezolýusiýasy bilen kabul edildi*

**1-nji madda**

Hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar olaryň hünäri bilen talap edilýän jogapkärçiligiň ýokary derejesine laýyklykda jemgyýete gulluk edip we bikanun hereketlerden ähli adamlary gorap, kanun bilen olaryň üstüne ýüklenen borçlary hemişe ýerine ýetirýärler.

<B> Düşündiriş*:

* Şu düşündirişler Kodeksi milli kanunçylygyň we tejribäniň çäklerinde ulanmaga ýardam bermek maksatlarynda maglumaty hödürleýär. Ondan başga-da, milli ýa-da sebitleýin düşündirişlerde şu Kodeksiň ulanylyşyna ýardam edäýjek dürli döwletleriň ýa-da sebitleýin hökümetara guramalaryň hukuk ulgamlarynyň ýa-da tejribesiniň özboluşly aýratynlyklary çykarylyp bilner.

a) "hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar" diýen adalga polisiýa ygtyýarlyklaryna, esasan-hem hukuk bozujylary tussag etmek ygtyýarlyklaryna eýe bolan, hukugy ulanmak bilen bagly bellenilýän ýa-da saýlanylýan ähli wezipeli adamlary öz içine alýar;

b) polisiýa ygtyýarlyklary formadaky ýa-da raýat geýimindäki harby häkimiýetleriň wekilleri ýa-da döwlet howpsuzlyk güýçleri tarapyndan amala äsyrylýan ýurtlarda "hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar" diýen düşünjäniň kesgitlemesi şeýle gulluklaryň işgärlerini öz içine alýar;

c) jemgyýete gulluk etmeklik, hususan-da hususy, ykdysady, durmuş ýa-da adatdan daşary beýleki sebäpler boýunça gyssagly kömege mätäç bolan jemgyýetiň agzalaryna hyzmat etmekligi we ýardam bermekligi öz içine alýandygyny göz öňünde tutulýar;

d) bu düzgün diňe bir ähli zorlukly, talaňçylykly ýa-da ertbet hereketleri gurşap alman, eýsem ol jenaýat kanunlaryna laýyklykda bellenilen gadagan etmeleriň ähli görnüşlerine ýaýraýandygyny göz öňünde tutulýar. Ol jenaýat jogapkärçiligini çekmäge ukypsyz adamlaryň özüni alyp barmaklygyna hem ýaýraýandyr.

**2-nji madda**

Öz borçlaryny ýerine ýetirende hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar ynsan mertebesine hormat goýarlar hem-de goraýarlar we ähli adamlara degişliligi boýunça adam hukuklaryny goldaýarlar hem-de goraýarlar.

<B> Düşündiriş:

a) görkezilen adam hukuklary milli we halkara hukugy bilen bellenilýär we goralýar. Degişli halkara resminamalaryna Adam hukuklary hakyndaky Ählumumy Jarnamasy, Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky Halkara Ylalaşygy, Gynamalardan we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän çemeleşmegiň we jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerinden ähli adamlary goramak hakyndaky Jarnamasy, Jyns kemsitmesiniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakyndaky Birleşen Milletler Guramasynyň Jarnamasy, Jyns kemsitmesiniň ähli görnüşlerini ýok etmek hakyndaky Halkara konwensiýasy, Aparteid jenaýatyny ýok etmek we onuň üçin jezalandyrmak hakyndaky Halkara konwensiýasy, Genosid jenaýatynyň öňüni almak we onuň üçin jezalandyrmak hakyndaky Halkara konwensiýasy, Tussag astynda saklanylýanlara çemeleşmegiň Minimal satndart düzgünleri we Konsullyk gatnaşyklar hakyndaky Wena konwensiýasy degişlidir;

b) bu düzgüne bolan milli düşündirişlerde bu hukuklary belleýän we goraýan sebitleýin ýa-da milli düzgünler görkezilmelidir.

**3-nji madda**

Hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar güýji diňe juda zerurlyk ýüze çykan halatynda we özleriniň borçlaryny ýerine ýetirmek üçin talap edilýän derejede ulanyp bilerler.

<B> Düşündiriş:

a) Bu düzgünde hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar tarapyndan güýç ulanmaklygy aýratyn häsiýete eýe bolmalydygy nygtalýar; emma ol hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar jenaýatyň öňüni almak maksatlarda ýa-da hukuk bozujylary ýa-da güman edilýän hukuk bozujylary kanuny tussag etmeklik geçirilende, ýa-da şeýle tussag etmeklikde ýardam berlende şeýle ýagdaýlarda göwnejaý zerur bolup durýan güýji ulanmaklyga ygtyýarlandyrylmagyny göz öňünde tutýar, şeýlelikde bu maksatlar üçin zerur bolan çäklerden artdyrylan güýç ulanylyp bilinmez;

b) milli kanunçylyk, adaty boýunça, hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar tarapyndan güýji ulanmaklygy deň agramlylyk ýörelgesine laýyklykda çäklendirýär. Muňa şeýle düşünmek gerek, bu düzgün düşündirilende bu milli deň agramlylyk ýörelgelerine hormat goýulmalydyr. Bu düzgün hiç bir halatda ýetilmeli kanuny maksada deň bolmadyk güýji ulanmaklyga ol ygtyýarlandyrýar diýip düşündirmeýär;

c) ot açýan ýaragy ulanmaklyk iň soňky çäre diýlip hasaplanylýar. Ot açýan ýaragy, esasan-da çagalara garşy ulanmaklyga ýol bermezlik üçin ähli tagallalary etmek gerek. Adaty boýunça, güman edilýän hukuk bozujy ýaragly garşylyk bildiren ýa-da başga usul bilen beýlekileriň janyna howp abandyrýan we pes derejeli aýratyn häsiýeti bolan beýleki çäreler güman edilýän hukuk bozujynyň öňüni almak ýa-da tussag etmek üçin ýeterlikli bolmadyk ýagdaýlary goşmanda, beýleki ýagdaýlarda ot açýan ýarag ulanylmaly däldir. Ot açýan ýaragyň ulanylan her ýagdaýy barada derrew ygtyýarly häkimiýetlere habar berilmelidir.

**4-nji madda**

Hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar bilen alynýan gizlin häsiýetli maglumatlar, eger borçlaryň ýerine ýetirilişi ýa-da adalatlylygyň talaplary başga ýagdaýy talap etmese, gizlinlikde saklanylýar.

<B> Düşündiriş:

Öz borçlarynyň häsiýeti boýunça hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar beýleki adamlaryň hususy durmuşyna (ýa-da şeýle adamlaryň bähbitlerine düýbünden zyýan ýetirip biljek) we esasan hem olaryň abraýyna degişli bolup biljek maglumaty alýarlar. Diňe borçlar ýerine ýetirilende ýa-da adalatlylyk maksatlarynda aýan edilip bilinjek şeýle maglumat saklanylanda we ulanylanda uly seresaplylyk bildirmek gerek. Şeýle maglumatyň beýleki maksatlarda islendik aýan edilişi doly bikanun bolup durýar.

**<u>5-nji madda</u>**

Hukuk düzgüni saklamak boýunça hiç bir wezipeli adam gynama ýa-da rehimsiz, adamkärçiliksiz we mertebesini kemsidýän çemeleşmegiň ýa-da jezalandyrmagyň beýleki görnüşleri bolup durýan islendik hereketi amala aşyryp, ony etmäge öjükdirip ýa-da oňa dözerlik edip bilmez, we hukuk düzgüni saklamak boýunça hiç bir wezipeli adam gynamalary ýa-da rehimsiz, adamkärçiliksiz we mertebesini kemsidýän çemeleşmegiň ýa-da jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerini kesgitlemek üçin ýokarda duran adamlaryň buýruklaryna ýa-da uruş ýagdaýy ýa-da uruş howpy, milli howpsuzlyga bolan howp, içerki syýasy durnuksyzlyk ýa-da islendik başga adatdan daşary ýagdaý ýaly aýratyn ýagdaýlara salgylanyp bilmez.

<B> Düşündiriş:

a) bu gadagan etmeklik Baş Assambleýa tarapyndan kabul edilen Gynamalardan we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän çemeleşmegiň we jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerinden ähli adamlary goramak hakyndaky Jarnamasyndan gelip çykýar, oňa laýyklykda:

«[şeýle hereket] adam mertebesine dil ýetirmek bolup durýar we Birleşern Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň maksatlarynyň bozulmasy we Adam hukuklary hakyndaky Ählumumy Jarnamasynda [we adam hukuklaryna degişli bolan beýleki halkara resminamalarynda] yglan edilen adam hukuklarynyň we esasy azatlyklarynyň bozulmasy hökmünde ýazgarylýar»;

b) Jarnama gynamany indiki mazmunda kesgitleýär:

«...gynama bu islendik hereketi aňladýar, onuň arkaly resmi adam tarapyndan ýa-da onuň öjükdirmesi boýunça adamdan ýa-da üçünji tarapdan maglumaty ýa-da boýun almalary almak, onuň eden ýa-da onuň etmeginde güman edilýän hereketleri üçin ony jezalandyrmak, ýa-da ony ýa-da beýleki adamlary gorkuzmak maksady bilen adama bilgeşleýin güýçli yza ýa-da fiziki ýa-da akyl jebiri ýetirilýär. Bu düşündirişe diňe kanuny azatlykdan mahrum edilişi üçin muňa mahsus bolan ýa-da onuň netijesinden gelip çykýan, Tussag astynda saklanylýanlara çemeleşmegiň Minimal standart düzgünleri bilen gabat gelip biläýjek derejedäki ýagdaýa görä ýüze çykýan yza ýa-da jebir goşulmaýar»;

c) «rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän çemeleşmegiň we jezalandyrmagyň beýleki görnüşleri» diýen aňlatma Baş Assambleýa tarapyndan kesgitlenilmändir, emma ony, mümkin boldugyça, fiziki, şeýle hem ruhy häsiýetli hyýanatlardan has giň gorag berler ýaly düşündirmek gerek.

**<u>6-njy madda</u>**

Hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar olar bilen tussag edilen adamlaryň saglygynyň doly goragyny üpjün edýärler, hususan-da zerurlyk ýüze çykanda lukmançylyk kömegini bermekligi üpjün etmek boýunça gyssagly çäreleri görýärler.

<B> Düşündiriş:

a) «lukmançylyk kömegi» diýen aňlatma degişli şahadatnamasy bolan tejribe lukmanlary we kömekçi lukmançylyk işgärleri goşanda, islendik lukmançylyk işgärleri tarapyndan edilýän hyzmatlary öz içine alýar; lukmançylyk kömegi zerurlyk ýüze çykan halatynda ýa-da haýyşa bolan jogap hökmünde edilýär;

b) lukmançylyk işgärleri adatça hukuk düzgüni saklamak boýunça işe berlendigine görä, hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar, haçanda bu işgärler tussag edilen adama degişli lukmançylyk kömegini hukuk düzgüni saklamak boýunça işine gatnaşmaýan lukmançylyk işgärleriň üsti bilen ýa-da olar bilen maslahatlaşyp bermekligi teklip eden halatynda, olaryň pikirini hasaba almalydyrlar;

c) hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar hukuk bozmalaryň ýa-da hukuk bozmalaryň dowamynda ýüze çykýan heläkçilikli wakanyň pidalaryna lukmançylyk kömegini etmekligi üpjün edýärler diýlip düşünilýär.

**<u>7-nji madda</u>**

Hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar korrupsiýanyň haýsydyr hereketlerini etmeýärler. Şeýle hem olar  islendik şeýle hereketlere garşy hemme tarapdan garşylyk bildirýarler we olar bilen göreşýärler.

<B> Düşündiriş:

a) islendik korrupsiýa hereketi, şeýle hem berlen ygtyýardan islendik başga bikanun peýdalanyşy hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamyň gulluk derejesi bilen sygyşmaýar. Korrupsiýa hereketini eden hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adama kanun doly derejede ulanmalydyr, sebäbi hökümetler, eger olar özleriniň wezipeli adamlarynyň we öz edaralarynyň çäklerinde kanunlylygy berjaý etmekligini üpjün edip bilmese ýa-da ony islemese, onda olar raýatlar tarapyndan hukuk düzgüni berjaý etjekligini garaşyp bilmezler;

b) korrupsiýa düşünjesi milli hukuga laýyklykda kesgitlenilmeli bolsa-da, ol borçlar ýerine ýetirilende ýa-da bu borçlaryň sebäbi boýunça talap edilýän ýa-da kabul edilen sowgatlaryň, wadalaryň ýa-da höweslendirmeleriň netijesinde haýsydyr hereketiň amala aşyrylyşyny ýa-da amala aşyrylmazlygyny ýa-da şeýle hereket ýa-da hereketsizlik bolan mahalynda olaryň her gezek bikanun alnandygyny gurşap alýar diýip düşünmek gerek.

c) ýokarda aýdylyp geçilen «korrupsiýa hereketi» diýen aňlatma korrumpirlemegiň synanşygyny gurşap alýan aňlatma hökmünde düşünmek gerek.

**<u>8-nji madda</u>**

Hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar kanuna we şu Kodekse hormat goýarlar. Özleriniň ähli mümkinçiliklerini ulanyp, hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar şeýle hem olaryň ähli bozulmalarynyň öňüni alýarlar we bozulmalara hemme tarapdan garşy çykýarlar.

Şu Kodeksiň bozulmasy bolan ýa-da bolup biljek diýen esaslary bar bolan hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar bolan ýagdaý barada ýokarda duran edaralara we, zerurlyk ýüze çykanda, beýleki degişli edaralara ýa-da gözegçilik ýa-da hukuk gözegçiligi boýunça ygtyýarlara eýe bolan edaralara habar berýärler.

<B> Düşündiriş:

a) şu Kodeks milli kanunçylyga ýa-da tejribä girizilenden soň ähli halatlarda berjaý edilýär. Eger kanunçylyk ýa-da tejribe şu Kodeksiň düzgünlerinden has berk düzgünleri göz öňünde tutýan bolsa, onda milli kanunçylygyň düzgünleri berjaý edilýär;

b) şu madda, bir tarapdan, jemgyýetçilik howpsuzlygy uly derejede bagly bolan edaradaky içerki tertip-düzgün zerurlygynyň, we, beýleki tarapdan, esasy adam hukuklarynyň bozulmalary bilen göreşmek zerurlygynyň arasyndaky deňagramlylygy saklamaga gönükdirilendir. Hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar bozulmalar barada edaralar boýunça habar berýärler we diňe haçanda ähli galan mümkinçilikler ýok ýa-da netijesiz bolan halatynda edaralaryň çäklerinden daşarda başga hukuk hereketleri edýärler. Hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar şu Kodeksiň bolan bozulmasy ýa-da bolup biljek mümkinçiligi barada habar berendigi üçin administratiw ýa-da jezalandyrmagyň beýleki çärelerine sezewar edilmeýär diýlip düşünilýär;

c) «degişli edaralar ýa-da gözegçilik ýa-da hukuk gözegçiligi boýunça ygtyýarlara eýe bolan edaralar» diýen düşünje düzgüni saklamak boýunça edaranyň, şeýle hem ondan garaşsyz bolan edaranyň çäklerinde derejesine laýyk, adaty ýa-da şu Kodeksiň hereket ediş çygryndaky bozulmalar bilen baglylykda ýüze çykýan şikaýatlara we nägileleiklere seretmek ýaly beýleki ygtyýarlar bilen milli hukugyň esasynda hereket edýän islendik edarany öz içine alýar;

d) birnäçe ýurtlarda köpçülikleýin habar beriş serişdelere, ýokarda C bölümde beýan edilenlere meňzeş şikaýatlara seretmek boýunça wezipeleri ýerine ýetirýän edaralar hökmünde seredilip bilner. Şonuň üçin, hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar iň soňky çäre hökmünde we öz ýurtlarynyň kanunlaryna hem-de däp dessurlaryna, şeýle hem şu Kodeksiň 4-nji maddasynyň düzgünlerine laýyklykda bu bozulmalara köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen jemgyýetçiliginiň ünsüni esasly çekip biler;

e) şu Kodeksiň düzgünlerini berjaý edýän hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar jemgyýet we olaryň gulluk edýän hukuk düzgüni saklamak boýunça edarasy, şeýle hem hukuk düzgüni saklamak bilen meşgullanýan adamlar tarapyndan hormat goýulmagyna, doly goldawa we hyzmatdaşlyga mynasypdyrlar.

# Ähli adamlary zorlukly ýitirim bolmalardan goramak hakynda jarnama

*Baş Assambleýanyň 1992-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky 47/133 rezolýusiýasy bilen kabul edildi*

*Baş Assambleýa,*

Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynda we beýleki halkara resminamalarda yglan edilen ýörelgelere laýyklykda, ynsan maşgalasynyň ähli agzalaryna mahsus bolan mertebäni, we olaryň deň hem-de aýrylmaz hukuklaryny ykrar etmeklik azatlygyň, adalatlylygyň we ähլumumy parahatçylygyň esasy bolup durýandygyny *nazara alyp,*

döwletleriň, Tertipnama, hususan-da, 55-nji maddasyna laýyklykda, öz üstune alan adam hukuklaryna we esasy azatlyklaryna ählumumy hormat goýmaklyga we berjaý etmeklige ýardam etmek borçnamasyny *göz öňünde tutup,*

köp ýurtlarda, käwagt üznüksiz häsiýete eýe bolýan, zorlukly ýitirim bolma ýagdaýlaryň ornunyň bardygy bilen, adamlar hökümetiň dürli halkalarynyň ýa-da derejeleriniň wezipeli adamlary, hökümetiň adyndan, onuň gös-göni ýa-da gytaklaýyn goldawynda, onuň ygtyýary ýa-da razylygy bilen, soňy bilen şeýle adamlaryň ykbaly ýa-da ýerleşýän ýeri barada habar bermekden ýa-da şeýle adamlary kanunyň goragyndan daşda goýup, olary azatlykdan mahrum edenligini ykrar etmekden boýun gaçyryp, hereket edýän guramaçylykly toparlar ýa-da hususy adamlar tarapyndan tussaga sezewar edilmegine, tussag astyna alynmagyna ýa-da öz erkinlerine garşy ogurlanmagyna ýa-da haýsydyr başga usul bilen azatlykdan mahrum bolmagyna many berip, çuňňur *ynjalyksyz bolup,*

zorlukly ýitirim bolmalar kanunylyga, adam hukuklaryna we esasy azatlyklaryna hormat goýmaklyga yhlasly islendik jemgyýetiň düýpli gymmatlyklaryny düşürýändigini, we şeýle hereketleriň yzygiderli edilmegi öz häsiýeti boýunça adamkärçilige garşy jenaýat bolup durýandygyny *nazara alyp,*

adamlaryň zorlukly ýa-da meýletinine garşy ýitirim bolmalara, we şeýle ýitirim bolmalar bilen ýetirilýän horluklara we gamgynlara degişli dünýäniň dürli künjeklerinden gelip gowuşýan habarlara ynjalyksyzlygyny bildiren, we hökümetleri kanun tertibi saklamak boýunça edaralar we howpsuzlyk edaralary adamlaryň zorlukly ýa-da meýletinine garşy ýitirim bolmalara getirip biljek häkimiýetden hyýanatçylykly peýdalanandyklary üçin hukuk jogapkärçiligine çekilmegini üpjün etmäge çagyran, özüniň 1978-nji ýylyň 20-nji dekabryndaky 33/173 rezolýusiýasyna *salgylanyp,*

1949-njy ýylyň 12-nji awgustyndaky Ženewa konwensiýalaryna we olaryň 1977-nji ýyldaky Goşmaça protokollaryna laýyklykda ýaragly çaknyşyklaryň pidalaryna edilýän gorag hakynda *ýatladyp,*

ýaşamaga bolan hukugy, şahsyýetiň azatlyga we howpsuzlyga bolan hukugy, gynamalara sezewar edilmesizlik hukugy we şahsyýetiň hukuklylygyny ykrar etmeklige bolan hukugy

goraýan, hususan-da, Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň hem-de Raýat we syýasy hukuklary hakyndaky halkara ylalaşygynyň degişli maddalaryny *göz öňünde tutup,*

şeýle hem, gatnaşyjy döwletler gynamalaryň öňüni almak we olary ulanmaklyk üçin jezalandyrmak boýunça netijeli çäreleri kabul etjekdigini göz öňünde tutýan Gynamalara we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýşyň hem-de jezalandyrmagyň beýleki görnüşlere garşy Konwensiýany *göz öňünde tutup,*

Kanun tertibini saklamak boýunça wezipeli adamlaryň özüni alyp barşynyň Kodeksini, Kanun tertibini saklamak boýunça wezipeli adamlaryň güýji we ot açýan ýaragy ulanmagyň Esasy ýörelgelerini, Jenaýatlaryň we häkimiýetden hyýanatçylykly peýdalanmagyň pidalary üçin adalatlylygyň esasy ýörelgeleriň Jarnamasyny we tussag astynda saklanylýanlara çemeleşmegiň Minimal standart düzgünlerini *nazara alyp,*

zorlukly ýitirim bolmalaryň öňüni almak maksatlarynda onuň 1988-nji ýylyň 9-njy dekabryndaky 43/173 rezolýusiýasynyň goşmaçasynda bar bolan Haýsydyr görnüşde tussag astyna almaklyga ýa-da tussag astynda saklamaklyga sezewar edilýän ähli adamlary goramagyň Ýörelgeler Ýygyndysyny, we onuň 1989-njy ýylyň 24-nji maýyndaky 1989/65 rezolýusiýasynyň goşmaçasynda Ykdysady we Sosial Geňeşi bilen beýan edilen we Baş Assambleýa tarapyndan özüniň 1989-njy ýylyň 15-nji dekabryndaky 44/162 rezolýusiýasy bilen makullanan Bikanun özbaşdak we umumy ölüm jezalaryň netijeli öňüni almagyň we olary derňemegiň Ýörelgelerini pugta berjaý etmekligiň zerurlygyny *mälim edip,*

zorlukly ýitirim bolmalardan ybarat bolan hereketler ýokarda agzalan halkara resminamalarynda bar bolan gadagan etmeleriň bozulmasy bolup çykyş etse-de, şonda-da islendik zorlukly ýitirim bolmalaryň hereketleri has agyr kanun bozmalar hökmünde kesgitleýän we olary edenligi üçin jezalandyrmagy üpjün etmeklige, şeýle hem olaryň öňuni almaklyga gönükdirilen kadalary belleýän resminamany işläp taýýarlamagyň möhümdigini *nazara alyp,*

1) ähli döwletler üçin ýörelgeler ýygyndysy hökmünde zorlukly ýitirim bolmalardan ähli adamlary goramak hakynda şu Jarnamany *yglan edýär;*

2) Jarnama hemmelere mälim we hemmeler tarapyndan ykrar edilen häsiýete eýe bolmaklygy üçin ähli tagallalary etmeklige *tutanýerlilik bilen çagyrýar.*

**1-nji madda**

1. Zorlukly ýitirim bolmanyň islendik hadysasy adam mertebesiniň kemsidilmesi bolup durýar. Ol Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň maksatlaryny inkär etme hökmünde we Adam hukuklarynyň Ählumumy jarnamasynda yglan edilen hem-de tassyklanylan we bu babatyndaky halkara resminamalarynda ösdürilen adam hukuklarynyň we esasy azatlyklarynyň düýpli hem-de elhenç bozulmasy hökmünde ýazgarylýar.

2. Zorlukly ýitirim bolmanyň islendik hadysasy şeýle herekete sezewar edilen adamlary kanunyň goragyndan daşda goýar, şeýle hem olara we olaryň maşgalalaryna agyr jebir çekdirýär. Ol, hususan-da, şahsyýetiň hukuklylygyny ykrar etmek hukugyny, şahsyýetiň azatlyga we howpsuzlyga bolan hukugyny we gynamalara we rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýşyň hem-de jezalandyrmagyň beýleki görnüşlerine sezewar edilmesizligine bolan hukugyny kepillendirýän halkara hukugyň kadalarynyň bozulmasy bolup durýar. Şeýle hem ol ýaşaýyşa bolan hukugyň bozulmasy bolup durýar we bu hukuga düýpli howp abandyrýar.

**2-nji madda**

1. Hiç bir döwlet zorlukly ýitirim bolmalary tejribe etmeli däldir, olara rugsat ýa-da ýol bermeli däldir.

2. Döwletler milli we sebitleýin derejelerde we Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlykda ähli serişdeler bilen zorlukly ýitirim bolmalar tejribesiniň öňüni almaga we düýbünden ýok etmäge ýardam etmek üçin hereket edýärler.

**3-nji madda**

Her döwlet onuň garamagynda ýerleşýän islendik caked zorlukly ýitirim bolma hadysalaryň öňüni almak we düýbünden ýok etmek üçin netijeli kanunçylyk, edara ediş, kazyýet we beýleki çäreleri görýär.

**4-nji madda**

1. Zorlukly ýitirim bolmalaryň dürli hadysalary, onuň has agyr häsiýetini hasaba alyp degişli jeza çärelerini göz öňünde tutýan, jenaýat hukugy boýunça jenaýat bolup durýarlar.

2. Milli kanunçylyk zorlukly ýitirim bolma hadysalaryny etmekde gatnaşyp, pidalaryň diri gaýdyp gelmegine ýardam berýän ýa-da zorlukly ýitirim bolma ýagdaýlaryny anyklamaga ýardam berýän maglumatlary meýletin habar berýän adamlara degişlilikde ýeňilleşdirýän ýagdaýlary göz öňünde tutup biler.

**5-nji madda**

Ulanylýan jenaýat sanksiýalardan başga, zorlukly ýitirim bolmalar olary etmekde aýyplanýan adamlary raýat jogapkärçiligine, halkara hukugyň ýörelgelerine laýyklykda bu döwletiň halkara jogapkärçiligine zyýan ýetirmesiz, şeýle ýitirim bolmalary gurnan, olara razylyk beren ýa-da olara ýol beren döwleti ýa-da döwlet edaralaryny raýat jogapkärçiligine çekýär.

**6-njy madda**

1. Haýsydyr döwlet, raýat, harby ýa-da başga edaranyň hiç bir buýrugy ýa-da görkezmesi zorlukly ýitirim bolmasyna delil bolup bilmez. Şeýle buýrugy ýa-da görkezmäni alýan islendik adam oňa boýun egmezlige haklydyr we borçludyr.

2. Her döwlet zorlukly ýitirim bolmany hokum edýän, ygtyýarlandyrýan ýa-da höweslendirýän buýruklar ýa-da görkezmeler gadagan edilmegini üpjün edýär.

3. Hukuk goraýjy edaralaryň işgärleriniň hünär taýýarlygynda şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölümleriniň düzgünlerine ýeterlik üns bermeklik gerek.

**7-nji madda**

Nähili hem bolsa, hiç hili ýagdaýlar, ýagny uruş howpy, uruş ýagdaýy, içerki syýasy durnuksyzlyk ýa-da islendik başga adatdan daşary ýagdaý bolsa-da, zorlukly ýitirim bolmalara delil bolup bilmezler.

**8-nji madda**

1. Eger adama zorlukly ýitirim bolmanyň pidasy bolmaklyk howpy abanýandygy barada düýpli esaslar bar bolsa, hiç bir döwlet haýsydyr bir adamy başga döwlete çykaryp, gaýtaryp ýa-da bermeli däldir.

2. Şeýle esaslaryň bardygyny anyklamak maksatlarynda ygtyýarly edaralar, degişli ýagdaýlarda bu döwletde adam hukuklarynyň gödek, elhenç we köpçülikleýin bozulmalarynyň hemişelik tejribesiniň bardygyny goşanda, işe degişli bolan ähli ýagdaýlary göz öňünde tutýarlar.

**9-njy madda**

1. Ýokarda, 7-nji maddada agzalan ýagdaýlary goşanda, islendik ýagdaýlarda zorlukly ýitirim bolmalaryň öňüni almak maksatlarynda, azatlykdan mahrum edilen adamlaryň ýerleýän ýerini ýa-da saglyk ýagdaýyny anyklamak, we/ýa-da azatlykdan mahrum etmek baradaky buýrugy beren ýa-da şeýle hereketi eden edarany kesgitlemek serişdesi hökmünde, kazyýet goragynyň tiz we netijeli serişdesini ulanmak hukugynyň barlygy zerurdyr.

2. Şeýle garamaklygyň dowamynda milli ygtyýarly edaralar azatlykdan mahrum edilen adamlaryň saklanylýan ähli ýerlerine, we bu ýerleriň islendik bölegine, şeýle hem şeýle adamlaryň saklanylyp bilner diýen esaslary bar bolan islendik ýerine baryp görmäge ygtyýarlary bardyr.

3. Şeýle ýerlere baryp görmäge bolan ygtyýar, şu döwletiň kanuny boýunça şoňa bolan hukugy bar bolan ýa-da bu döwlet gatnaşyjysy bolup durýan haýsydyr halkara-hukuk resminamasynyň esasynda, islendik başga ygtyýarly edarada hem bolup biler.

**10-njy madda**

1. Azatlykdan mahrum edilen islendik adam tussag astyna alnanlar üçin resmi taýdan ykrar edilen ýerlerde saklanylýar we milli kanunçylyga laýyklykda tussag astyna alnandan soň ýakyn wagtda kazyýet edarasynyň öňünde durýar.

2. Eger tussag astynda saklanylýan adamlar başgaça diýmese, onda şeýle adamlaryň tussag astyna alnandygy we olaryň tussag astynda saklanylýan ýeri ýa-da ýerleri baradaky, geçirilen ýerini goşanda, takyk maglumat olaryň maşgala agzalaryna, olaryň aklawçylaryna ýa-da bu maglumata kanuny gyzyklanma bildirýän islendik başga adama derrew ýetirilýär.

3. Tussag astynda saklanylýan her ýerde azatlykdan mahrum edilen ähli adamlaryň wagtly-wagtynda täzelenýän resmi sanawy bardyr. Ondan başga-da, her döwlet meňzeş merkezleşdirilen sanawlary düzmek boýunça çäreleri görýär. Bu sanawlarda bar bolan maglumat, tussag astyna alnan adamyň ýerleşýän ýerini anyklmaga çalyşýan, mundan öňdäki bölümde agzalan adamlara, islendik kazyýet ýa-da başga ygtyýarly we garaşsyz milli edarasyna, şeýle hem bu döwletiň kanuny boýunça hukugy bar bolan ýa-da degişli döwlet gatnaşyjysy bolup durýan haýsydyr halkara-hukuk resminamasynyň esasynda islendik başga ygtyýarly edarasyna berilýär.

**11-nji madda**

Azatlykdan mahrum edilen islendik adam onuň hakykatdan hem boşadylandygyna göz ýetirip bolar ýaly şeýle usul bilen boşadylmalydyr we, ondan başga-da, ol onuň fiziki taýdan eldegrilmesizligini we öz hukuklaryny doly derejede amala aşyrmak ukybyny kepillendirýän şertlerde boşadylan bolmalydyr.

**12-nji madda**

1. Her döwlet azatlykdan mahrum etmek baradaky buýruklary bermäge ygtyýarlandyrylan wezipeli adamlary kesgitleýän, şeýle buýruklar berilýän şertleri öňünden belleýän, we kanuny esaslary bolman ol ýa-da başga adamyň tussag astyna alnandygy baradaky maglumaty

bermekden boýun gaçyrýan wezipeli adamlara degişlilikde jezalary göz öňünde tutýan kadalary öz milli kanunçylygynda göz öňünde tuytýar.

2. Şeýle hem her döwlet, hususan-da, tussag astyna almaklyk, tussag etmeklik, azatlykdan mahrum etmeklik, tussag astynda saklamaklyk, beýleki ýerlere geçirmeklik we türmede saklamaklyk üçin jogapkär hukuk goraýjy edralaryň ähli wezipeli adamlaryna degişlilikde, şeýle hem güýji we ot açýan ýaragy ulanmaklyk  kanun boýunça rugsat berilýän ähli başga wezipelei adamlara degişlilikde tabynlygyny takyk kesgitlemekligi goşanda, pugta gözegçiligi üpjün edýär.

**13-nji madda**

1. Her döwlet haýsydyr bir adamyň zorlukly ýitirim bolanlygy baradaky maglumaty bar bolan ýa-da kanuny gyzyklanmasy bar bolan we mälim edýän islendik adamyň gijikdirmän we tarapgösizlik bilen jikme-jik derňewi geçirýän ygtyýarly we garaşsyz döwlet edarasyna şikaýat etmäge hukugynyň bolmagyny üpjün edýär. Her gezek, haçanda haýsydyr bir adamyň zorlukly ýitirim bolmasy bolan diýip pikir etmäge göwnejaý esaslary bar bolsa, döwlet, eger resmi şikaýat ýok bolsa-da, şeýle derňewi geçirmek üçin bu işi görkezilen edara gijikdirmän geçirýär. Şeýle derňewi çäklendirmek ýa-da kynlaşdyrmak boýunça hiç hili çäreler görülmeli däldir.

2. Her döwlet şeýle edaranyň derňewi netijeli geçirmek üçin, şaýatlary çagyrmak bilen we degişli materiallary taýýarlamak bilen, şeýle hem ýerlere derrew barmak bilen bagly ygtyýarlyklary goşanda, zerur ygtyýarlyklara we gorlara eýe bolmagyny üpjün edýär.

3. Talapçyny, aklawçyny, şaýatlary we derňewi geçirýän adamlary goşanda, derňewiň ähli gatnaşyjylaryny erbet çemeleşmegiň, gorkuzmagyň ýa-da ar almagyň islendik görnüşlerinden goragy üpjün etmek üçin çäreler görülýär.

4. Şeýle derňewiň netijeleri, eger şeýle ýagdaý jenaýat derňewini alyp barýana zyýan ýetirmese, ähli gyzyklanma bildiren adamalara olaryň ýüz tutmasy boýunça berilýär.

5. Erbet çemeleşmäniň, gorkuzmanyň ýa-da ar almanyň islendik ýagdaýlaryny, şeýle hem şikaýat etmek bilen baglylykda ýa-da derňewiň dowamynda gatyşmaklygyň islendik görnüşlerini degişli usul bilen jezalandyrmagy üpjün etmek üçin çäreler görülýär.

6. Ýokarda görkezilen şertlere laýyklykda derňewi geçirmeklik mümkinçiligi, tä zorlukly ýitirim bolan pidanyň ykbaly anyklanýança, üpjün edilmelidir.

**14-nji madda**

Islendik adam haýsydyr takyk döwletde zorlukly ýitirim bolmasyny aňladýan hereketi pikirler boýunça eden bolsa, we haçanda şeýle ýagdaý resmi derňewiň netijesinde açylan faktlar bilen subut edilýän bolsa, onda ol, eger degişli hereket edýän halkara ylalaşyklara laýyklykda öz tabynlygyny amala aşyrmaklyga isleg bildiren haýsydyr başga döwlete berilmedik bolsa, bu döwletiň ygtyýarly raýat edaralaryna jogapkärçilige we kazyýete çekmeklik üçin berilmelidir. Ähli döwletler bu döwletleriň tabynlygy we gözegçiligi astyna düşýän zorlukly ýitirim etme hereketini edenligi üçin takmynan jogapkär bolan ähli adamlary kazyýete çekmeklik üçin öz ygtyýarynda bar bolan islendik kanuny we gerekli çäreleri kabul etmelidirler.

**15-nji madda**

Haýsydyr bir adamyň aýartyn agyr häsiýetli, mysal üçin, 4-nji maddanyň 1-nji bölüminde agzalan hereketleri etmekde gatnaşan diýip pikir etmäge düýpli esaslaryň bardygynyň fakty

gaçybatalga bermek ýa-da bermezlik baradaky karary ygtyýarly döwlet edaralary tarapyndan kabul etmekde göz öňünde tutulmalydyr.

**16-njy madda**

1. Ýokardaky, 4-nji maddanyň 1-nji bölüminde görkezilen hereketleriň haýsydyr birini takmynan eden adamlar, ýokarda, 13-nji maddada göz öňünde tutulan derňewiň geçiriliş döwrüne islendik gulluk borçlaryndan boşadylýarlar.

2. Olaryň işleri haýsydyr başga ýörite tribunallarda, hususan-da, harby tribunallarda dälde, eýsem her döwletiň diňe ygtyýarly adaty kazyýetlerinde seredilýär.

3. Diplomatik gatnaşyklar hakyndaky Wena konwensiýasynda bar bolan düzgünler üçin zyýan ýetirmesiz, şeýle seljermeleriň dowamynda haýsydyr artykmaçlyklaryň, dahylsyzlyklaryň ýa-da aýratyn ýeňillikleriň ulanylmagyna ýol berilmeýär.

4. Şeýle etmişleri edenligi üçin takmynan jogapkär adamlara derňewiň, şeýle hem mümkin bolan yzarlamanyň we iş kesilmäniň ähli tapgyrlarynda Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasynyň we beýleki hereket edýän halkara ylalaşyklaryň degişli düzgünlerine laýyklykda adalatly çemeleşme kepillendirilýär.

**17-nji madda**

Zorlukly ýitirim bolmanyň islendik hadysasyna, tä ony eden adamlar zorlukly ýitirim bolanyň ykbaly barada maglumatlary gizleýänçä, dowam edýän jenaýat hökmünde garalýar.

# Hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar tarapyndan güýji we ot açýan ýaragy ulanmagyň esasy ýörelgeleri

*Jenaýatçylygyň öňüni almak we düzgün bozujylara çemeleşmek boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň sekizinji Kongressi bilen kabul edildi, Gawana, Kuba, 1990-njy ýylyň 27-nji awgusty – 7-nji sentýabry*

Hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlaryň işi* uly sosial ähmiýete eýedigini we şonuň üçin ony degişli derejede saklamagyň zerurdygyny we, zerurlyk ýüze çykanda, bu wezipeli adamlaryň zähmet şertlerini we ýagdaýyny gowulandyrmalydygyny *nazara alyp,*

hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlaryň janyna we howpsuzlygyna howp abananda umumylykda jemgyýetiň durnuklylygyna howp abanan ýaly seredilmedigini *nazara alyp,*

hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlaryň, Adam hukuklary hakyndaky ählumumy jarnamasynda kepillendirilişi we Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara ylalaşykda tassyklanylyşy ýaly, ynsanyň durmuşa, azatlyga we howpsuzlyga bolan hukuklaryny goramakda aýratyn möhüm ornunyň bolandygyny *göz öňünde tutup,*

Tussag astynda saklanylýanlara çemeleşmegiň standart minimal düzgünlerinde türmeleriň işgärleri öz borçlaryny ýerine ýetirende güýç ulanyp biläýjek ýagdaýlary göz öňünde tutulýandygyny *nazara alyp,*

Hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlaryň özüni alyp barmak hakyndaky Kodeksiniň 3-nji maddasynda hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar güýji diňe juda zerurlyk ýüze çykan halatynda we özleriniň borçlaryny ýerine ýetirmek üçin talap edilýän derejede ulanylyp bilinjekdigi barada aýdylýandygyny *nazara alyp,*

Jenaýatçylygyň öňüni almak we düzgün bozujylara çemeleşmek boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň ýedinji Kongressine Italiýanyň Warren şäherinde bolup geçen taýýarlyk mejlisinde hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar tarapyndan güýji we ot açýan ýaragy ulanmaklygy çäklendirmek boýunça geljekki işiň dowamynda serediljek elementler barada ylalaşylandygyny *göz öňünde tutup,*

ýedinji Kongress özüniň 14-nji rezolýusiýasynda, hususan-da hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar tarapyndan güýjiň we ot açýan ýaragyň ulanylyşy diňe adam hukuklaryna degişli hormat goýulmakda amala aşyrylmaly diýip aýartyn belläp geçýändigini *nazara alyp,*

Ykdysady we Sosial Geňeşi özüniň 1986-njy ýylyň 21-nji maýyndaky 1986/10 rezolýusiýasynyň IX bölüminde agza döwletlerine Kodeksi amala aşyranda hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar tarapyndan güýji we ot açýan ýaragy ulanmagyň meselelerine aýratyn üns bermeli diýip teklip edýändigini, we Baş Assambleýa özüniň 1986-njy ýylyň 4-nji dekabryndaky 41/149 rezolýusiýasynda, hususan-da Geňeşiň bu teklibini makullaýandygyny *nazara alyp,*

hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlaryň hususy howpsuzlygyna degişli üns berip, olaryň adalatlylygy, adamyň durmuşa, azatlyga we howpsuzlyga bolan hukuklaryny goramaklygy amala aşyrmak bilen, olaryň döwlet howpsuzlygyny we jemgyýetçilik tertip-düzgüni üpjün etmek boýunça wezipeleri we olaryň hünärliliginiň, taýýarlygynyň we özüni alyp barşynyň ähmiýeti bilen baglylykda olaryň ornuna seretmeklik maksada laýyk boljakdygyny *nazara alyp,*

hökümetlere hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlaryň degişli ornuny ýerine ýetirmekligi üpjün etmek we oňa ýardam bermek boýunça agza döwletleriň wezipesini amala aşyrmakda olara ýardam bermek maksady bilen işlenip taýýarlanan we aşakda beýan edilen Esasy ýörelgeleri dykgatyna almak we özüniň milli kanunçylygynyň we tejribesiniň çäklerinde berjaý etmek gerek we bu ýörelgeleri hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlaryň, şeýle hem kazylar, prokuratura işgärleri, hukukçylar, ýerine ýetiriji häkimiýetiň we kanun çykaryjy häkimiýetiň işgärleri ýaly beýleki adamlaryň we umumylykda ilatyň dykgatyna ýetirmek gerek.

**Umumy düzgünler**

1. Hökümetler we hukuk goraýjy edaralar hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlaryň adamlara garşy güýji we ot açýan ýaragy ulanmak hakynda kadalary we kadalaşdyryjy düzgünleri Kabul edýärler we amala aşyrýarlar. Şeýle kadalar we düzgünler işlenip taýýarlanylanda, hökümetler we hukuk goraýjy edaralar güýji we ot açýan ýaragy ulanmak bilen bagly etiki meseleleri hemişe göz öňünde tutýarlar.

2. Hökümetler we hukuk goraýjy edaralar serişdeleriň boldugyça has giň gorhanasyny işläp taýýarlaýarlar we güýji we ot açýan ýaragy differensirläp ulanmak üçin mümkinçilik berýän ýaragyň we ok-däriniň dürli görnüşleri bilen hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlary üpjün edýärler. Olaryň sanyna öldürmäge ýa-da ýaralamaga ukyply serişdeleriň ulanylyş çägini has azaltmak maksatlarynda ölüme getirmeýän, emma degişli ýagdaýlarda ulanylýan güýçden düşürýän ýaragyň görnüşlerini işläp taýýarlamak girýändir. Şol maksatlarda şeýle hem hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlary galkanlar, kaskalar, ýaragyň dürli görnüşini ulanmagyň zerurlygyny peseltmek üçin ok geçmeýän ulag serişdeleri ýaly öz-özüni goramak üçin esbaplar bilen enjamlaşdyrmak mümkinçiliginiň bolmagy zerurdyr.

3. Keseki adamlara zyýan ýetmek töwekgelçiligini iň pes derejä ýetirmek üçin ölüme getirmeýän, emma güýçden düşürýän ýaragyň görnüşlerini işläp taýýarlamak we ulanmak hakyndaky meselä dykgat bilen seretmek, we şeýle ýaragyň ulanylyşyna degişlilikde pugta gözegçiligi amala aşyrmak gerek.

4. Hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar öz wezipelerini amala aşyranda güýji ýa-da ot açýan ýaragy mejbury ulanmazdan öň mümkin bolan derejede zorluksyz serişdeleri ulanýarlar. Olar güýji we ot açýan ýaragy diňe beýleki serişdeler netijesiz bolan ýa-da bellenilen netijä ýetmek üçin hiç hili umyt bermeýän halatlarda ulanyp bilerler.

5. Ähli ýagdaýlarda, haçanda güýji ýa-da ot açýan ýaragy ulanmak gutulgysyz bolanda, hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar:

a) güýji şeýle ulanmakda sabyrlylyk görkezmeli we kanun bozmanyň howplulygyna we ýetilmeli kanuny maksada görä hereket etmeli;

b) zyýan ýetirmegiň we ýaralamak mümkinçiligini iň pes derejä ýetirmeli we adam janyny goramaly;

c) iň gysga möhletleriň içinde islendik ýaralananlara ýa-da heläk bolan adamlara lukmançylyk we başga kömegiň berilmegini üpjün etmeli;

d) ýaralananlaryň ýa-da heläk bolan adamlaryň garyndaşlary ýa-da ýakyn dostlary boldugyça iň gysga möhletiň içinde habarly bolmagyny üpjün etmeli.

6. Eger hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar tarapyndan güýji ýa-da ot açýan ýaragy ulanmagynyň netijesinde ýaralanma ýa-da ölüme getirse, onda olar derrew 22-nji ýörelgä laýyklykda ýokarda duran ýolbaşçylara habar berýärler.

7. Hökümetler hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlaryň güýji ýa-da ot açýan ýaragy esassyz ýa-da betniýetlilik bilen ulanylyşyny jenaýat ýaly olaryň kanunyna laýyklykda jezalandyrylmagyny üpjün edýärler.

8. Içerki syýasy durnuksyzlyk ýa-da islendik beýleki adatdan daşary jemgyýetçilik wakalary ýaly adatdan daşary ýagdaýlar şu Esasy ýörelgelerden islendik gyşarma üçin subutnama bolup hyzmat edip bilmez.

## Ýörite düzgünler

9. Hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar, öz-özüni goramak ýa-da beýleki adamlary gutulgysyz ölüm howpundan ýa-da agyr ýaralanmadan goramak, ýa-da ýaşaýyş üçin düýpli howpy abandyrýan aýratyn agyr jenaýatyň edilmeginiň öňüni almak maksatly, olaryň häkimiýetine garşy bolýan we şeýle howp hökmünde çykyş edýän adamy tussag etmek maksatly, ýa-da onuň gaçmagynyň öňüni almak maksatly ýagdaýlardan başga we bu maksatlara ýetmek üçin diňe juda berk bolmadyk çäreler ýetmedik halatlardan başga ýagdaýlarda, adamlara garşy ot açýan ýaragy ulanmaýarlar. Islendik halatda ölüme getiren güýjüň bilkastlaýyn ulanylşyň orny diňe haçanda ol jany goramak üçin düýbünden gutulgysyz bolan halatynda bolup biler.

10. 9-njy ýörelgede göz öňünde tutulan ýagdaýlarda hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar şeýle adamlar hökmünde çykyş edýändigi barada habarly edýärler we ot açýan ýaragy ulanjak niýeti baradaky anyk duýduryşy berýärler we bu hereketler wezipeli adamlar üçin gereksiz howpy döredýän ýa-da başga adamlara ölüm howpuny ýa-da düýpli zyýanyň ýetirilmegini döredýän, ýa-da olar wakanyň dörän ýagdaýlarynda ýerliksiz ýa-da gereksiz bolan halatlardan başga ýagdaýlarda bu duýduryşa bolan gaýtargy täsiri üçin ýeterlik wagt berýärler.

11. Hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar tarapyndan ot açýan ýaragy ulanmak hakyndaky kadalar we düzgünler baş ýörelgeleri öz içine alýarlar we bu ýörelgeler:

a) hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlaryň ot açýan ýaragy götermeli ýagdaýlaryny kesgitleýärler we ot açýan ýaragyň hem-de ok-däriniň rugsat berilen görnüşlerini öňünden belleýärler;

b) ot açýan ýarag diňe degerli ýagdaýlarda we hetdenaşa zyýan ýetiriş howpuny azaldyp boljak ýagdaýda ulanmagyny üpjün edýärler;

c) adatdan daşary agyr ýaralanmalary ýetirýän ýa-da esassyz töwekgelçiligiň çeşmesi bolup hyzmat edýän ot açýan ýaraglaryň we ok-därileriň görnüşleriniň ulanylmagyny gadagan edýärler;

d) hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlaryň olara berlen ot açýan ýarag we okdäriler üçin hasabatlylygy üpjün edýän tertipleri goşanda, ok atçýan ýaragyň gözegçiligini, saklanyşyny we berlişini kadalaşdyrýarlar;

e) degişli ýagdaýlarda ot açýan ýaragdan ok atmazdan öň berilýän duýduryşlary kesgitleýärler;

f) hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar öz gulluk borçlaryny ýerine ýetirende ot açýan ýaragy ulanýan ähli ýagdaýlarynda hasabatlylyk ulgamyny göz öňünde tutýarlar.

**Bikanun ýygnaklar ýygnalan ýagdaýlarda tertibi saklamak**

12. Adam hukuklary hakyndaky Ählumumy jarnamasynda we Raýat we syýasy hukuklar hakyndaky halkara ylalaşygynda beýan edilen ýörelgelere laýyklykda, her adamyň kanuny we parahat ýygnaklara gatnaşyp bilýändigine görä, hökümetler hem-de edaralar we hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar güýji we ot açýan ýaragy diňe 13-nji we 14-nji ýörelgelere laýyklykda ulanyp boljakdygyny boýun alýarlar.

13. Zorluksyz häsiýetli bikanun ýygnaklar dargadylanda, hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar güýji ulanmakdan gaça durýarlar ýa-da, eger bu mümkin bolsa, şeýle ulanylyşy zerur bolan pes derejä çenli çäklendirýärler.

14. Zorlukly häsiýetli ýygnaklar dargadylanda, hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar ot açýan ýaragy diňe howplylygy pes serişdeleri ulanyp bolmajak ýagdaýlarda, we diňe onuň zerurlygy iň pes derejä ýetirilen derejede ulanyp bilerler. Hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar, 9-njy ýörelgede öňünden bellenilen şertleri goşmanda, şeýle ýagdaýlarda ot açýan ýaragy ulanmaýarlar.

**Tussag edilen ýa-da tussaglykda saklanylýan adamlara gözegçilik etmek**

15. Hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar tussag edilen ýa-da tussaglykda saklanylýan adamlar bilen öz gatnaşyklarynda, düzediş edarasynda howpsuzlygy we tertibi saklamak üçin pugta zerur bolan ýagdaýlary ýa-da hususy howpsuzlyk üçin howp abanan ýagdaýlary goşmanda, güýç ulanmaýarlar.

16. Hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar tussag edilen ýa-da tussaglykda saklanylýan adamlar bilen öz gatnaşyklarynda, öz-özüni goramak ýa-da beýleki adamlary gös-göni ölüm ýa-da agyr ýaralanma howpundan goramak, ýa-da tussag edilen ýa-da tussaglykda saklanylýan we 9-njy ýörelgede aýdylyp geçilen howpy döredýän adamyň gaçmagynyň öňüni almak ýaly ýagdaýlary goşmanda, ot açýan ýaragy ulanmaýarlar.

17. Ýokarda beýan edilen ýörelgeler Tussag astynda saklanylýanlara çemeleşmegiň standart minimal düzgünlerinde, esasan-da 33-nji, 34-nji we 54-nji düzgünlerde, beýan edilen türme işgärleriniň hukuklary, wezipeleri we borçlary üçin zyýan ýetirmesiz ulanylýar.

**Hünär almaklyk, taýýarlyk we maslahat bermeklik**

18. Hökümetler we hukuk goraýjy edaralar hukuk düzgüni saklamak boýunça ähli wezipeli adamlaryň seçip alnyşynyň degişli tertibi arkaly saýlanyp alynmagyny, öz wezipelerini netijeli ýerine ýetirmek üçin degişli ahlak, ruhy we fiziki häsiýetlere eýe bolmaklygyny we üznüksiz hem-de dykgat bilen hünär taýýarlygyny geçmekligini üpjün edýärler. Wagtal-wagtal olaryň şeýle wezipeleri ýerine ýetirmek üçin ýaramlylygynyň barlagyny amala aşyrmak zerurdyr.

19. Hökümetler we hukuk goraýjy edaralar hukuk düzgüni saklamak boýunça ähli wezipeli adamlaryň taýýarlyk geçmekligini we güýç ulanmak şertlerinde hereketlere bolan degişli ýörite taýýarlyga laýyklykda barlanmagyny üpjün edýärler. Ýany bilen ot açýan ýaragy göterýän hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar diňe ony ulanmagyň ýörite okuw kursuny tamamlandan soň degişli rugsatnamalar alýarlar.

20. Hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlaryň taýýarlygynda hökümetler we hukuk goraýjy edaralar, esasan-da derňewler geçirilen döwründe polisiýa etikasynyň we adam hukuklarynyň meselelerine, çaknyşygyň parahat kadalaşdyrylyşyny goşanda, güýç we ot açýan ýarag ulanylyşynyň alternatiwalaryna, adamlaryň uly toparlarynyň özüni alyp barşyna düşünmek meselelerine we ynandyrmak usulýetlerine, gepleşikler geçirmek we dellalçylyk etmek meselelerine, şeýle hem güýjüň ýa-da ot açýan ýaragyň ulanylyşyny çäklendirmek maksady bilen tehniki serişdeler meselelerine aýratyn üns berýärler. Hukuk goraýjy edaralaryna takyk wakalaryň yşgynda öz okuw maksatnamalaryny we operatiw tertiplerini gaýtadan seretmek gerek.

21. Hökümetler we hukuk goraýjy edaralar güýç ýa-da ot açýan ýarag ulanylýan ýagdaýa düşen hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlaryň stress ýagdaýyna görä maslahat bermeklige aýratyn üns berýärler.

**Raportlary bermek we olara garamak tertipleri**

22. Hökümetler we hukuk goraýjy edaralar 6-njy we 11(f)-nji ýörelgelerde agzalan ähli wakalara degişlilikde raportlary bermekligiň we olara garamaklygyň netijeli tertiplerini kesgitleýärler. Bu ýörelgelere laýyklykda wakalar boýunça berlen raportlara degişlilikde, hökümetler we hukuk goraýjy edaralar netijeli seljerme geçirmekligi we degişli ýagdaýlarda garaşsyz administratiw edaralary ýa-da kazyýet yzarlamasyny amala aşyrýan edaralary ýurisdiksiýany (garamagynda bolmaklygy) amala aşyrmak mümkinçiligini üpjün edýärler. Ölüm we agyr ýaralanma halatynda ýa-da beýleki agyr netijeler ýüze çykan halatynda, jikme-jik beýan edilen raport derrew işiň garaşsyz administratiw seljermesi we kazyýet gözegçiligi üçin jogapkär bolan ygtyýarly edaralara ugradylýar.

23. Güýç we ot açýan ýarag ulanmagyň netijesinde heläk bolan adamlaryň, ýa-da olaryň kanuny wekilleriniň kazyýet iş ýöredişini goşanda, garaşsyz iş ýöredişe ygtyýarlary bardyr. Şeýle adamlar ölen halatynda, şu düzgün degişli usul bilen olaryň eklençdäkilerine ýaýraýar.

24. Hökümetler we hukuk goraýjy edaralar, eger uly wezipeli adamlara olaryň tabynlygyndaky hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar tarapyndan güýç ýa-da ot açýan ýarag bikanun ulanylan ýagdaýlary ýa-da şonuň ýaly bar bolan ýagdaýlar barada mälim bolsa ýa-da mälim bolmaly bolsa we olar şeýle ýagdaýlaryň öňüni almak, ýok etmek ýa-da olar barada habar bermek üçin olaryň ygtyýarynda bolan ähli çäreleri etmedik bolsa, onda uly wezipeli adamlary jogapkärçilige çekilmegini üpjün edýärler.

25. Hökümetler we hukuk goraýjy edaralar, Hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlaryň özüni alyp barmak hakyndaky Kodeksine we şu Esasy ýörelgelere laýyklykda, güýji ýa-da ot açýan ýaragy ulanmak hakyndaky buýrugy ýerine ýetirmekden boýun gaçyrýan ýa-da beýleki wezipeli adamlar tarapyndan güýji ýa-da ot açýan ýaragy şeýle ulanandygy hakynda habar berýän hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlara degişlilikde hiç hili jenaýat ýa-da düzgün-tertip çäreleriň görülmezligini üpjün edýärler.

26. Ýokarda duran wezipeli adamlaryň buýruklaryny ýerine ýetirmeklik, eger hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar ölüme ýa-da agyr ýaralanma getiren güýç we ot açýan

ýaragy ulanmak hakyndaky buýrugyň anyk bikanundygyny bilýän we ony ýerine ýetirmekden boýun gaçyrmaga paýhasly mümkinçiligi bar bolan bolsa, onda aklanma bolup hyzmat etmeýär. Islendik ýagdaýda jogapkärçilik bikanun buýruklary beren ýokarda duran wezipeli adamlara hem ýüklenýär.

---

* Hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlaryň özüni alyp barmak hakyndaky Kodeksiniň 1-nji maddasyna bolan düşündirişe laýyklykda, "hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlar" diýlip polisiýa wezipelerini, esasan-da tussag etmek ýa-da saklamak boýunça wezipeleri ýerine ýetirýän, bellenilen, şeýle hem saýlanan kanunyň ähli gullukçylaryna düşünilýär. Polisiýa wezipeleri formadaky ýa-da formasyz harby häkimiýetler ýa-da döwlet howpsuzlyk güýçleri tarapyndan ýerine ýetirilýän ýurtlarda "hukuk düzgüni saklamak boýunça wezipeli adamlaryň" kesgitlemesiniň astyna şeýle gulluklaryň işgärleri düşýärler.

# Birleşen Milletler Guramasynyň azatlykdan mahrum edilen kämillik ýaşyna ýetmedikleri goramaga degişli düzgünler

Baş Assambleýanyň 1990-njy ýylyň 14-nji dekabryndaky №45/113 belgili rezolýusiýasy bilen kabul edildi

## I. ESASY MAKSATLAR

1. Kämillik ýaşyna ýetmediklere degişlilikde adyl kazyýetlik ulgamy olaryň hukuklaryny we howpsuzlygyny goramalydyr we olaryň fiziki we akyl ýagdaýyna ýardam etmelidir. Türmede saklamaklyk iň soňky çäre hökmünde ulanylmalydyr.

2. Kämillik ýaşyna ýetmedikler şu Düzgünler we Birleşen Milletler Guramasynyň kämillik ýaşyna ýetmediklere degişlilikde adyl kazyýetligi amala aşyrmaklyga degişli Minimal standart düzgünleri (Pekin düzgünleri) bilen bellenilen ýörelgelere we kadalara laýyklykda öz azatlygyndan mahrum edilmelidir. Kämillik ýaşyna ýetmedigi azatlykdan mahrum etmek täsir etmegiň iň soňky çäresi hökmünde we wagtyň zerur bolan iň gysga döwrüň dowamynda ulanmalydyr. Ol kanun bozmalaryň has howply görnüşleri üçin iş kesilenden soňra kazyýetiň hökümini ýerine ýetirmek üçin we baglylykda geçýän şertleri hem-de ýagdaýlary bolmalysy ýaly nazarda tutmak bilen aýratyn ýagdaýlar bilen çäklendirilmelidir. Jezanyň möhleti, onuň möhletinden öň boşadylmak mümkinçiligini ortadan aýyrman, kazyýet edarasy tarapyndan kesgitlenmelidir.

3. Düzgünleriň maksady adam hukuklaryna we esasy azatlyklaryna laýyklykda haýsy görnüşde azatlykdan mahrum edilene garamazdan we tussaglykda saklamagyň ähli görnüşleriniň oňaýsyz netijelerine garşy çykmak we jemgyýetiň durmuşyna çekmäge ýardam bermek maksady bilen kämillik ýaşyna ýetmedikleri goramak üçin Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan kabul edilen minimal standartlary berkarar etmekden ybaratdyr.

4. Şu Düzgünler ten reňki, jynsy, ýaşy, dine garaýşy, milleti, syýasy ýa-da başga ygtykady, medeni garaýşy ýa-da tejribesi, emläk, gatlak ýa-da maşgala ýagdaýy, etniki ýa-da durmuş gelip çykyşy we zähmete ukypsyzlygy boýunça hiç hili kemsidilmesiz, tarapgöýsüzlikli ulanylmalydyr. Kämillik ýaşyna ýetmedigiň dini we medeni garaýyşlaryna, tejribesine we ruhy ýörelgelerine hormat goýmaklygy üpjün etmek zerurdyr.

5. Şu Düzgünler amatly habar beriji kadalar hökmünde hyzmat etmek we kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin düzediş edara dolandyrmasy bilen meşgullanýan hünärmenler üçin goldawy hem-de gollanmany üpjün etmek üçin niýetlenendir.

6. Kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin düzediş edara işgärlerine şu Düzgünler olaryň milli dilinde elýeter bolmagyny üpjün etmek gerek. Düzediş edara işgärleriniň gepleşýän dilini erkin bilmeýän kämillik ýaşyna ýetmedikler zerur bolan halatlarda, hususan-da, lukmançylyk gözden geçirişler geçirilen we düzgün-nyzam bozulmalar seljerilen wagtynda terjimeçiniň hyzmatlaryndan mugt peýdalanmaga haklydyr.

7. Döwletler degişli ýagdaýlarda şu Düzgünleri öz kanunçylygyna goşmalydyrlar ýa-da oňa degişli düzetmeler girizmelidirler we kämillik ýaşyna ýetmedige şikesler ýetirilen halatynda öwez dolmasynyň tölenmegini goşanda, olary bozmakdan goramagyň netijeli serişdelerini üpjün etmelidirler. Şeýle hem döwletler şu Düzgünleriň ulanylşyna gözegçilik etmelidirler.

8. Ygtyýarly häkimiýetler düzediş edaralarynda tussagda bolan kämillik ýaşyna ýetmedikler barada alada we olaryň jemgyýete dolanyp gelmegine taýýarlyk uly ähmiýetli durmuş işi bolup durýandygyny we bu maksat bilen kämillik ýaşyna ýetmedikler bilen ýerli jemgyýetiň arasynda erkin aragatnaşyklary höweslendirmek boýunça işjeň ädimleri etmegiň gerekdigine, jemgyýetçiligiň akyl ýetirmegini üpjün etmäge hemişe çalyşmalydyrlar.

9. Şu Düzgünlerde hiç zat kämillik ýaşyna ýetmedikleriň, çagalaryň we ähli ýaşlaryň hukuklaryny goramaga we olar barada alada etmäge ýardam berýän halkara bilelelşik tarapyndan ykrar edilen Birleşen Milletler Guramasynyň adam hukuklary babatynda degişli resminamalaryň hem-de kadalaryň ulanylşy üçin päsgel hökmünde düşündirilmeli däldir.

10. Eger II-V bölümlerini hasaba goşup, olarda ýerleşýän haýsydyr takyk düzgünleriň amaly ulanylşynyň dowamynda şu bölümde ýerleşýän düzgünler bilen haýsydyr bir kolliziýa ýüze çyksa, onda şu bölümde ýerleşýän düzgünleri berjaý etmek agdyklyk talap diýlip hasaplanylýar.

## II. DÜZGÜNLERIŇ HEREKET EDIŞ ÇYGRY WE OLARYŇ ULANYLYŞY

11. Şu Düzgünleriň maksatlary üçin indiki kesgitlemeler ulanylýar:

a) kämillik ýaşyna ýetmedik bu 18 ýaşyna ýetmedik islendik adam bolup durýar. Çagany azatlykdan mahrum etmek gadagan edilýän ýaşa ýetmek ýaş çeni kanun bilen kesgitlenilýär;

b) azatlykdan mahrum etmeklik haýsydyr bir adamyň tutulyp saklanmagynyň islendik görnüşini ýa-da türmede saklanmagyny ýa-da islendik kazyýet, dolandyryş ýa-da başga döwlet edarasynyň kararynyň esasynda kämillik ýaşyna ýetmedik öz islegi boýunça goýup gitmäge rugsat berilmeýän döwlet ýa-da hususy düzediş edarasyna onuň ýerleşdirilmegini aňladýar.

12. Azatlykdan mahrum etmeklik kämillik ýaşyna ýetmedikleriň adam hukuklaryny berjaý edilişini üpjün edýän şertlerde we ýagdaýlarda amala aşyrylmalydyr. Düzediş edaralarynda saklanylýan kämillik ýaşyna ýetmedikleriň bähbitlerinde olaryň saglygyny we öz-özüňe hormat goýmaklygyny saklamak, olarda jogapkärçilik duýgusyny terbiýelemek we jemgyýetiň agzalary hökmünde öz mümkinçiliklerini ösdürmäge ýardam etjek şeýle garaýyşlarynyň we endikleriniň emele gelmegini höweslendirmek üçin netijeli çäreleriň we maksatnamalaryň amala aşyrylyşyny kepillendirmek gerek.

13. Azatlykdan mahrum edilen kämillik ýaşyna ýetmedikleriň, olaryň derejesine görä döwlet içindäki ýa-da halkara hukuga laýyklykda olaryň eýe bolan we olaryň amala aşyrylyşy azatlykdan mahrum etmeklik bilen ylalaşykly bolan raýat, ykdysady, syýasy, durmuş ýa-da medeni hukuklaryny inkär edip bolmaz.

14. Tussag etmek boýunça çäreleriň kanunylygyna aýratyn üns bermek bilen kämillik ýaşyna ýetmedikleriň şahsy hukuklarynyň goragy ygtyýarly kazyýet häkimiýeti tarapyndan üpjün edilmelidir, we jemgyýetiň durmuşyna çekmek maksatlary, halkara kadalaryna, döwlet içindäki kanunlaryna we kämillik ýaşyna ýetmedikleri baryp görmäge ygtyýarlandyrylan we düzediş edara ýolbaşçylygynyň düzümine girmeýän bolmalysy ýaly döredilen edaranyň

permanlaryna laýyklykda, amala aşyrylýan yzygiderli gözegçilik etmeler we gözegçiligiň beýleki serişdeleri arkaly üpjün edilmelidir.

15. Şu Düzgünler azatlykdan mahrum edilen kämillik ýaşyna ýetmedikleriň saklanylýan düzediş edaralaryň ähli görnüşlerine we formalaryna degişlilikde ulanylýar. Şu Düzgünleriň I, II, IV we V bölümleri ähli tussaglykda saklanylýan ýerlere we kämillik ýaşyna ýetmedikler saklanylýan düzediş edaralaryna degişlilikde ulanylýar, we III bölüm bolsa diňe tussag astynda saklanylýan ýa-da kazyýete garaşýan kämillik ýaşyna ýetmediklere degişlilikde ulanylýar.

16. Şu Düzgünler her gatnaşyjy döwletiň ykdysady, durmuş we medeni şertleri bilen baglylykda ulanylýar.

## III. TUSSAG ASTYNDA SAKLANÝAN ÝA-DA KAZYÝETE GARAŞÝAN KÄMILLIK ÝAŞYNA ÝETMEDIKLER

17. Tussag astynda saklanýan ýa-da kazyýete garaşýan (işi entek seredilmedik) kämillik ýaşyna ýetmedikler günäsiz hasaplanylýar we olara şoňa laýyk degişli seredilmelidir. Kazyýete çenli, mümkin boldugyça, tussaglykda saklamakdan gaça durmak we ony diňe aýratyn ýagdaýlarada ulanmak zerurdyr. Munuň bilen baglylykda deregini tutýan çäreleri ulanmaklyga hemmetaraplaýyn çalyşmak gerek. Haçanda tussaglykda saklamak ýaly öňüni alyş çäresi ulanylsa, kämillik ýaşyna ýetmedikler boýunça kazyýetler we derňew edaralary olaryň tussaglykda saklanyş döwri mümkin boldugyça has gysga bolar ýaly, işlere gyssagly seretmeklige birinji nobatda üns bermelidirler. Işleri kazyýetde entek seredilmedik kämillik ýaşyna ýetmedikler iş kesilen kämillik ýaşyna ýetmediklerden aýratynlykda saklanmalydyr.

18. Işleri kazyýetde entek seredilmedik kämillik ýaşyna ýetmedikleriň tussaglykda saklanmagyň şertleri aşakda görkezilen kadalara, şeýle hem bigünälik prezumpsiýasyny, şeýle saklanyşyň dowamlylygyny, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hukuk derejesini we işiň aýratynlyklaryny hasaba alyp zerur we ýerlikli bolan beýleki takyk düzgünlere gabat gelmelidirler. Olara indiki düzgünler degişlidir (emma olar bilen bu sanaw çäklendirilmeýär):

a) kämillik ýaşyna ýetmedikler hukuk maslahatlary almaga haklydyrlar we hukuk kömegi berlip bilinjek halatlarda şeýle mugt kömegi bermek barada haýyş bilen ýüzlenmäge, şeýle hem öz aklawçysy bilen duşuşmaga mümkinçiligi bolmalydyr. Şeýle duşuşyklarda şahsy durmuşa goşulmazlyk we ýaşyrynlyk üpjün edilmelidir;

b) mümkin bolan halatlarda, kämillik ýaşyna ýetmediklere tölegli zähmet bilen meşgullanmagy dowam etmäge ýa-da öz okuwyny ýa hünär taýýarlygyny dowam etmäge mümkinçilik berilmelidir, ýöne olardan ony talap etmek gadagandyr. Olaryň zähmeti, okuwy ýa-da hünär taýýarlygy tussaglykda saklanmak möhletiniň uzaltmagyna getirmeli däldir;

c) eger adyl kazyýetligiň berjaý edilişiniň bähbitlerine garşy gelmese, onda kämillik ýaşyna ýetmediklere boş we dynç wagt üçin niýetlenen zatlary almaga we ýanynda saklamaga rugsat berilmelidir.

## IV. KÄMILLIK ÝAŞYNA ÝETMEDIKLER ÜÇIN DÜZEDIŞ EDARALARYNYŇ DOLANDYRYLYŞY

### A. Hasabatlar

19. Işiň materiallaryny, lukmançylyk barlagyň netijelerini we düzgün-nyzam tertibindäki bozulmalary seljerişiň teswirnamalaryny goşanda, ähli hasabatlar, şeýle hem terbiýelemegiň

görnüşlerine we mazmunyna degişli resminamalar diňe ygtyýarlandyrylan adamlar üçin elýeter bolan we oňa düşünmesini ýeňilleşdirmekligi üpjün etmek üçin toparlara bölünen yzygiderli täze maglumatlar bilen dolunýan ýaşyryn hususy işde saklanmalydyr. Mümkin bolan halatynda, her kämillik ýaşyna ýetmedik nätakyk, esassyz ýa-da adalatsyz pikirleri düzedip bolar ýaly onuň işinde görkezilen ýagdaýa ýa-da pikire garşy çykmaga haklydyr. Bu hukugy amala aşyrmak üçin kämillik ýaşyna ýetmedigiň ýa-da degişli garaşsyz üçünji tarapyň haýyşy boýunça işiň bu materiallary bilen tanyşmaklygy rugsat berýän tertip göz öňünde tutulýandyr. Boşadylandan soň kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri möhür bilen berkidilýär we bellenilen wagtda ýok edilýär.

20. Hiç bir kämillik ýaşyna ýetmedik kazyýet, dolandyryş ýa-da beýleki döwlet häkimiýetiniň hukuk taýdan hakyky bolan kararynyň ýoklygynda düzediş edarasyna kabul edilmeli däldir. Şeýle karar baradaky maglumatlar derrew sanawa salynmalydyr. Hiç bir kämillik ýaşyna ýetmedik şeýle sanawy bolmadyk düzediş edarasynda saklanmaly däldir.

**B. Düzediş edarasyna ýerleşdirmek, hasaba almak, göçürmek we geçirmek**

21. Kämillik ýaşyna ýetmedikler saklanylýan her edarada her kabul edilen kämillik ýaşyna ýetmedige degişlilikde indiki maglumatlary öz içine alýan doly we takyk ýazgylar alnyp barylmalydyr:

a) kämillik ýaşyna ýetmedigiň şahsyýeti barada maglumat;

b) tussag etmekligiň ýagdaýy hem-de sebäpleri we munuň üçin esaslar;

c) ýerleşdirmegiň, geçirmegiň we boşatmagyň güni we sagady;

d) tussaglykda saklanan wagtynda olaryň hossarlygyndaky kämillik ýaşyna ýetmedigiň her ýerleşdirilişi, geçirilişi we boşadylyşy barada ata-enelerini ýa-da hossarlaryny habarly edilendigi barada maglumatlar;

e) neşe çekýänini we içgi içýänini goşanda, fiziki we ruhy saglygynyň mälim bolan meseleleri barada maglumat.

22. Ýerleşdirilişi, ýerleşýän ýeri, geçirilişi we boşadylyşy baradaky maglumat degişli kämillik ýaşyna ýetmedigiň ata-enelerine, hossarlaryna ýa-da ýakyn garyndaşyna derrew berilmelidir.

23. Kabul edilenden soň, iň gysga wagtyň içinde her kämillik ýaşyna ýetmedigiň ýagdaýy we saklanyşyň şertleri barada doly hasabatlar we degişli maglumat taýýarlanmalydyr we ýolbaşçylyga berilmelidir.

24. Düzediş edarasyna ýerleşdirilenden soň ähli kämillik ýaşyna ýetmedikler bu edarada özüni alyp barşy baradaky düzgünleriň bir nusgasyny we şikaýatlary kabul etmäge ygtyýarly edaralaryň salgysy bilen, şeýle hem hukuk kömegini edýän döwlet ýa-da hususy edaralaryň ýa-da guramalaryň salgysy bilen bilelikde elýeter bolan dilde olaryň hukuklarynyň we borçlarynyň ýazmaça beýanyny almalydyrlar. Sowatsyz ýa-da degişli dilde okap bilmeýän kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin şeýle maglumat oňa doly düşünmekligi üpjün edýän görnüşde dykgatyna ýetirilýär.

25. Ähli kämillik ýaşyna ýetmediklere düzediş edaranyň içki tertip-düzgünini kadalaşdyrýan düzgünleri, edilýän ideginiň maksatlary we usullary, düzgün-nyzam talaplary we tertibi, maglumat almagyň we şikaýat etmegiň beýleki rugsat berilen usullary, şeýle hem düzediş edarasynda saklanylýan döwründe öz hukuklaryny we borçlaryny doly düşünmäge olara ýardam berýän ähli beýleki zerur meseleler düşündirilýär.

26. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň äkidilişi olara kynçylyklar ýetirmeýän we mertebesini kemsitmeýän şertlerde zerur howa çalşyryş we yşyklandyryş bilen üpjün edilen ulag serişdelerinde ýolbaşçylygyň hasabyna amala aşyrylýar. Kämillik ýaşyna ýetmedikler bir edaradan beýleki edara esassyz geçirilmeli däldir.

**C. Toparlara bölmek we paýlamak**

27. Gelen pursatyndan başlap iň gysga wagtyň içinde her kämillik ýaşyna ýetmedik bilen söhbetdeşlik geçirilmelidir we şu kämillik ýaşyna ýetmedik üçin talap edilýän idegiň takyk görnüşine hem-de derejesine we takyk maksatnamasyna degişliligi bar bolan islendik ýagdaýlary kesgitleýän psihologiki we sosial hasabat taýýarlanmalydyr. Bu hasabat kämillik ýaşyna ýetmedigiň gelen mahaly onuň barlagyny geçiren lukmançylyk işgäriň taýýarlan nutugy bilen bilelikde şu kämillik ýaşyna ýetmedige edaranyň çäklerinde has amatly ýer, şeýle hem saklamaklygy zerur bolan idegiň takyk görnüşini hem-de derejesini we takyk maksatnamany kesgitlemek üçin direktora ugradylýar. Haçanda dikeldiş häsiýetli ýörite çäreler talap edilse we haçanda düzediş edarasynda bolmagyň möhletleri mümkinçilik berse, edaranyň ýokary hünärli işgärleri çäreleriň hususy meýilnamasyny ýazmaça görnüşinde taýýarlamalydyr we onda olaryň maksatlary, möhletleri hem-de serişdeleri, döwürleri we bu maksatlara ýetmeklige gönükdirilen çäreleriň dowamynda hasaba alynmaly saklanmalar görkezilen bolmalydyr.

28. Kämillik ýaşyna ýetmedikler diňe olaryň aýratyn zerurlyklaryny, derejesini we olaryň ýaşyna, aýrybaşgalagyna, jynsyna we hukuk bozulmasynyň görnüşine, şeýle hem ruhy we fiziki ýagdaýyna laýyk bolan aýratyn talaplaryny doly göz öňünde tutýan we olary ýaramaz täsirden we howply ýagdaýlara düşmekden doly goraýan şertlerde saklanmalydyr. Azatlykdan mahrum edilen kämillik ýaşyna ýetmedikleriň dürli toparlara bölünmegiň esasy ölçegi, aýratyn adamlaryň özboluşly talaplaryna has ýokary derejede jogap berýän we olaryň fiziki, ruhy we ahlak bütewiliginiň we eşrediniň goragyny üpjün edýän ideg görnüşiniň üpjün edilmegidir.

29. Ähli düzediş edaralarynda kämillik ýaşyna ýetmedikler, eger olar bir maşgalanyň agzalary bolmadyk bolsa, uly ýaşly adamlardan aýratynlykda saklanmalydyrlar. Gözegçilik edilýän şertlerde kämillik ýaşyna ýetmedikler dykgat bilen seçilip alnan ulular bilen bilelikde bu kämillik ýaşyna ýetmediklere oňaýly täsir edýän ýörite maksatnama gatnaşyp bilerler.

30. Kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin açyk düzediş edaralaryny döretmek gerek. Açyk düzediş edaralary bu howpsuzlyk çäreleri düýbünden bolmadyk ýa-da çäklendirilen edaralardyr. Şeýle edaralaryň hersinde saklanylýan adamlaryň sany boldugyça az bolmalydyr. Ýapyk düzediş edaralarynda saklanylýan kämillik ýaşyna ýetmedikleriň sany terbiýelemekde şahsy çemeleşme ulanyp bolar ýaly uly bolmaly däldir. Kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin düzediş edaralary merkezleşdirilmedik we kämillik ýaşyna ýetmedikleriň we olaryň maşgalalarynyň arasynda gatnaşyklary ýeňilleşdirýän ölçegleri bolmalydyr. Jemgyýetiň durmuş, ykdysady we medeni gurşawynyň düzümleýin bölegi bolup durýan uly bolmadyk düzediş edaralary döretmek gerek.

**D. Bolmagyň şertleri we ýerleşdirmek**

31. Azatlykdan mahrum edilen kämillik ýaşyna ýetmedikler arassaçylygyň, gigiýenanyň we adam mertebesine hormat goýmagyň ähli talaplaryna laýyk gelýän şertlere we hyzmatlara haklydyrlar.

32. Kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin düzediş edaralary we olardaky şertler kämillik ýaşyna ýetmedikleriň ýekelige bolan islegine, duýgy höweslerine, deň-duşlary bilen aragatnaşyk etmek hem-de sport, bedenterbiýe derslerine gatnaşmak we boş wagtyny geçirmek mümkinçiliklerine bolmalysy ýaly üns berlende, olarda bolýan kämillik ýaşyna ýetmedikleri täzeden terbiýelemek maksadyna laýyk bolmalydyr. Kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin niýetlenen jaýlaryň meýilleşdirmesi we gurluşy ýangynyň ýüze çykmak mümkinçiligi iň pes derejä getirilen bolmalydyr we jaýlardan howpsuz göçürilişini üpjün etmelidir. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin netijeli ýangyn duýdyryjylar oturdylýar we ýangyn ýüze çykan halatynda hereketler özleşdirilýär. Düzediş edaralar saglyk üçin howply ýa-da beýleki töwekgelçilikler bilen bagly sebitler ýaly ýerlerde ýerleşdirilmeli däldir.

33. Ýatak jaýlar, adat boýunça, uly bolmadyk toparlar üçin birnäçe otagdan ýa-da ýerli standartlara görä her adama aýratyn otaglardan ybarat bolmalydyr. Uky üçin niýetlenen wagtda her kämillik ýaşyna ýetmedigiň goragyny üpjün etmek maksady bilen ähli ýatak jaýlara, şol sanda hususy otaglara hem-de toparlar üçin niýetlenen otaglara yzygiderli ýadatmaýan gözegçilik amala aşyrmalydyr. Her kämillik ýaşyna ýetmedik ýerli ýa-da milli kadalara laýyklykda arassa berilýän, kadaly tertipde saklanylýan we arassaçylygy üpjün ediler ýaly tiz-tiz çalşynýan zerur ýorgan-düşek bilen üpjün edilmelidir.

34. Sanuzeller (hajathanalar) her kämillik ýaşyna ýetmedik islendik wagtda öz tebigy isleglerini ýekelikde, arassaçylykda we gelşikli şertlerde ýerine ýetirip biler ýaly şeýle usul bilen ýerleşdirilmelidir we şeýle derejede bellenilen kadalara laýyk gelmelidir.

35. Hususy zatlaryny ýanynda saklamak hususy durmuşa bolan hukugyň esasy elementleriniň biri bolup durýar we kämillik ýaşyna ýetmedigiň psihologiki saglygy üçin möhüm orny eýeleýär. Her kämillik ýaşyna ýetmedigiň hususy zatlaryny ýanynda saklamak we bu zatlary saklamak üçin degişli şertleriň bolmak hukugyny doly ykrar etmek we hormat goýmak zerurdyr. Kämillik ýaşyna ýetmedik özünde galdyrmagy islemedik ýa-da muzdsuz alnan hususy zatlary ynamdar ýerde saklamak üçin ýerleşdirilmelidir. Olaryň sanawyna kämillik ýaşyna ýetmedik bilen gol çekilýär. Olary oňat ýagdaýda saklamak üçin çäreler görülmelidir. Haçanda pullary sowmaga ýa-da zatlary düzediş edaranyň çäginden daşary ugratmaga rugsat berlen halatlardan başga ýagdaýlarda kämillik ýaşyna ýetmedik boşadylanda, oňa ähli şeýle zatlar we pullar yzyna gaýtarylyp berilýär. Eger kämillik ýaşyna ýetmedik derman serişdelerini alýandygy ýa-da olaryň ýanynda barlygy ýüze çyksa, olary näme etmelidigini lukmançylyk işgäri çözýär.

36. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň, mümkin boldugyça, öz hususy geýimini ulanmaga hukugy bolmalydyr. Düzediş edaralary her kämillik ýaşyna ýetmedigiň howa we arassaçylyk-gigiýena şertlerine gabat gelýän we hiç bir ýgdaýda onuň mertebesini kemsitmeýän we syndyrmaýan öz geýminiň bolmagyny üpjün etmelidir. Düzediş edarasyndan islendik maksatlar üçin çykarylýan ýa-da goýberilýän kämillik ýaşyna ýetmediklere öz hususy geýimini geýmäge rugsat berilmelidir.

37. Düzediş edarasy her kämillik ýaşyna ýetmedik iýmiti kabul etmegiň adaty wagtynda, mümkin boldugyça, onuň dini hem-de medeni talaplaryny hasaba alyp, hili we mukdary diýetiki we arassaçylyk-gigiýena kadalaryna gabat gelýän bolmalysy ýaly taýýar edilip berlen iýmiti iýmekligi üpjün etmelidir. Her kämillik ýaşyna ýetmedik islendik wagtda arassa agyz suwy bilen üpjün edilmelidir.

**E. Bilim, hünär taýýarlygy we zähmet işi**

38. Hökmany mekdep okuw ýaşyndaky her kämillik ýaşyna ýetmedik onuň isleglerine we ukyplaryna laýyk gelýän bilimi almak hukugy we onuň jemgyýete gaýdyp gelmegine taýýarlamak maksady bardyr. Şeýle bilim, mümkin boldugyça, düzediş edarasynyň çäklerinden daşda obanyň mekdeplerinde üpjün edilmelidir we kämillik ýaşyna ýetmedikler boşadylandan soň öz bilimini dowam etdirmek üçin islendik ýagdaýda okatmaklyk degişli ýurduň bilim ulgamy bilen utgaşdyrylan maksatnamalar boýunça ýokary hünärli mugallymlar bilen amala aşyrylmalydyr. Düzediş edara ýolbaşçylygynyň daşary ýurtlardan gelip çykan kämillik ýaşyna ýetmedikleriň ýa-da aýratyn medeni ýa-da etniki islegleri bolan kämillik ýaşyna ýetmedikleriň bilimine aýratyn üns bermekleri gerek. Sowatsyz ýa-da okuwda aýratyn kynçylyklary çekýän kämillik ýaşyna ýetmedikleriň ýörite bilim almaklyga hukugy bardyr.

39. Hökmany mekdep okuw ýaşyndan çykan we öz bilimini dowam etdirmäge isleg bildiren kämillik ýaşyna ýetmediklere şeýle mümkinçiligi bermek we olary oňa höweslendirmek gerek, şeýlelikde olaryň degişli okuw maksatnamalaryna ygtyýary üpjün etmek üçin ähli tagallalary etmek gerek.

40. Düzediş edaralarynda saklanylýan kämillik ýaşyna ýetmediklere berilýän diplomlarda ýa-da bilim baradaky şahadatnamalarda şu kämillik ýaşyna ýetmedik düzediş edarasynda saklanandygy barada bellik edilmeli däldir.

41. Her düzediş edara öz gaznasynda kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin niýetlenilen okuw, şeýle hem güýmenje üçin kitaplaryň degişli ýygyndyly kitaphanasyna barmaklygy üpjün etmelidir; kämillik ýaşyna ýetmedikleriň bu kitaplary ulanmaga doly mümkinçiligi bolmalydyr we olary muňa höweslendirmelidir.

42. Her kämillik ýaşyna ýetmedigiň geljekde onuň işe ýerleşmek üçin gerek boljak kärler boýunça hünär bilimini almaklyga hukugy bolmalydyr.

43. Käri seçip almaga rugsat berilýän çäklerde we düzediş edara ýolbaşçylygynyň talaplaryny hasaba alyp, kämillik ýaşyna ýetmediklere olaryň ýerine ýetirmäge isleg bildiren iş görnüşlerini saýlamak mümkinçiligi berilmelidir.

44. Çaga zähmetine we ýaş işçilere degişlilikde ulanylýan ähli milli we halkara gorag kadalary azatlykdan mahrum edilen şertlerdäki kämillik ýaşyna ýetmediklere degişlilikde hem ulanmalydyr.

45. Haçanda bu mümkin bolsa, kämillik ýaşyna ýetmediklere öz obasyna gaýdyp baran mahaly amatly işe ýerleşmek mümkinçiliklerini gowulandyrmak maksatlary bilen amala aşyrylýan hünär taýýarlygyna goşmaça hökmünde mümkin boldugyça ýerli obanyň çäklerinde tölegli işi ýerine ýetirmek üçin mümkinçilik hemişe berilmelidir. Şeýle iş görnüşi boşadylandan soň kämillik ýaşyna ýetmedigiň hünär işine degişli taýýarlygyny amala aşyrmaga mümkinçilik bermelidir. Düzediş edaralarynda rugsat berilýän işiň ýola goýulmasy we usullary, kämillik ýaşyna ýetmedikler kadaly zähmet iş şertlerine taýýarlanyp biler ýaly, mümkin boldugyça, obadaky işiň meňzeş görnüşleriniň ýola goýulmasyna we usullaryna laýyk bolmalydyr.

46. Işi ýerine ýetirýän her kämillik ýaşyna ýetmedigiň adalatly zähmet haka hukugy bolmalydyr. Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň we olaryň hünär taýýarlygynyň bähbitleri şu düzediş edarasy ýa-da haýsydyr üçünji tarap bilen peýda almak maksatlaryna tabyn bolmaly däldir. Kämillik ýaşyna ýetmedigiň zähmet hakynyň bir bölegi, adat boýunça, boşadylanda onuň eline gowşurylýan toplamalar görnüşinde aýrylyp goýulmalydyr. Kämillik ýaşyna ýetmedik hususy sarp ediş harytlary satyn almak üçin ýa-da onuň eden hukuk bozulmasynyň

pidalaryna ýetirilen zyýanynyň öwezini dolmak üçin ýa-da bu serişdeleri düzediş edarasynyň çäginden daşary öz maşgalasyna ýa beýleki adamlara goýbermek üçin galan bölegini ulanmaga haklydyr.

**F. Dynç alyş**

47. Her kämillik ýaşyna ýetmedigiň gündeki fiziki maşklar üçin ýeterlikli boş wagta hukugy bolmalydyr, üstesine-de, eger howa şertleri mümkinçilik beren halatynda olary açyk howada ýerine ýetirmeli we bu wagtyň dowamynda, adat boýunça, dersler degişli sagaldyş ýa-da fiziki maşklar bilen üpjün edilmelidir. Bu çäreler degişli jaýlar, esbaplar we enjamlar bilen üpjün edilmelidir. Her kämillik ýaşyna ýetmedigiň gündeki boş wagty üçin goşmaça wagty bolmalydyr, onuň bir bölegini kämillik ýaşyna ýetmedigiň islegi boýunça sungat we senet derslerine aýyrmak gerek. Düzediş edarasy kämillik ýaşyna ýetmedige teklip edilýän fiziki taýýarlygyň maksatnamalaryna gatnaşmagyny, olaryň hersiniň fiziki taýdan ukyply bolmagyny üpjün etmek gerek. Sagaldyş bedenterbiýe we terapiýa mätäç bolan kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin lukmançylyk gözegçiligi astynda degişli kurs üpjün edilýär.

**G. Din**

48. Her kämillik ýaşyna ýetmedige dini we ruhy durmuşy bilen bagly öz isleglerini kanagatlandyrmaga, şu düzediş edarasynda geçirilýän gulluklara we ýygnaklara barmaga, ýa-da öz dininiň däp-dessurlaryna laýyklykda gatnaşmaga, şeýle hem zerur bolan kitaplary ýa-da din dessurynyň esbaplaryny ulanmaga we öz dinine laýyklykda okamaga rugsat bermek gerek. Eger düzediş edarasynda haýsydyr belli bir dine uýýan kämillik ýaşyna ýetmedikleriň ýeterlikli sany bolsa, onda yzygiderli gulluklary geçirmek we kämillik ýaşyna ýetmedikleriň haýyşy boýunça din maksatlarynda ýaşyryn ýagdaýda olaryň ýanyna barmak üçin bu diniň bir ýa-da birnäçe ruhanylaryny bellemek we düzediş edarasyna barmaga ygtyýar bermek gerek. Her kämillik ýaşyna ýetmedigiň özüniň saýlap alan islendik diniň ýokary hünärli wekili bilen duşuşmaga, şeýle hem din gulluklaryna gatnaşmazlyga we din okuwyndan, din öwüt-nesihatlaryndan ýa-da wagyzyndan erkin boýun gaçyrmaga hukugy bolmalydyr.

**H. Lukmançylyk hyzmaty**

49. Her kämillik ýaşyna ýetmedige diş, göz we psihiatrik lukmançylyk hyzmatyny goşanda, öňüni alyş, şeýle hem bejeriş ýaly degişli lukmançylyk hyzmatlary edilmelidir, şeýle hem lukmançylyk görkezmelerine laýyklykda derman serişdeleri we ýörite berhiz berilmelidir. Lukmançylyk hyzmatlaryň ýokarda görkezilen ähli görnüşleri, mümkin boldugyça, düzediş edaralarynda saklanýan kämillik ýaşyna ýetmediklere, olaryň kemsidilmegine ýol bermezlik we olarda öz-özüňe hormat goýmak duýgusynyň ösmegine ýardam etmek hem-de olary jemgyýetiň durmuşyna çekmek bilen şu düzediş edaranyň ýerleşýän obasyndaky degişli saglygy goraýyş edaralarynyň we gulluklarynyň üsti bilen edilmelidir.

50. Her kämillik ýaşyna ýetmedik, öňki ýaramaz garaýşyň islendik alamatlaryny hasaba almak we lukmanyň gözegçiligini talap edýän islendik fiziki ýa-da ruhy gyşarmalary kesgitlemek maksady bilen, düzediş edarasyna gelenden soň derrew lukman tarapyndan barlanmaga haklydyr.

51. Kämillik ýaşyna ýetmediklere edilýän lukmançylyk hyzmatlaryň maksady islendik fiziki ýa-da ruhy keseli, neşekeşligi ýa-da kämillik ýaşyna ýetmedigi jemgyýetiň durmuşyna çekmäge päsgel berip biljek beýleki gyşarmany ýüze çykarmak we ony bejermekdir. Kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin her düzediş edaranyň onda saklanýan adamlaryň sanyna we isleglerine laýyk gelýän lukmançylyk serişdelerine we enjamlaryna gös-göni ygtyýary, şeýle

hem öňüni alyş idegini we gyssagly lukmançylyk kömegini etmäge taýýarlanan işgärleri bolmalydyr. Syrkaw, kesele zeýrenýän ýa-da fiziki ýa-da ruhy kynçylyklaryň alamatlaryny bildirýän her kämillik ýaşyna ýetmedik derrew lukmançylyk işgäri tarapyndan barlanmalydyr.

52. Kämillik ýaşyna ýetmedigiň fiziki ýa-da ruhy ýagdaýy, tussaglykda saklanmagy dowam edilşiniň, açlygyň ýa-da tussaglykda saklamagyň haýsydyr şertleriniň netijesinde ýaramazlaşan ýa-da ýaramazlaşar diýip hasap etmäge esaslary bar bolan, islendik lukmançylyk işgäri degişli düzediş edaranyň direktoryna we kämillik ýaşyna ýetmedigiň saglygyny üpjün etmek üçin jogapkär garaşsyz häkimiýetlere bu barada derrew habar bermelidir.

53. Ruhy keselden horluk çekýän kämillik ýaşyna ýetmedik garaşsyz lukmançylyk gözegçiligi astynda ýöriteleşdirilen edarada bejergi almalydyr. Degişli edaralar bilen ylalaşyk boýunça, zerur bolan halatynda, kämillik ýaşyna ýetmedik boşadylandan soň psihiatrik bejergisini dowam etdirmegi üpjün etmek boýunça çäreleri görmek gerek.

54. Kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin düzediş edaralary neşe etmekligiň öňüni almak we ýokary hünärli işgärleriň ýolbaşçylyk etmeginde neşekeşleri dikeltmek boýunça maksatnamalary amala aşyrmalydyr. Bu maksatnamalar kämillik ýaşyna ýetmedikleriň ýaşyny, jynsyny we beýleki aýratynlyklaryny hasaba almalydyr we kämillik ýaşyna ýetmedik neşekeşler we arakhorlar üçin taýýarlanan işgärler bilen üpjün edilen detoksifikasiýa gulluklary döredilmelidir.

55. Derman serişdeleri diňe zerur bolan lukmançylyk bejergi üçin we, mümkin boldugyça, bu ýagdaýlar bilen tanyşan kämillik ýaşyna ýetmedigiň razylygy alnandan soň ulanmalydyr. Olar, hususan-da, bikanun maglumat almak ýa-da boýun almak maksatlarynda, jeza bermek ýa-da kämillik ýaşyna ýetmedigi saklama serişdeleri hökmünde hiç haçan ulanylmaly däldir. Kämillik ýaşyna ýetmediklerde derman serişdeleriň we bejeriş usullaryň synaglary hiç haçan geçirilmeli däldir. Islendik derman serişdesiniň ulanylşy hemişe ýokary hünärli lukmançylyk işgärleri bilen tassyklanmalydyr we amala aşyrylmalydyr.

**I. Keselleme, ýaralanma we ölüm barada habar bermek**

56. Kämillik ýaşyna ýetmedigiň maşgalasy ýa-da hossary ýa-da kämillik ýaşyna ýetmedik bilen görkezilen islendik başga adam olaryň haýyşy boýunça kämillik ýaşyna ýetmedigiň saglyk ýagdaýy barada we kämillik ýaşyna ýetmedigiň saglyk ýagdaýynyň islendik düýpli üýtgemeleri bolan halatynda habarly bolmaga haklydyrlar. Düzediş edarasynyň direktory kämillik ýaşyna ýetmedigiň ölümi barada, düzediş edarasynyň çäginden daşarda ýerleşýän lukmançylyk edarasyna geçirmekligi talap edýän kämillik ýaşyna ýetmedigiň kesellemesi barada ýa-da düzediş edarasynyň çäginde klinikada bejerilmeginiň zerurlygyna sebäp bolan şertler barada 48 sagatdan köp bolmadyk wagtyň dowamynda derrew degişli kämillik ýaşyna ýetmedigiň maşgalasyny ýa-da hossaryny ýa-da başga görkezilen adamy habarly etmelidir. Şeýle hem habarnama jenaýatçy kämillik ýaşyna ýetmedik raýaty bolup durýan döwletiň konsullyk häkimiýetlerine iberilmelidir.

57. Azatlykdan mahrum edilen döwürde kämillik ýaşyna ýetmedik ölen halatynda, ýakyn garyndaşy ölendigi baradaky şahadatnama bilen tanyşmaga, jesedini görmäge we jaýlamagyň görnüşini kesgitlemäge haklydyr. Kämillik ýaşyna ýetmedik tussaglykda saklanýan döwründe ölen bolsa, onuň ölmeginiň sebäpleriniň garaşsyz derňewi geçirilmelidir we bu barada hasabat onuň ýakyn garyndaşyna tanyşmaklyk üçin berilmelidir. Eger ölüminiň sebäpleri kämillik ýaşyna ýetmedigiň tussaglykda saklanylan döwrüne degişlidigine esaslar bar diýlip çak

edilýän bolsa, şeýle derňew şol kämillik ýaşyna ýetmedigiň boşadylan gününden başlap alty aýyň dowamynda geçirilmelidir.

58. Kämillik ýaşyna ýetmedik iň gysga möhletiň içinde maşgalasynyň islendik ýakyn agzasynyň ölümi, agyr kesellemesi ýa-da ýaralanmasy barada habarly edilmelidir we ýogalan garyndaşynyň jaýlamasyna gatnaşmaga ýa-da agyr keselli garyndaşyny baryp görmäge haklydyr.

**J. Aragatnaşyk gerimini giňeltmek**

59. Adalatly we ynsanperwer garaýşa bolan hukugyň aýrylmaz bölegi bolup durýan we kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jemgyýete gaýdyp gelmekligine taýýarlyk üçin möhüm ähmiýete eýe bolýan kämillik ýaşyna ýetmedikleriň daşky dünýä bilen ýeterlik aragatnaşygy üpjün etmek üçin ähli serişdeleri ulanmak gerek. Kämillik ýaşyna ýetmediklere öz maşgalalary, dostlary hem-de beýleki adamlar we ynamdar abraýy bolan guramalaryň wekilleri bilen gatnaşmaga, öýlerine baryp görmek we maşgalasy bilen duşuşmak üçin düzediş edaralaryndan çykmaga we okuw, hünär taýýarlygy we beýleki möhüm maksatlar üçin düzediş edaralaryň çäklerinden daşary çykmaga ýörite rugsatnama almaga rugsat bermek gerek. Haçanda kämillik ýaşyna ýetmedik jezasyny çekende, düzediş edarasynyň daşynda geçiren wagty onuň tussaglykda saklanmaly möhletine hasap edilýär.

60. Her kämillik ýaşyna ýetmedik umuman hepdede bir gezek we aýda bir gezekden az bolmadyk, kämillik ýaşyna ýetmedigiň ýekelige, aragatnaşyklara we öz maşgalasy hem-de aklawçysy bilen çäksiz gatnaşyga bolan islegini hasaba alýan şertlerde yzygiderli we ýygy duşuşyklara haklydyr.

61. Her kämillik ýaşyna ýetmedik hukuk çäklendirmeleriň ýoklugynda öz saýlap alan haýsydyr bir adam bilen hat alyşmaga ýa-da telegraf arkaly aragatnaşykda bolmaga haklydyr we bu hukugyny hakyky amala aşyrmak üçin oňa zerur bolan kömegi almalydyr. Her kämillik ýaşyna ýetmedik hat almaga haklydyr.

62. Kämillik ýaşyna ýetmediklere dünýädäki wakalar baradaky habarlary yzygiderli almak, gazetleri, žurnallary we beýleki neşirleri okamak, radio we telewizion programmalary we kinofilmleri görmek, şeýle hem olaryň gyzyklanma bildiren islendik kanunlaşdyrylan klublaryň ýa-da guramalaryň wekilleri bilen duşuşmak mümkinçiligini bermek gerek.

**K. Fiziki saklamaga we güýji ulanmaga degişli çäklendirmeler**

63. Aşakdaky 64-nji düzgünde görkezilen halatlardan başga ýagdaýlarda haýsydyr maksatlar üçin fiziki saklamagyň we güýji ulanmagyň serişdelerini ulanmak gadagandyr.

64. Fiziki saklamagyň we güýji ulanmagyň serişdeleri, haçanda beýleki gözegçilik çäreleriň ählisi sarp edilip netijä getirmedik bolsa, diňe aýratyn ýagdaýlarda we kanun hem-de permanlar bilen şertlendirilen we gös-göni rugsat berlen görnüşde ulanylmalydyr. Olar kemsitme ýa-da masgaralama häsiýete eýe bolmaly däldir we çäklendirilen göwrümde we wagtyň diňe iň az zerur döwrüniň dowamynda ulanylmalydyr. Ýolbaşçylygyň baştutanynyň buýrugy boýunça kämillik ýaşyna ýetmedik bilen öz-özüne, beýleki adamlara zyýan ýa-da emläge düýpli zyýan ýetirmeklige ýol bermezlik maksady bilen şeýle serişdeleri ulanyp bolar. Şeýle ýagdaýlarda direktor derrew lukmançylyk we beýleki degişli işgärler bilen maslahatlaşmalydyr we bu barada ýokardaky dolandyryş edarasyna habar bermelidir.

65. Kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin islendik düzediş edarasynda işgärler tarapyndan ýaragy götermek we ony ulanmak gadagan edilmelidir.

**L. Düzgün-nyzam düzgüni**

66. Ähli düzgün-nyzam çäreleri we kadalary howpsuzlyk bähbitlerini we tertibiň saklanyşyny üpjün etmelidir we kämillik ýaşyna ýetmedikleriň aýrylmaz mertebesini saklamak wezipelerine we düzediş edarasynda saklanyşyň, ýagny adalatlylyk duýgusyny, öz-özüňe hormat goýmaklygy we her adamyň esasy hukuklaryna hormat goýmaklygy döretmek esasy maksadyna laýyk gelmelidir.

67. Beden jezalary, jerime otagyna ýerleşdirmegi, berk ýa-da ýeke adamlyk tussag otagynda saklanmagy, ýa-da kämillik ýaşyna ýetmedigiň fiziki ýa-da ruhy saglygyna zyýan ýetirip biljek islendik jezany goşanda, rehimsiz, ynsanperwersiz ýa-da adam mertebesini kemsidýän garaýşy göz öňünde tutýan ähli düzgün-nyzam çäreleri düýbünden gadagan edilmelidir. Haýsydyr maksatlarda iýmiti kemeltmek, maşgalasy bilen gatnaşyklary çäklendirmek ýa-da kesmek gadagan edilmelidir. Zähmete kämillik ýaşyna ýetmedigi terbiýelemegiň usuly hökmünde we jemgyýete gaýdyp gelmäge taýýarlamakda oňa öz-özüňe hormat goýmaklygy siňdirmek serişdesi hökmünde hemişe garalmalydyr we ony düzgün-nyzam çäresi hökmünde ulanmaly däldir. Hiç bir kämillik ýaşyna ýetmedik şol bir düzgün-nyzam bozulmasy üçin bir gezekden artyk jezalandyrmaly däldir. Köpçülikleýin jezalandyrmalar gadagan edilmelidir.

68. Ygtyýarly dolandyryş edaralary tarapyndan kabul edilýän düzgünnamalarda we görkezijilerde – kämillik ýaşyna ýetmedikleriň esasy aýratynlyklaryny, isleglerini we hukuklaryny doly hasaba alyp – aşakdaky ýaly jähtlere degişli bolan kadalar bellenilmelidir, ýagny:

a) düzgün-nyzam bozulmasy bolup durýan özüni alyp barmaklygy;

b) berlip bilinjek düzgün-nyzam sanksiýalaryň görnüşi we dowamlylygy;

c) şeýle sanksiýalary bermäge ygtyýarlandyrylan edaralar;

d) şikaýatlara garamaga ygtyýarlandyrylan edaralar.

69. Ýaramaz özüni alyp barşy baradaky nutuklar olar boýunça gaýra goýmasyz kararlar kabul edýän ygtyýarly häkimiýetlere derrew berilmelidir. Ygtyýarly häkimiýetler olaryň garamagyna berlen her ýagdaýy dykgat bilen öwrenmelidir.

70. Kämillik ýaşyna ýetmediklere degişlilikde düzgün-nyzam sanksiýalary diňe hereket edýän kanunyň ýa-da permanlaryň düzgünlerine pugta laýyklykda ulanylyp bilner. Haýsydyr bir kämillik ýaşyna ýetmedige degişlilikde sanksiýalar ygtyýarly tarapgöýsüz edarasyna arza bermek hukugyny goşanda, goramak üçin oňa zerur mümkinçiligi bermek şertlerinde we oňa doly düşnükli bolan görnüşde onuň çak edilýän bozmasy barada habar berlenden soň ulanylyp bilner. Düzgün-nyzam bozulmalaryň ähli seljermeleriniň teswirnamalary saklanmalydyr.

71. Hiç bir kämillik ýaşyna ýetmedik durmuş babatyndaky, bilim we sport babatyndaky ýa-da öz-özüňi dolandyryş maksatnamalaryň çäklerinde takyk işiň gözegçiligini amala aşyrmak bilen bagly halatlardan başga ýagdaýlarda düzgün-nyzamy saklamak bilen bagly wezipeleri ýerine ýetirmeli däldir.

**M. Gözegçilik we şikaýatlara seretmeklik**

72. Ýokary hünärli gözegçiler ýa-da edaranyň ýolbaşçylygyna degişli bolmadyk olara meňzeş bolmalysy ýaly bellenilen wezipeli adamlar yzygiderli esasda gözegçilik we öz hususy başlangyjy boýunça meýilleşdirilmedik gözegçilikleri geçirmek hukugy berilmelidir we bu wezipeleri ýerine ýetirende garaşsyzlygyň doly kepillendirmelerini ulanmalydyr. Gözegçilere

kämillik ýaşyna ýetmedikler azatlykdan mahrum edilen ýa-da edilip bilinjek islendik edarada işleýän ähli adamlaryň ýanyna barmaga, ähli kämillik ýaşyna ýetmedikleriň ýanyna barmaga we şeýle edaralaryň ähli resminamalaryny görmäge çäklendirilmedik ygtyýar berilmelidir.

73. Gözegçilik edaralaryň ýa-da saglygy goraýyş döwlet gullugynyň ýanyna goşulan ýokary hünärli lukmançylyk işgärleri fiziki gurşawyna, gigiýenasyna, saklanyş şertlerine, iýmitine, fiziki terbiýesine we lukmançylyk hyzmatyna degişli kadalaryň berjaý edilşine, şeýle hem kämillik ýaşyna ýetmedikleriň fiziki ýa-da ruhy ýagdaýyna täsir edýän edara işiniň islendik başga jähtine baha berip gözegçilige gatnaşmalydyr. Her kämillik ýaşyna ýetmedik islendik gözegçi bilen ýekelikde söhbetdeşlik etmäge haklydyr.

74. Gözegçilik tamamlanandan soň gözegçi çykarylan netijeler barada hasabat bermelidir. Hasabata şu Düzgünleriň we milli kanunçylygyň degişli düzgünleriniň düzediş edarasy bilen berjaý edilşine baha berlişi we olaryň ýerine ýetirlişini üpjün etmek üçin zerur diýlip hasaplanylýan islendik çärelere degişlilikde teklipler goşulmalydyr. Gözegçi tarapyndan anyklanan, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hukuklaryna degişli hukuk düzgünleriň ýa-da kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin düzediş edarasynyň iş tertibiniň bozulmagy barada şaýatlyk edýän, islendik ýagdaýalar barada derňew we kazyýet seljermesini geçirmek üçin ygtyýarly edaralara habar berilmelidir.

75. Her kämillik ýaşyna ýetmedigiň düzediş edarasynyň direktoryna ýa-da onuň ygtyýarlandyrylan wekiline haýyş bilen ýa-da şikaýat bilen ýüz tutmaga mümkinçiligi bolmalydyr.

76. Her kämillik ýaşyna ýetmedik bellenilen ýollar arkaly merkezi ýolbaşçylyga, kazyýet edarasyna ýa-da beýleki degişli häkimiýetlere mazmuny senzura bilen üýtgedilip bilinmejek haýyş ýa-da şikaýat bilen ýüz tutmaga we olaryň karary barada derrew habarly bolmaga haklydyr.

77. Azatlykdan mahrum edilen kämillik ýaşyna ýetmedikleriň şikaýatlaryny kabul etmek we derňemek, we olaryň adalatly sazlaşdyrylyşyna ýardam bermek üçin garaşsyz gullugyny (ombudsmeny) döretmek boýunça çäreler görmek gerek.

78. Her kämillik ýaşyna ýetmedik şikaýat eden ýagdaýynda, mümkin boldugyça, maşgala agzalary, hukuk maslahatçylary, ynsanperwer kömegini edýän toparlar we beýleki adamlar tarapyndan kömek etmek barada haýyş bilen ýüz tutmaga haklydyr. Sowatsyz kämillik ýaşyna ýetmediklere, olar hukuk maslahatyny berýän ýa-da şikaýatlara garamaklyga hukugy bolan döwlet ýa-da hususy edaralaryň ýa-da guramalaryň hyzmatlaryna mätäç bolan ýagdaýlarynda kömek edilmelidir.

**N. Jemgyýete gaýdyp gelmek**

79. Ähli kämillik ýaşyna ýetmediklere jemgyýete, maşgala durmuşyna gaýdyp gelmäge kömek etmek boýunça, boşadylandan soň olaryň okuwy ýa-da işe ýerleşmek boýunça çäreler ýaýramalydyr. Bu maksat bilen, möhletinden öň boşadylmagy goşanda, kadalar işlenip taýýarlanmalydyr we ýörite okuwlar gurnalmalydyr.

80. Ygtyýarly häkimiýetler kämillik ýaşyna ýetmedikleri täzeden jemgyýetiň durmuşyna çekmek we şeýle kämillik ýaşyna ýetmediklere degişlilikde öňden dörän ters pikirler bilen göreşmek üçin olara kömek etmek maksady bilen hyzmatlary amala aşyrmalydyr ýa-da üpjün etmelidir. Bu hyzmatlar, mümkin boldugyça, kämillik ýaşyna ýetmedige boşadylandan soň, onuň şowly reintegrasiýasyna ýardam etmek bilen kadaly ýaşaýyş jaý, iş, geýim we ýaşamak üçin ýeterlikli serişdeler bermekligi üpjün etmelidir. Şeýle hyzmatlary edýän edaralaryň

wekilleri bilen maslahatlar geçirilmelidir we olar kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jemgyýete gaýdyp gelmegine kömek etmek maksady bilen düzediş edarasynda saklanýan kämillik ýaşyna ýetmedikleriň ýanyna barmaga rugsady bolmalydyr.

**V. Işgärler**

81. Işgärler ýokary hünärli bolmalydyr we onuň düzümine terbiýeçiler, önümçilik okuwyň mugallymlary, durmuş gulluklarynyň işgärleri, psihiatrlar we psihologlar ýaly hünärmenleriň ýeterlikli sany girmelidir. Bu we beýleki hünärmenler, adat boýunça, hemişelik esasda hakyna tutulmalydyr. Bu haçanda hünärmenleriň üpjün edip biljek kömek möçberiniň we taýýarlyk derejesiniň nukdaý nazaryndan maksada laýyk we peýdaly bolsa, doly bolmadyk iş gününüň dowamynda ýa-da meýletin esasda işleýän hünärmenleriň ulanylyşyny ortadan aýrylmaly däldir. Düzediş edaralary maksada laýyk we obada bar bolan ähli düzediş, terbiýeçilik, ahlak, ruhy we beýleki mümkinçilikleri we kömek görnüşleri ulanmalydyr we kämillik ýaşyna ýetmedikleriň hususy isleglerini we meselelerini hasaba alyp ulanmaga çalyşmalydyr.

82. Düzediş edaralaryň kadaly dolandyrmasy işgärleriniň wyždanlylygyna, ynsanperwerligine, kämillik ýaşyna ýetmedikler bilen işlemek ukyplylygyna, hünär endiklerine, şeýle hem şu işe hususy ýaramlylygyna garaşly bolandygyna görä, ýolbaşçylyk ähli derejeli we kärli işgärleriň dykgatly seçip almasyny we hakyna tutmasyny üpjün etmelidir.

83. Ýokarda görkezilen maksatlara ýetmek üçin laýyk gelýän erkekleri we aýallary işe çekmek we olary onda saklamak üçin degişli zähmet hak bilen hünärli işgärler hökmünde olary işe kabul etmelidir. Kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin düzediş edaralaryň işgärlerini, olaryň özlerini alyp barşy kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin nusga bolmak we olary gelejege oňaýly ýola salmak üçin öz borçlaryny ynsanperwerlikli, akýürekli we netijeli ýerine ýetirmeklige hemişe höweslendirmek gerek.

84. Ýolbaşçylyk kämillik ýaşyna ýetmediklere gözegçilik etmek boýunça dürli gulluklaryň arasynda, şeýle hem kämillik ýaşyna ýetmedikler bilen gös-göni gatnaşykda bolan işgärler öz borçlaryny netijeli ýerine ýetirmeklige oňaýly täsir edýän şertlerde işlemek mümkinçiligi bolan işgärleriň we ýolbaşçylygyň arasynda hyzmatdaşlygy üpjün etmek maksady bilen her düzediş edarasynda işgärleriň dürli toparlarynyň arasyndaky gatnaşygy ýeňilleşdirýän guramaçylyk we dolandyryş görnüşlerini ýola goýmalydyr.

85. Işgärler, hususan-da, çaga psihologiýasy babatynda taýýarlygy, çaganyň doly üpjünçiligi we adam hukuklary hem-de çaga hukuklary babatynda halkara kadalary, şol sanda şu Düzgünler bilen tanyşmaklygy goşanda, öz borçlaryny has netijeli ýerine ýetirmäge ýardam berjek taýýarlygy geçmelidir. Işgärler işi goýmasyz tertipde öz bilimlerini we hünär endiklerini, bütin hünär işiniň dowamynda wagtyň her zerur döwri geçenden soň gurnalmaly hünär taýýarlyk okuwlaryna gatnamak arkaly saklamalydyr we kämilleşdirmelidir.

86. Düzediş edaranyň direktorynyň dolandyryş ukyplarynyň, degişli taýýarlygynyň we tejribesiniň nukdaý nazaryndan oňa ýüklenen wezipä laýyk gelýän hünäri bolmalydyr, we doly iş gününiň dowamynda öz borçlaryny ýerine ýetirmelidir.

87. Öz borçlaryny ýerine ýetirende düzediş edralaryň işgärleri ähli kämillik ýaşyna ýetmedikleriň adam mertebesine we esasy hykyklaryna indiki usullar bilen hormat goýmalydyrlar we olary goramalydyrlar:

a) düzediş edarasynyň hiç bir işgäri hiç bir sebäp boýunça we hiç hili ýagdaýlarda haýsydyr gynamalary ýa-da islendik rehimsiz, adamkärçiliksiz ýa-da mertebäni kemsidýän garaýşy ýa-da jezany ulanyp, öjükdirip ýa-da rugsat berip bilmez;

b) ähli işgärler korrupsiýanyň islendik hereketleri barada derrew ygtyýarly häkimiýetlere habar berip, olara garşy hyjuwlylyk bilen çykyş etmelidirler hem-de olar bilen göreşmelidirler;

c) ähli işgärler şu Düzgünleri berjaý etmelidirler. Şu Düzgünleriň düýpli bozulmasy bolandygy ýa-da boljakdygy barada pikir etmäge esaslary bar bolan işgärler bu barada ýokardaky edaralara ýa-da kemçiliklere seretmäge we olary düzetmäge ygtyýarlandyrylan edaralara habar bermelidirler;

d) ähli işgärler, fiziki, jynsy hyýanatçylyklardan hem-de ulanyşlardan we adam psihikasyny masgaralamadan goramagy goşanda, kämillik ýaşyna ýetmedikleriň fiziki we ruhy saglygynyň doly goragyny üpjün etmelidirler, we, talap edilýän halatlarda, lukmançylyk gözegçiligini üpjün etmek üçin bada-bat çärelerini görmelidirler;

e) ähli işgärler kämillik ýaşyna ýetmedigiň hususy durmuşa bolan hukugyna hormat goýmalydyrlar we, hususan-da, öz hünär wezipelerini ýerine ýetirende kämillik ýaşyna ýetmediklere ýa-da olaryň maşgalalaryna degişlilikde alnan ähli maglumatlaryň ýaşyryn häsiýetini saklamalydyrlar;

f) ähli işgärler, adamlar ýaly kämillik ýaşyna ýetmedikleriň mertebesine ýeterlik hormat goýulmagyna täsir edip biljek düzediş edarasynyň içerki durmuşynyň we onuň daşyndaky durmuşynyň arasyndaky tapawutlyklary iň pes derejä ýetirmäge çalyşmalydyrlar.